**A. Ýazberdiýew**

# TÜRKMENISTANYŇ KITAPHANAÇYLYK IŞINIŇ TARYHY

**(VII asyrdan 1917-nji ýyla çenli döwür)**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2018

UOK 378:53
Ý 38

**Ýazberdiýew A.**
**Ý 38** **Türkmenistanyň kitaphanaçylyk işiniň taryhy** (VII asyrdan 1917-nji ýyla çenli döwür). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

Okuw kitaby Beýik Seljuklar döwletiniň we onuň dowamaty hökmünde XI asyryň ahyrynda Demirgazyk Türkmenistanda ýüze çykan Anuşteginler imperiýasynyň dowam eden döwürlerinde, şeýle-de XVI–XIX asyrlardaky Orta Aziýa hanlyklary döwründäki taryhy wakalar, ylym ojaklary, kitaphanalar barada ilkinji çeşmeleriň maglumatlaryny häzirki zaman alymlarynyň teswirleýşiniň esasynda giňişleýin ýazylan ders sapaklaryny öz içine alýar. Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyplary üçin taýýarlanylan okuw kitabyndan Diýarymyzyň beýleki ýokary we ýörite orta okuw mekdepleriniň jemgyýetçilik kafedralarynyň mugallymlary we talyplary hem-de giň okyjylar köpçüligi peýdalanyp bilerler.

TDKP № 252, 2018 KBK 22.3 ýa 73

© A. Ýazberdiýew, 2018.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TURKMENISTANYN
# DOWLET SENASY

Janym gurban sana, erkana yurdum,
Mert pederlen ruhy bardyr konulde.
Bitarap, garaşsyz topragyn nurdur,
Baydagyn belentdir dunyan onunde.

*Gaýtalama:*
Halkyn guran Baky beyik binasy,
Berkarar dowletim, jigerim-janym.
Başlaryn taji sen, diller senasy,
Dunya dursun, sen dur, Turkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal ahyr birdir bizin ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller doş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyn guran Baky beyik binasy,
Berkarar dowletim, jigerim-janym.
Başlaryn taji sen, diller senasy,
Dunya dursun, sen dur, Turkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşyny ösdürmek boýunça hut özüniň parasatlylyk bilen girizen täzelikleri, öňegidişlikleri hem-de bu ugurda amala aşyrýan düýpli we tutumly işleriniň netijesinde biziň eýýamymyza Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri diýip adalatly at berdi. Hormatly Prezidentimiz aýratyn hem, döwletimizde ylmy, bilimi dünýä derejesinde ösdürmekligi, halkymyzyň gadymy we orta asyrlar döwürleriniň medeni mirasyny dikeltmegi giňişleýin we çuňňur öwrenmegi, wagyz etmegi döwlet derejesindäki möhüm ähmiýetli derwaýys wezipe edip goýdy, bu ugurda saldamly çärelere badalga berdi. Şonuň ýaly-da, Hormatly Prezidentimiz orta asyrlar döwründäki ylym ojaklarymyzyň taryhyny hem giňişleýin öwrenmekligi wajyp meseleleriň biri hasap edýär. Bu meselede gadymdan gelýän ylmy ýörelgäniň dowamaty hökmünde Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda we welaýat merkezleriniň ählisinde gurlup ulanylmaga berlen we häzirki zaman enjamlary bilen doly üpjün edilen döwrebap kitaphanalar iş ýüzünde amala aşyrylan anyk we möhüm çärelerdir. Ol binalar häzirki döwürde Orta Aziýa sebitinde ulanylmaga berlen iň uly kitaphanalardyr. Olar medeni we ylmy çäreleriň yzygiderli geçirilýän ojaklaryna öwrüldi. Milletiň Lideriniň tagallasy bilen bitirilýän bu ajaýyp işler ylmyň we medeniýetiň diňe mermer paýtagtymyz Aşgabatda däl, eýsem welaýat merkezlerinde hem giň gerim bilen ösmegine mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda 70 ýyla golaý wagt bäri ýörite orta we ýokary hünärli kitaphana işgärleri taýýarlanylyp gelinýär.

Kitaphanaçylyk işiniň taryhy, ýurduň ylmy, medeni we magaryfçylyk işleri bilen berk baglanyşykly bolmak bilen, ol, şol bir wagtyň özünde, milletiň taryhynyň hem aýrylmaz bölegidir. Köp asyrlyk taryhymyzy giňişleýin öwrenmezden kitaphanaçylyk işiniň aýry-aýry döwürlerde ösüp ýokary derejä ýetişini, ylmy esasda beýan etmek mümkin däl.

Gündogar halklarynyň taryhy öwrenilende gadymy we irki orta asyrlar eýýamlaryny olaryň «medeni durmuşynyň ajaýyp döwri» ýa-da «beýik

geçmişi» diýip atlandyrýan alymlar az däl. Bu bahalar ulaltmalar däldir. Orta asyrlar döwri barada aýdylanda bolsa, bu ýerde, esasan, metjitler we medreseler hem olaryň gapdalyndaky kitaphanalar göz öňünde tutulypdyr. X asyrdan başlap, olar diňe bir musulman ýurtlarynda ylmyň we medeniýetiň ösmegine ägirt uly itergi bermän, eýsem bu wajyp iş boýunça halkara derejesinde özleriniň möhüm täsirini ýetiripdirler.

«Orta asyrlar döwrüniň medreseleri, şübhesiz, Ýewropanyň ýokary okuw mekdeplerine täsir edipdirler. Häzirki zaman Ýewropa ýurtlarynyň uniwersitetlerinden medreselere has golaýy Angliýanyň kollejleridir. Ýöne, musulman okuw mekdebiniň we onuň ýewropa ylmyna eden täsiri baradaky mesele henize çenli öwrenilmändir» diýip, W. W. Bartold mundan ylaýyk bir asyr öň belläpdir. Şol geçen döwürden bäri bu meseläni öwrenmek boýunça heniz hem ujyply iş edilmändir.

Medrese sözi «okuw okadylýan ýer» diýmek bolup, ol darasa – – «öwrenmek» işliginden gelip çykypdyr. Medrese atly okuw mekdebiniň ilkinji ýüze çykan ýeri Orta Aziýanyň günorta-gündogarydygyny bellemek örän möhümdir. Ol bu ýerde buddizm dininiň wihara atly ybadathanasynyň täsiri astynda peýda bolupdyr. Nerşahiniň (X asyr) «Buharanyň taryhy» atly eserinde ilkinji medrese ýatlanyp geçilýär. Ol 937-nji ýylda Buharada bolan uly ýangynda zyýan çeken Faradjek atly adamyň medresesi bolupdyr. Bu sebitde medreseleriň sany X asyryň ahyrynda we XI asyryň başynda köpelipdir. Ynamdar awtorlar Abu Nasr Muhammet al Utbiniň (961–1022 ý.) we Abul Fazl Beýhakiniň (996–1077 ý.) berýän anyk maglumatlaryna laýyklykda XI asyryň 20-nji ýyllarynda Gaznewi döwletiniň diňe Hutalýan welaýatynda (häzirki Täçigistanyň çäklerinde) 20 sany medrese işläpdir. Soňky onýyllyklaryň dowamynda olaryň sany artypdyr.

Soltan Mahmyt Gaznalynyň permanyna laýyklykda döwlet tarapyndan gurlan ilkinji medrese 1018-nji ýyla degişlidir. Ol ony Gazna şäherinde bina etdiripdir. Al Utbiniň berýän maglumatyna görä, bu medresäniň binasy ýerden petige çenli öň ýaşap geçen ymamlaryň (meşhur alymlaryň) eserleri bilen doldurylypdyr. Bu eserleri ol Yragyň welaýatlarynyň kitaphanalarynyň hazynahanalaryndan olja hökmünde alyp, öz paýtagtyna getiripdir. Soltan Mahmydyň dogany Horasanyň dikmesi yslam dininiň hanafy mezhebiniň janköýeri, Nasr ibn Sebuktegin Nişapurda öz medresesini gurdurypdyr. Ol döwrüniň ajaýyp okuw mekdepleriniň biri bolupdyr.

Medreseleri we olaryň ýanlarynda kitaphanalary gurmak däbi Beýik Seljuklar zamanynda has hem rowaç alypdyr. Seljuk soltanlarynyň hut özleri bu işde görelde görkezipdirler. Medreseleriň we kitaphanalaryň giň ulgamy Seljuk imperiýasynyň uly şäherleriniň ählisinde işläpdir. Seljuklar döwrün-

de medrese atly okuw mekdebi Ýakyn Gündogar ýurtlaryna we Demirgazyk Afrika çenli ýaýradylypdyr. Beýik Seljuk döwletiniň dowamaty hökmünde XI asyryň ahyrynda Demirgazyk Türkmenistanda ýüze çykan we mongol çozuşlaryna çenli bir ýarym asyra golaý wagt dowam eden dünýä derejesindäki ikinji türkmen imperiýasy Beýik Anuşteginleriň döwletinde hem bu medeni ojaklar giň gerim alypdyr. Ýokary derejede bilim berýän orta asyrlar döwrüniň medreselerinden dünýä belli beýik alymlar orta çykypdyrlar. Olar medreseleriň gapdalyndaky kitaphanalarda saklanýan baý hazynalardan peýdalanyp, özleriniň ölmez-ýitmez eserlerini döredip, soňky nesillere miras goýup gidipdirler.

Medreseler we kitaphanalar, olary esaslandyryjylar barada talyplara maglumat bermek möhümdir, çünki olardan görelde alar we öwrener ýaly zatlar kändir. Ýurdumyzyň orta asyrlar döwürleriniň kitaphanaçylary daşary ýurtlaryň alymlarynyň ünsüni özlerine çeker ýaly derejede öz kitaphanalarynyň gaznalaryny musulman dünýäsinde ýazylan eserler bilen baýlaşdyryşlary, olary gözüň göreji ýaly aýawly saklap, okyjylar köpçüligine hyzmat edişleri giňişleýin öwrenilmäge mynasypdyr.

Häzirki döwürde Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda we welaýat merkezlerindäki döwlet we welaýat kitaphanalarynyň gaznalary baýlaşdyrylýar we giň okyjylar köpçüligine döwrebap hyzmat edilýär, retrospektiw elektron kataloglary döredilýär.

Türkmen döwlet medeniýet institutynyň Kitaphanaçylyk fakultetiniň talyplaryna hem giň okyjylar köpçüligine niýetlenilen bu okuw kitabynda, Türkmenistanyň çägindäki orta asyrlar döwründäki dünýäniň ylym adamlarynyň ünsüni özüne çeken ajaýyp kitaphanalary we olary esaslandyryjylar baradaky şol döwrüň ilkinji çeşmelerine esaslanyp ýazylan maglumatlar berilýär.

# I BAP. MERWIN ORTA ASYRLAR DOWRUNIN KITAPHANALARY

## I. MERWIŇ TARYHY, YLMY WE MEDENI DURMUŞY BARADA GYSGAÇA MAGLUMAT

### 1.1. Merwiň yslamdan öňki döwürlerdäki medeni durmuşy

Orta asyrlar döwründe Merwde dünýäniň iň ajaýyp kitaphanalarynyň döremeginiň sebäbine düşünmek üçin, bu şäheriň Orta Aziýanyň we tutuş musulman dünýäsiniň taryhynda, ylmy we medeni durmuşynda oýnan möhüm ähmiýetiniň üstünde gysgaça durup geçeliň.

Merw Mouru, Margu, Marguş, Margiana, Aleksandriýa, Selewkiýa, Antiohiýa, Merw, Mary ýaly atlar bilen antik we orta asyr döwürleriniň çeşmelerinde duş gelýär. Bu atlaryň ilkinji üçüsi, bu şäheriň gadymy atlary bolup, onuň Margiana ady gadymy Marguşyň grekçeleşdirilen görnüşidir. Bu at oňa b. e. ö. IV asyrda Orta Aziýany Aleksandr Makedonskiniň baştutanlygynda grek-makedon goşunlary basyp alanlaryndan soň dakylypdyr. Merwiň Margianadan soňky üç ady Makedoniýa we Selewkiýa döwletleriniň hökümdarlarynyň atlary bilen baglylykda dakylypdyr. Ýöne, hökmürowan wagt bu mesele boýunça özüniň çözgüdini çykarypdyr. Oňa laýyklykda, bu şäheriň gadymy atlarynyň ählisi diýen ýaly taryhyň sahypalarynda galypdyr, onuň diňe Merw we Mary atlary biziň günlerimize çenli dowam edip gelýär. Merw Orta Aziýanyň çäklerinde ýerleşýän şäherleriň iň gadymylarynyň biridir, onuň bilen adybir ýurduň ady

ýazuw çeşmelerinde has irki eýýamlardan bäri gabat gelýär. Awestada Merw Mouru atly ýurt hökmünde ýatlanylýar. Bu mukaddes kitabyň «Widewdat» («Döwlere garşy kanun») atly 19-njy kitabynyň 1-nji babynda dünýä döräp, Ýeriň ýüzünde adamzat nesli ýüze çykandan soň, hudaý Ahura Mazdanyň döreden onalty sany ýurdunyň atlary sanalyp geçilýär. Olaryň üçünjisi Mourudyr, ýagny Merwdir.

Awestadan soň, Merwiň ady tutulýan ikinji iň gadymy çeşme Ahemeni döwletiniň irki patyşalarynyň biri Dariý I (b. e. ö. 521–486 ý.) b. e. ö. 521-nji ýylda döwlet başyna geçen badyna öz döwletinden ýüz öwren we garaşsyzlygyny yglan eden satrapiýalaryň, ýagny welaýat häkimleriniň üstünden gazanan ýeňişlerini mahabatlandyrmak üçin gadymy pars, elam, akkad (wawilon) dillerindäki ýazgysydyr. Ol Günbatar Eýranyň (häzirki Kermenşah şäheriniň 35 *km* golaýynda) Bisütün dagynyň 111 *m* beýiklikdäki uçut gaýasynyň ýüzüne şinehatyň (klinopisiň) harplary bilen oýulyp ýazylypdyr. «Dünýäniň epigrafik ýadygärlikleriniň patyşasy» adyna mynasyp bolan bu beýik ýadygärlik b. e. ö. 521–518-nji ýyllarda bina edilipdir. Onda Merwiň ady Marguş görnüşinde getirilýär.

Antik döwrüniň awtorlary Diodor, Strabon, Pliniý, Kwint Kurtsiý, irki hristian awtorlary öz eserlerinde Merw barada dürli maglumatlar beripdirler.

Merwiň taryhy medeni durmuşy orta asyr musulman awtorlarynyň işlerinde anyk beýan edilipdir. Olarda şäheriň örän gadymy döwürde döredilendigi bellenip geçilýär. Hususan-da, Merwiň iň gadymy içki galasy – Gäwürgalany, Ahemeniler eýýamyndan has irki döwürlerde Eýranyň we Orta Aziýanyň gadymy halklarynyň Keýumersden we Huşengden soňky üçünji mifiki patyşasy Tahmurasyň, şäheriň soňky köne bölegini Isgender Zülkarneýiniň (Aleksandr Makedonskiniň) bina etdirendigi nygtalýar. Köne Merw Selewkiler eýýamyna çenli Isgender Margianasy diýip atlandyrylyp gelipdir. Selewki hökümdarlary Margianada öz häkimiýetlerini berkitmek üçin düýpli çäreleri amala aşyrypdyrlar. Olardan Antioh I Soter (b. e. ö. 280–261 ý.) Murgap düzlüginiň mes toprakly bol hasylly ýerlerini daşarky duşmanlaryň çozuşlaryndan goramak üçin Margiananyň daş töweregine ägirt uly diwar aýladypdyr. Ol Orta Aziýada gurlan şeýle desgalaryň ilkinjisi we iň ulusy bolupdyr. Strabonyň

berýän maglumatlaryna görä, onuň uzynlygy 1500 stadiýadan, ýagny 250 *km*-den geçipdir. Diwar orta asyrlar döwründe «ar Reý» diýip atlandyrylypdyr. Onuň üstki sudurlary X asyryň birinji ýarymynda, belli arap alymy we geografy Abu Ishak al Faris al Istahry (850–934 ý.) Merwe gelen döwründe mese-mälim bildirip duran eken.

Antioh I Isgender Margianasyny öz atasynyň hatyrasyna Selewkiýa Margianasy, soň bolsa öz adyny mahabatlandyrmak üçin Antiohiýa diýip atlandyrypdyr. W. W. Bartold Antioh I-niň geçiren dikeldiş işlerini göz öňünde tutup, «Selewkileriň döreden Merw şäherine soňky döwürlerde ajaýyp durmuş garaşýardy» diýip belläpdir. Şonuň bilen birlikde, ol nemes gündogarşynasy J. M. Hartmanyň (1764–1827 ý.) «Gündogar welaýatlary, has dogrusy, künçleri Merw, Samarkant, Hyrat, Balh Orta Aziýasynyň günbatar bölegine ähli babatlarda özüniň teşneligi gandyryjy hem janlandyryjy täsirini ýetiripdir. Şonuň üçin ýaş yslam ilkinji günlerinden başlap, bu demirgazyk--gündogara özüniň iň gowy güýçleri üçin minnetdar bolmalydyr» diýen sözlerine hem salgylanypdyr. Nemes kärdeşiniň bu sözlerini teswirlemek bilen, W. W. Bartold ýene-de: «Hatda gündogaryň hristian halklarynyň iň öňdebaryjysy bolan siriýalylar hem Faraby, Ibn Sina, Biruni we Ibn Ruşd bilen deňeşdirer ýaly ýekeje-de alymy orta çykaryp bilmändir» diýip belläpdir. Elbetde, gündogarda şeýle alymlaryň ýüze çykmagynda Merwde orta asyrlar eýýamynda Orta Aziýanyň we Eýranyň, hatda musulman dünýäsiniň ylmy we medeni durmuşlary üçin möhüm bolan ajaýyp kitaphanalaryň ähmiýeti örän uly bolupdyr.

Eýranyň we Orta Aziýanyň çäklerinde musulman eýýamyndan öň ýüze çykan, soň beýik imperiýalara öwrülen Ahemeni, Parfiýa we Sasany döwletleriniň durmuşynda hem Merwiň tutýan orny ähmiýetli bolupdyr. Oňa bu döwletleriň demirgazyk-gündogarynda ýerleşen möhüm harby we medeni ojagy, sarsmaz galasy hökmünde seredipdirler. Onuň şeýledigini bolup geçen taryhy wakalar tassyklaýar. Olardan diňe iki sanysyna salgylanyp göreliň. B. e. ö. 331-nji ýylda Ýewfrat deryasynyň gündogarynda ýerleşen Gawgamel obasynda bolan aýgytly söweşde Aleksandr Makedonskiniň goşunyndan gutarnykly ýeňlen iň soňky Ahemeni patyşasy Dariý III Kodoman (b. e. ö. 336–330 ý.) Margiana we Baktriýa tarap duşmandan gaçypdyr. Emma, ol Merwe ýetip bilmändir. Ýolda Ekbatanyň eteginde

ony, Ahemeni döwletini duşmandan ýeňlişe sezewar edenligi üçin, Baktriýanyň satrapy Bessiň ýolbaşçylygynda beýleki satraplar dil düwşüp, öldüripdirler.

Bu wakadan dokuz asyra golaý wagt geçenden soň, Sasany döwletiniň iň soňky patyşasy Ýezdigert III (632–651 ý.) 642-nji ýylda Hemedan şäheriniň günortasynda ýerleşen Nehawend obasynda bolan şöweşde araplardan gutarnykly ýeňilenden soň, Horasana gaçypdyr. Dariý III-den tapawutlylykda, Ýezdigert III Merwe gelip ýetipdir. Ýöne, Merwiň hökümdary Mahuýe şäheriň derwezesini ýapypdyr. Ýalňyz we goragsyz galan hökümdar Murgap derýasynyň kenaryndaky bir kilwanyň harazhanasyna barypdyr. Kilwan Ýezdigerdiň gyzyl kümüşler bilen jäheklenen gymmat bahaly geýim-gejimine gözi gidip, ony uklap ýatan mahaly öldürip, ähli zatlaryny alypdyr we jesedini derýa oklapdyr. Bu iki beýik döwletleriň hökümdarlarynyň özlerine Horasandan, hususan da, Merwden gaçybatalga gözlemekleri ýöne ýerden bolmandyr.

Türkmenistanyň yslamdan öňki döwürlerdäki edebi we medeni durmuşyna gysgaça ser salyp, biz çeşmelerde sasany eýýamyna çenli bu ýurtda kitaphanalaryň bolandygy baradaky anyk maglumatlara duş gelmeýäris. Antik döwrüniň grek we rim awtorlarynyň, orta asyrlar eýýamynyň hristian, zoroastrizm we musulman dinlerine uýýan ýazyjylaryň eserlerinde Ahemeni (b. e. ö. 550–330 ý.), Parfiýa (b. e. ö. 247 – b. e. s. 224 ý.) we Sasany (224–651 ý.) döwletleriniň paýtagt şäherlerinde ýerleşen «Genji-hazynalary» barada berilýän maglumatlary sözüň doly manysynda kitaphanalar diýip hasap edip bolmasa gerek. Olaryň döwletiň dürli gymmatlyklarynyň saklanýan ýerleri bolmagy ähtimaldyr. «Uly ahemeni Awestasy», «Arşaky Awestasy» ýa-da parfiýan döwrüniň ikinji ýarymynda din bilen baglylykda döredilen azsanly eserleriň saklanan ýerleri zaratustraçylyk dininiň ybadathanalary bolan bolmaklary hakykata has golaýdyr. Zaratuştraçylyk dininiň edebi mirasyny öwrenmek boýunça dünýä meşhur alym M. Boýs (1930–2006 ý.) özüniň bu dine bagyşlap ýazan köpsanly we düýpli ylmy işlerinde diňe sasany döwrüniň soňky ýyllaryndaky medeni we edebi durmuşy bilen baglylykda, ilkinji gezek «kitaphana» we «kitaphanalar» sözlerini ulanypdyr. Hususan da, ol Awestanyň Hosrow I Anuşirwanyň (531–579 ý.) döwründe göçüri-

len golýazmalaryň saklanýan ýerleri bilen baglylykda bu sözleri ulanypdyr. Yslamdan öňki döwürdäki bu medeni ojaklar, sözüň doly manysynda, ýurduň içinde jemgyýetçilik ähmiýetli kitaphanalaryň ýüze çykmagyna esas bolup bilmändirler. Mongollaryň hökümdarlyk eden döwürlerinde «Uly Awestany» saklap galmak üçin onuň tekstini ýeke gezek hem göçürmändirler.

## 1.2. Merwiň yslam döwründäki medeni durmuşy

Araplar Orta Aziýany basyp almak boýunça alyp baran hereketlerini 651-nji ýylda Merw şäherinden başlapdyrlar. Araplaryň serkerdebaşylary bu şäheri özlerine paýtagt edinip, ýuwaş ýuwaşdan Türküstanyň gündogar jümmüşlerine aralaşypdyrlar we bu sebite yslam dinini ýaýradypdyrlar. 813–817-nji ýyllarda Merw ägirt uly Abbasy halyfatynyň paýtagty bolupdyr. Şol döwürde al Mamun ibn ar Reşit bu şäherde oturyp, halyflyk wezipesini ýerine ýetiripdir. Ol ylmyň-bilimiň beýik penakäri diýen hormatly ada eýe bolupdyr. Ýöne, Merwde gysga wagtlaýyn hökümdarlyk edenligi hem-de omeýilerden abbasylar neberesine tagtyň ýönekeý bolmadyk şertlerde geçen döwründe bu şäherde kitaphanany esaslandyryp ýetişmändir. Al Mamun 817-nji ýylda halyfatyň paýtagtyny Merwden Bagdada geçirip, IX asyryň 20-nji ýyllarynyň birinji ýarymynda ýa-da ortasynda Bagdatda özüniň «Daralylm» (akademiýa) atly kitaphanasyny esaslandyrypdyr. Türkmen we Orta Aziýanyň meşhur alymlary onuň esasy gurnaýjylary bolupdyrlar. Olaryň arasynda «matematikanyň atasy» Muhammet ibn Musa al -Horezmi, meşhur astranomlar we matematikler Abu Bekr ibn Mälik al Fergany, Halyt ibn Abdylmälik al Merwerudy, Habaş al Hasyp al -Merwezi we beýlekiler bolupdyrlar. «Megerem olary al Mamun heniz Merwde hökümdarlyk eden döwründe özüne ýakynlaşdyran bolsa gerek. Şonuň üçin hem, bu alymlar halyf bilen bilelikde Bagdada gidipdirler. Ýöne, bu diňe bir ýagdaýda, haçan-da, olar alym hökmünde ýetişip, al Mamunyň Bagdatdan öňki döwürdäki durmuşynda, ýagny

heniz öz watany Orta Aziýada ýaşan döwründe özlerini tanadan ýagdaýynda bolup biljek zatlardyr» diýip P. G. Bulgakow we B. A. Wahabowa adalatly belläpdirler.

Merw Beýik Seljuklar eýýamynda ägirt uly imperiýanyň paýtagtlarynyň biri bolupdyr we onuň ylmy we medeni merkezine öwrülipdir. Taryh oňa şol döwürde Orta Aziýanyň, Eýranyň we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň syýasy we medeni durmuşynda musulman dünýäsiniň beýleki şäherleriniň hiç biriniň ýerine ýetirip bilmedik möhüm wezipelerini bagyş edipdir. Şol döwürden başlap, Merwiň abraýy musulman dünýäsinde artyp ugrapdyr. IX asyryň belli arap geografy al Fakih Merw şäherini «Medinat Horasan», ýagny Horasanyň medeni paýtagty diýip atlandyrypdyr. Şol döwrüň beýleki meşhur alymlary Merw hakynda ýazanlarynda, adatça, onuň adyna «Şajan» – şanyň halaýan ýeri, «Şajahan» – jahanyň patyşasynyň oturýan ýeri, «dünýäniň diregi», «Yslamyň gümmezi» ýaly atlary goşupdyrlar. Bu atlar, megerem, al Mamunyň Merwde halyf bolup oturan döwründen (813–817 ý.) başlap dakylyp ugran bolsa gerek. Aşakda Merwiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary we olary esaslandyryjylar barada durup geçýäris.

Çeşmelerde Merwiň 12 sany kitaphanasy barada maglumatlar berlipdir. Kitaphanalary döredenler beýik Seljuk imperiýasynyň ýokary derejeli döwlet adamlary (wezirleri), şeýle-de alymlary we ruhanylary bolupdyrlar. Kitaphanalary öz döwrüniň ajaýyp ylmy ojaklary derejesine ýetiren ýagdaý bolsa, olaryň eýeleriniň ylma, bilime ýokary derejede sarpa goýan bilimdar hem-de kitapsöýer adamlar bolandyklaryndan gelip çykypdyr. Öz ylym ojaklarynyň gaznalaryny baýlaşdyrmak boýunça özara bäsleşip, bu taryhy şahsyýetler, olara gerek bolan hususy serişdelerini gysganmandyrlar. Üstesine-de, ylym ojaklaryny döreden adamlar, olary geljekki nesillere ýadygärlik goýmak ýaly parasatly pähimlerden ugur alypdyrlar. Munuň özi döwrüniň iň ajaýyp, nusga alarlyk däpleri bolupdyr. Ine, şeýle ýagdaýlar bilen Ýakudyň dünýäniň hiç ýerinde görmedik Merwiň ajaýyp kitaphanalary esaslandyrylypdyr.

# II. MERWIŇ ORTA ASYRLAR DÖWRÜNIŇ KITAPHANALARY

## 2.1. «Amidiýe» kitaphanasy

Ol Merwiň şeýle ady göterýän medresesinde ýerleşipdir. Bu medresäni we adybir kitaphanany kimiň esaslandyrandygy uzak wagtlap Türkmenistanyň we Orta Aziýanyň alymlaryna belli bolman gelipdir, çünki Ýakyt özüniň Merwiň kitaphanalary baradaky ýatlamasynda onuň diňe adyny agzap geçmek bilen çäklenipdir. Bu kitaphana bilen bagly meseleleri anyklamak örän möhüm bolupdyr, çünki ol beýik Seljuklar eýýamynda döredilen ilkinji kitaphanadyr. Uzak gözleglerden soň ony anyklamak başardypdyr. Meşhur owgan alymy, professor G. F. Nilap Rahiminiň dari dilinde ýazan «Owganystanda kitaphanaçylyk işiniň ösüş taryhy» (Кабул, 1361/1982. 358 s.) we tanymal pars alymy A. Ykbalyň «Beýik Seljuk soltanlarynyň nesilşalygynyň döredilen döwründen Soltan Sanjaryň ölümine çenli işlän wezirleri» (Tähran, 1338/1959 ý. 376 s.) atly monografiýalary bilen tanşylandan soň, bu kitaphana barada berilýän maglumatlaryň üsti açyldy. Hususan-da, G.F. Nilap Rahimi «Amidiýa» kitaphanasy barada şeýle diýip ýazypdyr: «Bu kitaphana 456/1063-nji ýylda öldürilen Abu Nasr Amid al Mülk Kundura degişlidir. Çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, ol Togrul begiň köşgündäki Seljuklaryň ilkinji weziridir... Attar Nişapury bu maglumaty «Myntyk at Taýr» (Guş dili) atly kitabynda getiripdir» (sah. 42 ý.). A. Ykbalyň al Kundurynyň (1024–1063 ý.) Togrul begiň 1056–1063-nji ýyllardaky bäşinji tanymal weziri bolandygy anyklanypdyr. Bu wezire ýewropaly alymlar ýokary baha beripdirler. Amid al Mülk Abu Nasr al Kundury (1024–1064 ý.) Merwde 1056--njy ýylda özüniň kitaphanasyny esaslandyrypdyr we bu weziriň ady boýunça ony «Amidiýe» diýip atlandyrypdyrlar.

Al Kundury 1024-nji ýylda Nişapuryň etegindäki Kundur obasynda doglupdyr. Başlangyç bilimi öz obasynda alypdyr. Soň ol Nişapuryň medresesinde şapygy mezhebi boýunça döwrüniň meşhur ymamy, Mua-ýid ibn al Hüseýin al Muaffak an Nişapurydan tälim alypdyr. Al Kundury yslam dininiň sünni mezhebiniň hanafy akymynyň janköýeri bolupdyr. Ol onsekiz-ýigrimi ýaşa ýeteninde, eýýäm ýokary derejeli döwlet wezipesini eýelemäge mynasyp taýýarlykly işgär hasaplanypdyr. Beýik soltan Togrul beg Nişapura baran saparlarynyň birinde,

özüniň ýakyn maslahatçysy we geňeşdary, al Muaffakdan döwletiň weziri edip bellemek üçin arap we pars dillerini suwara bilýän, bilimli hem sowatly adam tapyp bermegi haýyş edipdir. Ymam oňa al Kunduryny hödürläpdir.

Togrul beg dünýäden ötenden soň, al Kundury tagt hem wezirlik ugrundaky ýowuz bäsleşikleriň pidasy bolupdyr. Soltan Togrul begiň perzendi bolmandan soň, ömrüniň ahyrky günlerinde döwletiň mirasdüşer hökümdary edip ýegeni, Çagry begiň kiçi ogly Süleýmany bellemekligi wezirine tabşyrypdyr. Soltanyň şeýle netijä gelmegine belli derejede esas bolupdyr. Öňden gelýän türkmen däbine görä, Togrul beg 1059-njy ýylda agasy Çagry beg dünýäden ötenden soň, onuň dul galan aýalyna – Süleýmanyň ejesine öýlenipdir. Al Kundury, soltanyň wesýetine laýyklykda, Süleýmany döwletiň hökümdary diýip yglan edipdir we imperiýanyň ähli ýerlerinde onuň adyna hutba okalmagyny buýrupdyr. Adamlary Süleýmanyň tarapyna çekmek üçin Togrul begiň gaznasynyň ählisini esgerlere paýlapdyr. Soltanyň beýleki ýegeni Alp Arslanyň Horasanyň häkimi edip bellenilýändigi barada resminama ýaýradypdyr. Emma, mirasdüşer hökümdar barada kasam kabul etmäge gezek gelen mahaly, ýurduň emirleriniň pikirleri bölünipdir. Seljuklara özüni tanadyp ýetişen, Alp Arslanyň we Mälik şanyň geljekki weziri Nyzamalmülküň ýolbaşçylyk edýän we tagtyň mirasdüşeri hökmünde Süleýman Alp Arslany goldaýan güýçli ýokary gatlak topar bilen çaknyşypdyr. Alp Arslan Nyzamalmülküň kömegi bilen Süleýmany ýeňipdir. 1063-nji ýylyň sentýabr aýynda Reýde (Tähranda) Alp Arslan Seljuk döwletiniň Beýik soltany diýip yglan edilipdir. Al Kundury wakalaryň bu öwrülişiginden netije çykaryp, Süleýmany Alp Arslanyň mirasdüşeri diýip yglan edipdir. Emma, ol bu hereketi bilen özüni hem, Süleýmany hem ýowuz jezadan halas edip bilmändir. Şazada Süleýman şol bada öldürilipdir. Täze wezir edilip bellenen Nyzamalmülk al Kunduryny döwletiň garşysyna gozgalaň turuzar howpundan howatyrlanyp, soltan Alp Arslana ýamanlapdyr we tussag etdiripdir. Ol bir ýyl Merwerudyň türmesinde oturypdyr, soň jezalandyrylypdyr.

Al Kundurynyň medeni işler bilen ilkinji gezek 1056-njy ýylda, ýagny onuň Seljuk döwletiniň wezirligine bellenen pursatynda galtaşýarys. Şol ýyl ol Merwde özüniň medresesini gurdurypdyr we onuň ýanynda kitaphanany esaslandyrypdyr. Döwletiň paýtagtynda

döredilen bu ylmy ojak döwrüniň ajaýyp medeni wakasy bolupdyr. Al Kundurynyň bu başlangyjy ýurduň beýleki ýokary derejeli döwlet adamlaryna oňyn görelde bolupdyr. Emma, onuň wagtyndan has ir pajygaly ýagdaýda wepat bolmagy, öz medeni başlangyçlaryny imperiýanyň çäklerinde doly we giňişleýin berjaý etmäge mümkinçilik bermändir. Al Kundurynyň ornuna wezir bolup geçen Nyzamalmülk soňky döwürlerde Seljuk imperiýasynyň çäklerinde medreseleriň we kitaphanalaryň giň ulgamyny döredip, musulman dünýäsinde ylmyň we bilimiň howandary hökmünde uly şan şöhrat gazanan hem bolsa, şeýle binalary döretmek meýlini Amid al Mülk al Kundurydan, hususan da onuň «Amidiýe» medresesinden we kitaphanasyndan alypdyr. Nyzamalmülk sebäpli 40 ýaşyna-da ýetmän öldürilen, döwrüniň bilimli-sowatly döwlet işgäri Amid al Mülküň «Amidiýa» atly ajaýyp kitaphanasyny döredişinden täsirlenip, soň onuň özi Seljuk imperiýasynyň uly şäherleriniň ählisinde «Nyzamiýa» ady bilen medrese we kitaphana gurduryp şan şöhrat gazanypdyr.

Al Kundury döwletiň weziri bolup işleýärkä, özüniň Merwdäki medresesini we kitaphanasyny hakyky ylym ojagyna öwürmegiň aladasyny edipdir. Munuň subutnamasy hökmünde aşakdaky mysaly getirmek mümkin. 1059-njy ýylda Seljuk döwletiniň weziri derejesinde Bagdatda bolan mahaly, ol bu şäheriň ilaty bilen bilelikde, Buweýhi döwletiniň weziri Sabyr ibn Ardaşiriň (1025-nji ýylda ýogalypdyr) kitaphanasynda saklanýan eserleri onuň golaýynda tutaşan uly ýangyndan halas etmek maksady bilen şäher ilaty tarapyndan kitaplaryň alnyşyna gatnaşypdyr. Ondan alan kitaplaryny al Kundury özüniň Merwdäki «Amidiýe» kitaphanasyna tabşyrypdyr. Bu ylmy ojak döredilen gününden, tä Orta Aziýa mongollaryň çozuşlaryna çenli 164 ýylyň dowamynda dünýäniň dürli ýurtlarynyň alymlaryna, şeýle-de Seljuk döwletiniň okyjylar köpçüligine hyzmat edip gelipdir.

## 2.2. «Nyzamiýe» kitaphanasy

Bu kitaphanany ýokarda ady tutulan wezir Nyzamalmülk XI asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda döredipdir. Ol Merwde Seljuklar döwründe esaslandyrylan ilkinji kitaphanalaryň biri bolupdyr. Ol Nyzamalmülküň bu şäherde gurduran medresesinde ýerleşipdir. Ýa-

kut Hamawydan başga-da, bu medrese we onuň gapdalyndaky kitaphana barada as Samany, as Subki hem anyk maglumatlary beripdirler.

Nyzamalmülküň doly ady Abu Aly al Hasan ibn Aly ibn Yshak at Tusy bolupdyr. Ol ylmy edebiýatda, adatça, Nyzamalmülk («Döwletiň nyzam-düzgüni») atly lakamy bilen giňden bellidir. Nyzamalmülk 1018-nji ýylda Horasanyň Tus şäheriniň eteginde ýerleşen Rakan obasynda garyplaşan ýokary gatlak maşgalasynda dünýä inipdir. Şol döwürde maşgalasyny eklemekde maddy kynçylyklary çekip gelen hem bolsa, kakasy ogluna oňat bilim bermegi başarypdyr. Mekdebi tamamlanyndan soň, juwan Nyzam Nişapuryň medresesinde okap, yslam dininiň şapygy akymy boýunça ymam al Muwaffakdan tälim alypdyr, ylmyň dürli pudaklary bilen tanşypdyr, arap dilini suwara öwrenipdir, çuňňur dini düşünje alypdyr. Nyzamalmülk şapygy mezhebiniň penakäri bolupdyr. Onuň bu ugurda alan çuňňur bilimi soňky döwürlerde Seljuk imperiýasynyň çäklerinde gapdaly kitaphanaly medreseleriň giň ulgamyny döretmäge kömek edipdir.

Türkmenleriň ýönekeý adamlaryndan başlap, beýik soltanlaryna çenli Nyzamalmülküň ykbalynda aýgytlaýjy rol oýnapdyr. Ol ilki Çagry begiň Balh şäherindäki häkimi Abu Aly ibn Şazanyň (ýa-da Şadanyň) iş dolandyryjysy (kätibi) bolup işläpdir. Ibn Şazan dünýäden ötenden soň, Nyzamalmülk Merwe Çagry begiň ýanyna gidipdir, käbir maglumatlara görä, ol bu ýere gaçyp barypdyr. Ýolda onuň aty ýadawlygy sebäpli durup galypdyr. Şonda, ol şeýle diýipdir: «Eý, Taňrym, meni halas eder ýaly maňa bir at ber». Şeýle diýip ol biraz ýöräpdir we birdenem oňa daýaw atly türkmen duş gelipdir. Ol Nyzamalmülke şeýle diýip ýüzlenipdir: «Düş atyňdan». Ol düşüpdir. Türkmen onuň atyny alypdyr we oňa öz daýaw atyny beripdir. Soň türkmen oňa şeýle diýipdir: «Eý, Hasan, meni ýadyňdan çykarmagyn». Nyzamalmülk şeýle diýipdir: «Türkmeniň bu hereketinden meniň ruhum göterildi we onuň bagtyň başlangyjydygyna düşünip galdym».

Nyzamalmülk Merwe gelip, Çagry begiň ýanyna barypdyr. Ol ony gören badyna elinden tutup, öz ogly soltan Alp Arslanyň ýanyna eltipdir we onuň bilen tanyşdyrypdyr: «Muňa Hasan at Tusy diýýärler, ony öz ýanyňa al, ataň ýaly syla we onuň garşysyna gitme» diýip, Çagry beg ogluna tabşyrypdyr. Kakasynyň teklibine gulak

asyp, Alp Arslan tagta çykan badyna ony özüniň baş weziri edip belläpdir. Şeýlelikde, 1063-nji ýylda 47 ýaşly Nyzamalmülk ägirt uly, Beýik Seljuk imperiýasynyň soltandan soňky ikinji derejeli adamy bolupdyr. Soltan Alp Arslan şalyk süren ähli döwürlerinde kakasynyň wesýetine ygrarly bolup, ony ýokary derejede hormatlapdyr, hemişe oňa «ata» diýip ýüzlenipdir we döwleti dolandyrmakda uly erkinlikleri beripdir. Alp Arslanyň ogly soltan Mälik şa, öz gezeginde, onuň derejesini has hem artdyryp, Nyzamalmülke ýokardakylardan hem giň ygtyýarlyklary beripdir. Mälik şa özüniň hökümdarlygyna başlan ilkinji ýylynda (1072-nji ý.) her bir möhüm meseläni çözmeli bolanda oňa ýüzlenip: «Döwletiň kiçi we uly işleriniň ählisini men seniň ygtyýaryňa berýärin, sen biziň «atamyzsyň» diýipdir. Ol onuň öňki emläkleriniň üstüne täze ýerleri, şol sanda Nyzamalmülküň dünýä inen ýeri bolan Tus şäherini hem goşupdyr, oňa atabeg adyny beripdir. Parasatly hem beýik hökümdarlar bolup, öz orunbasary bolan Nyzamalmülki soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň hormatlaýşy ýaly mysala, megerem, dünýä halklarynyň taryhynda duş gelip bolmasa gerek. Şonuň bilen bir wagtda, bu weziriň erkini juda artykmaç ýokary götermegi onuň bilen hökümdaryň arasynda çaknyşyklara getiripdir. Ömrüniň ahyrky ýyllarynda Nyzamalmülküň häsiýetinde özbaşdaklyk, gedemlik peýda bolupdyr. Mälik şa bu hereketleri üçin wezirine häli-şindi duýduryş berip durmaly bolupdyr. Bu ýagdaý soltan bilen weziriň arasynyň bozulmagyna getiripdir. Nyzamalmülk Seljuk döwletiniň weziri bolup, 30 ýyl işläpdir we 1092-nji ýylda öz dini garşydaşlary ysmaýylar tarapyndan öldürilipdir.

Nyzamalmülk uzak wagtlap beýik imperiýanyň weziri bolmak bilen, eýelän ýokary derejeli wezipesiniň mümkinçiliklerinden, soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň doly ynamyndan we goldawyndan peýdalanyp, ylmy we medeniýeti ösdürmekde musulman dünýäsinde özünden öň we soň ýaşap geçen şeýle ýokary jogapkärli wezipede işlän adamlaryň berjaý edip bilmedik işlerini bitiripdir. Seljuk döwletiniň girdejisiniň on göterimi Nyzamalmülküň ygtyýarynda bolupdyr. Bu ägirt uly baýlygy ol özüniň garamagyndaky 20 000 sany saýlantgy esgerleri (gulamlary) saklamak, dürli haýyr-yhsan işleri geçirmek we imperiýanyň uly şäherleriniň ählisinde medreseleriň we kitaphanalaryň ulgamyny döretmek ýaly işlere sarp edipdir. Ol

musulman dünýäsinde amala aşyran magaryfçylyk işi bilen uly abraý gazanypdyr. Ol ylym ojaklary ähli ýerlerde onuň hormatyna «Nyzamiýa» diýip atlandyrylypdyr.

«Nyzamiýalaryň» döredilişi barada orta asyr döwrüniň çeşmelerinde möhüm we ygtybarly maglumatlar berlipdir. Olarda Nyzamalmülküň medreseleri we kitaphanalary gurduran şäherlerinden Bagdadyň, Nişapuryň (bu iki şäherde «Nyzamiýalaryň» iň meşhurlary ýerleşipdir), Balhyň, Hyradyň, Merwiň, Amulyň (Tabarystandaky), Yspyhanyň, Jezarat al Umaranyň, Basranyň we Mosulyň atlary tutulyp geçilýär. Şeýlelikde, bu weziriň medreseleriniň we kitaphanalarynyň sany 10-a ýetipdir. Bu medeni ojaklar musulman dünýäsiniň ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine uly goşant goşupdyr. «Nyzamiýalarda», meşhur alymlar işläp, olar medreselerde talyplara ders beripdirler, kitaphanalarda kitaphanaçynyň gulluk wezipesini ýerine ýetiripdirler, özleriniň ylmy işlerini şol wezipeleri bilen utgaşdyryp alyp barypdyrlar.

## 2.3. Şerep al Mülküň kitaphanasy

Bu kitaphanany Abu Seýit Muhammet ibn Mansur ibn Muhammet al Horezmi esaslandyrypdyr. Adatça, ol Şerep al Mülk (Patyşalygyň wyždany) ady bilen bellidir. Ol soltanlar Alp Arslanyň we Mälik şanyň iň ýakyn egindeşleriniň biri bolupdyr. Şerep al Mülk bu soltanlaryň hökümdarlyk eden döwürlerinde otuz ýyllap döwletiň mustaufisi (maliýe ministri derejesinde) wezipesini ýerine ýetiripdir. Orta asyrlar döwrüniň we häzirki döwrüň meşhur alymlary Şerep al Mülküň alyp baran işlerine ýokary baha beripdirler. Haçan-da, Mälik şa ölmezinden bir ýyl öň, ýagny 1091-nji ýylda Seljuk döwletini dolandyrmak boýunça öz pikiriňi beýan edip kitap ýazmak bäsleşigini yglan eden mahaly, oňa gatnaşan tanymal döwlet işgärleriniň arasynda Nyzamalmülkden soň ikinji ýerde Şerep al Mülküň ady tutulýar. Alp Arslanyň köşgünde şahyrlaryň emiri adyny alan Abd al Mälik Burhany Nişapury (1018–1072 ý.), Mälik şanyň we Soltan Sanjaryň döwürlerinde şeýle ýokary ada mynasyp bolan onuň ogly Abu Abdylla ibn Abd al Mälik Muizzi Şerep al Mülküň şanyna goşgular ýazypdyrlar.

Şerep al Mülküň terjimehaly barada çeşmelerde maglumatlar juda az duş gelýär. Bu tanymal şahsyýet demirgazyk Türkmenistanda doglupdyr, Gürgençde okap, ýokary bilim alypdyr we şol sebitde türkmenlerden gelip çykan meşhur adam bolupdyr. Çeşmelerde Şerep al Mülküň doglan ýyly görkezilmedik hem bolsa, onuň durmuş ýoly uzak ýaşan adam hökmünde beýan edilipdir. Mälik şa we onuň weziri Nyzamalmülk aýatda dirikäler, Şerep al Mülk olardan döwletiň maliýe wezirliginden boşatmagyny haýyş edipdir. Soltan onuň haýyşyny kanagatlandyrypdyr we oňa uzak ýyllaryň dowamyndaky arassa hem netijeli işleri üçin minnetdarlyk bildiripdir. Soň, ol galan ömrüni täjirçilik bilen meşgullanyp, 1100-nji ýylda Yspyhanda dünýäden ötüpdir.

Şerep al Mülk XI asyryň ikinji ýarymynyň başynda Merwde yslam dininiň sünni mezhebiniň hanafy akymyny tutýanlar üçin medrese gurduryp we onuň ýanynda kitaphanasyny esaslandyrypdyr. Ol Ýakut Hamawynyň ýatlap geçen Merwiň on sany meşhur kitaphanalarynyň biri bolup, onda gymmatly kitaplar saklanypdyr.

Şerep al Mülk Bagdatda-da özüniň medresesini we kitaphanasyny gurdurypdyr. Onuň Merwde gurduran ylym ojaklaryndan tapawutlylykda, Bagdatda bina etdiren medresesi we kitaphanasy barada çeşmelerde anyk maglumatlar berlipdir. Şerep al Mülküň halyfatyň paýtagtynda bu edaralary gurdurmagyna aşakdaky ýagdaý sebäp bolupdyr. 1067-nji ýylyň fewral aýynda soltan Alp Arslan özüniň gymmat bahaly sowgatlaryny we ýazan resminamasyny halyf al Kaime (1031–1075 ý.) gowşurmak üçin Şerep al Mülki Bagdada ilçi edip ýollapdyr. Bu ýere gelenden soň, ol Nyzamalmülküň bu şäherde şapygylar üçin gurduryp başlan «Nyzamiýa» medresesiniň we kitaphanasynyň binasyny görüpdir. Ondan täsirlenip, döwletiň iň gurply adamlarynyň biri bolan bu mustaufi Bagdatda hanafy mezhebini tutýanlar üçin şeýle kysymly edarany gurdurmagyň ugruna çykypdyr we olaryň gurluşygyna başladypdyr. Şerep al Mülk bu mezhebi tutýan adamlaryň biri bolupdyr. Ol hanafy mezhebini esaslandyryjy Abu Hanyfanyň (699–767 ý.) mazarynyň üstüne hem aramgäh gurdurypdyr. Palestinaly taryhçy al Jöwzi (1200-nji ýylda ýogalypdyr) şol döwrüň alym ruhanylaryna bagyşlap ýazan «Muntazam» atly eserinde bu barada şeýle maglumat beripdir:

«Hormatly ady Şerep al Mülk (Patyşalygyň wyždany) bolan Abu Seýit Mustaufi 1067-nji ýylda Bagdatda Abu Hanyfa ybadatha-

nasyny gurdurypdyr. Ady tutulan ymamyň mazarynyň üstüni gymmat bahaly daş mermerler bilen örtdüripdir, ybadathananyň ýokarsynda gümmez, golaýynda medrese bina etdiripdir. Onda hukukşynaslyk ylmyny öwrenýän talyplar ders berýän müderrisler (mugallymlar) ýaşaýarlar».

Al Bundary (XIII a.) bu ylym ojagy barada şeýle habar beripdir: «Şerep al Mülk Abu Seýit, wezir Nyzamalmülküň adamlarynyň eýýäm Bagdatda «Nyzamiýa» medresesini gurup başlandyklaryny görüp, ol hem hanafy mezhebini tutýanlar üçin medresäni we kitaphanany gurdurypdyr. Binalar Abu Hanyfanyň (goý, Alla oňa rehmet etsin!) mazarynyň golaýynda, Bagdadyň Bab al Tag mähellesinde ýerleşýär. Onuň bu eden işiniň öwezine Hudaý oňa zyýarat edilýän ýeri bagyş edipdir».

Şerep al Mülküň medresesi Nyzamalmülküň «Nyzamiýasynyň» gurluşygynyň ep-esli bölegi bitenden soň başlanan hem bolsa, ol ondan öň gutarylypdyr. Bu ýagdaýy göz öňünde tutup, häzirki zaman alymlarynyň käbiri Şerep al Mülküň gurduran medresesiniň Nyzamalmülküňkiden kiçiräk bolmagynyň mümkindigini çak edipdir. Beýlekiler tersine, ony möhümligi boýunça Bagdadyň «Nyzamiýasy» bilen deň derejedäki ylym ojagy hasaplaýarlar.

XI asyrda Bagdatda bolup geçen wakalaryň döwürdeşi hem-de onuň taryhyny ýazan Abu Aly ibn Bannanyň (1005–1079 ý.) berýän maglumatlaryna görä, Şerep al Mülküň bu ýerdäki medresesiniň ilkinji müderrisi Abu Tahyr Ylýas ibn Nasr ibn Ybraýym al Deýlemi bolupdyr. Ol 1069-njy ýylda dünýäden ötenden soň, öz okadan medresesinde jaýlapdyrlar. Aradan iki hepde geçenden soň, (1069-njy ýylyň 29-njy aprelinde) bu ybadathananyň medresesine Nureddin az Zeýnebi müderris bellenipdir we ol bu wezipede ömrüniň ahyryna (1118-nji ýylyň 3-nji iýunynda ýogalypdyr) çenli, 52 ýyl bäş aýyň dowamynda işläpdir. Nyzamalmülküň we Şerep al Mülküň gurduran medreseleri birmeňzeş okuw mekdebi bolsa-da, olaryň biri-birinden tapawutly taraplary hem bolupdyr. Abu Hanyfa ybadathana medresesinde aýatlaryň okalyşyna ýörite ymam gözegçilik edipdir. Şeýle-de, bu ybadathana medresesi diňe bir talyplaryň okadylýan ýeri bolman, eýsem hanafy mezhebiniň şol döwürde ýaşap geçen meşhur müderrisleriniň jaýlanýan mukaddes ýerine öwrülipdir.

Abu Hanyfa medresesiniň kitaphanasyna musulman dinini kabul eden hristian lukmany Abu Aly Ýahýa ibn Isa ibn Jazla al Tebip (1100-nji ýylda ýogalypdyr) özüniň hususy kitaphanasyny sowgat beripdir. Bu bolsa Şerep al Mülküň Bagdatdaky kitaphanasynyň hem edil Merwdäki kitaphanasy ýaly, öz döwrüniň ygtybarly ylym ojagy bolandygyna güwä geçýär, çünki öz hususy kitaphanasyny açmaklyga mümkinçiligi bolmadyk alymlar toplan kitaplaryny, ömürleriniň ahyrynda şeýle edaralara peşgeş beripdirler. Şerep al Mülküň Bagdatdaky kitaphanasynda işlän kitaphanaçylaryň biri Abd al Eziz ibn Aly ibn Abu Seýit al Horezmi barada çeşmelerde maglumatlar saklanyp galypdyr. Ol, bu medresede ýaşapdyr, 1172-nji ýyla çenli talyplara hadyslardan ders beripdir we kitaphananyň müdiri bolup işläpdir. Bu maglumata esaslanyp, medresäniň we onuň kitaphanasynyň bir asyrdan hem gowrak wagt işläp gelendiklerine göz ýetirýäris. Az Zeýnebiden soň, hem bu medresede köpsanly alym müderrisler işläpdir.

## 2.4. Täç al Mülküň kitaphanasy

Mälik şanyň gysga wagtlaýyn tugra we ýazuw ulgamy weziri Jemaleddin Täç al Mülk aş Şirazy (1046–1093 ý.) (käbir alymlar ony soltanyň maliýe weziri bolupdyr, diýip hem hasap edýärler) halyfatyň paýtagty Bagdatda özüniň medresesini we kitaphanasyny esaslandyrypdyr. Olar Merwde döredilmedik bolsalar da, Seljuk döwletiniň ylmy we medeni durmuşynyň taryhynda yz galdyran ylym ojaklarynyň biridir.

Täç al Mülküň terjimehaly barada çeşmelerde ýeterlik derejede maglumatlar berlipdir. Ol 1046-njy ýylda Eýranyň Pars welaýatynda doglupdyr. Onuň kakasy bu welaýatyň hökümdarlarynyň hyzmatynda wezirlik wezipesini ýerine ýetiripdir. Täç al Mülk onuň golunyň astynda kätiplik tejribelerini we edeplerini ele alypdyr. Täç al Mülk döwlet işlerinde Seljuk imperiýasynyň Baş weziri wezipesini eýelejek bolup dalaş edip gelipdir we bu meselede özüniň esasy bäsdeşi Nyzamalmülküň garşysyna göreşip, onuň barlyşyksyz duşmany bolupdyr. 1080-nji ýylda emirleriň bir topary birleşip, Nyzamalmülki zäherläp öldürjek bolanlarynda, Täç al Mülk onuň baş gurnaýjysy

bolupdyr. Emma, bu dildüwşik başa barmandyr. Nyzamalmülk ysmaýyllylar tarapyndan öldürlenden soň, Täç al Mülk bir ýyl baş wezir bolup işläpdir. Şehit bolan weziriň tarapdarlary (gulamlary) bu işde Täç al Mülküň eli bar hasap edip, 1093-nji ýylda ony 47 ýaşyndaka öldüripdirler.

Täç al Mülk hem, edil Nyzamalmülk ýaly, Bagdatda gurduran medresesine we kitaphanasyna «Täjiýe» diýip öz adyny dakypdyr. Bu wezir şapygy mezhebine uýupdyr, medresesini şäheriň Bab Abraz mähellesinde bina etdirip, bu mezhebi tutýan adamlar üçin niýetläpdir. Onuň Merwde gurulman, Bagdatda bina edilmegini Täç al Mülk bilen Nyzamalmülküň arasynda ýüze çykan bäsdeşligiň netijesi hasap etmek bolar.

«Täjiýe» medresesi we kitaphanasy 1087-nji ýylda gurlup başlanypdyr we 1089-njy ýylda tamamlanypdyr. Şeýlelikde, olaryň hem gurluşygy edil Nyzamalmülküň we Şerep al Mülküň Bagdatda gurduran ylmy ojaklary ýaly, iki ýyllap dowam edipdir. Täç al Mülküň medresesiniň we kitaphanasynyň dabaraly açylyşy 1089-njy ýylyň 3-nji aprelinde bolup geçipdir. Bu wezir hem, Nyzamalmülk ýaly, öz medresesi bilen bagly meseleleri özi çözüpdir we onuň ilkinji müderrisi (professory) wezipesine döwrüniň meşhur alymy Abu Bekr aş Şaşyny belläpdir. Ol medresäniň açylan güni ilkinji sapagyny okadypdyr. Aş Şaşy bu medresede 1089–1110-njy ýyllar aralygynda işläpdir. Ömrüniň ahyrky ýyllarynda (1111–1114 ý.) ol «Nyzamiýa» medresesinde müderrisligini dowam etdiripdir. Abu Bekr aş Şaşydan soň «Täjiýe» medresesinde onuň ogly, Abu Muhammet aş Şaşy müderris bolup işläpdir. 1134-nji ýylda ol dünýäden ötenden soň, ony Abu Ishak aş Şirazynyň aramgähinde öz kakasynyň ýanynda jaýlapdyrlar. Şeýle-de, «Tajiýe» medresesinde meşhur hudaýşynas Abu Hamyt al Gazalynyň (1058–1111 ý.) dogany Abul Futuh al Gazaly at Tusynyň (1126-njy ýylda ýogalypdyr) müderris bolup işländigi barada maglumatlar bar. Täç al Mülküň medresesi, Şerep al Mülküň «Abu Hanyfa» ybadathana medresesine kybapdaş okuw mekdebi bolupdyr. Soňky medresede hanafy mezhebine degişli tanymal müderrisler jaýlanyp gelnen bolsa, «Täjiýe» medresesinde şapygy mezhebine degişli meşhur müderrisler baky aram tapypdyrlar.

Soňky döwürlerde, bu medreseler adamlaryň zyýarat edýän mukaddes ýerlerine öwrülipdir.

«Täjiýe» medresesiniň kitaphanasynda gymmatly kitaplar saklanypdyr. Onuň hazynasy Täç al Mülküň satyn alan we döwrüniň tanymal adamlarynyň sowgat beren kitaplarynyň hasabyna baýlaşypdyr. «Täjiýe» medresesi açylan gününden başlap ilata hyzmat edip gelipdir. Onuň 1134-nji ýyldan soňky ykbaly barada hiç hili maglumat belli däl. Täç al Mülk hem Şerep al Mülk ýaly, haýyr-yhsan işlerini köp edýän adam bolupdyr. Ol Bagdatda Abu Ishak aş Şirazynyň aramgähini saldyrypdyr, onuň mazarynyň üstüni gymmat bahaly daşlar bilen örtdüripdir.

## 2.5. Mejd al Mülküň kitaphanasy

Merwiň bu meşhur kitaphanasyny Şemsetdin al Kumy esaslandyrypdyr. Ol onuň Merwde gurduran metjidinde ýerleşipdir. Bu ylym ojagynyň gurlan we işläp başlan ýyly barada çeşmelerde anyk maglumatlar berilmändir. Şeýle-de bolsa, Seljuk döwletiniň bu görnükli işgäriniň durmuşy bilen bagly maglumatlardan netije çykaryp, ol XI asyryň soňky onýyllygyndan giç bolmadyk döwürde esaslandyrypdyr diýmek mümkin. Bu kitaphana barada maglumat az bolsa-da, ony esaslandyran Mejd al Mülküň durmuş ýoly ýeterlik derejede bellidir.

Mejd al Mülk Eýranyň Günorta-Günbatarynda ýerleşen Kum şäheriniň eteginde Barawistan obasynda XI asyryň 60-njy ýyllarynda doglupdyr. Mejd al Mülk döwlet işine Alp Arslanyň hökümdarlyk eden döwründe başlapdyr. Şerep al Mülk al Horezmi öz arzasy boýunça 1092-nji ýylda ýurduň mustaufi wezipesinden boşadylandan soň, Mejd al Mülk onuň ornuna bellenipdir. Ol Mälik şanyň iň zehinli we tejribeli maslahatçylarynyň biri bolupdyr. Ilkinji çeşmelerde we häzirki zaman alymlarynyň işlerinde onuň öz döwrüniň biçak sowatly, ezber tejribeli, işini oňat bilýän mustaufi bolandygy, kanunlary goramak we berjaý etmek, diwanhananyň işini alyp barmak, hasabat işlerini ýöretmek boýunça taýsyz işgärdigi bellenipdir. Ýurduň tanymal adamlarynyň hatarynda Mejd al Mülk Mälik şanyň 1091-nji ýylda

yglan eden döwleti dolandyrmak barada kitap ýazmak bäsdeşligine gatnaşypdyr. Soňky döwürlerde, ol soltan Berkýarugyň gysga wagtlaýyn (1097–1098-nji ýyllarda) baş weziri bolupdyr.

Mejd al Mülk imperiýanyň baş weziri Nyzamalmülküň, soň onuň pitneçi hem hilegär ogly Muaýid al Mülk Ubeýdyllanyň döwleti dolandyrmak boýunça edýän hereketlerini oňlamaýanlaryň biri bolupdyr. Öz ýaranlary bilen bilelikde olaryň garşysyna göreşip gelipdir. Öz pikirdeşleri, soltan Berkýarugyň ejesi Zübeýda hatyn we beýlekiler bilen birleşip, 1094-nji ýylda wezir edilip bellenen Muaýid al Mülki wezipesinden boşatmak Mejd al Mülke başardypdyr. Şondan soň wezirligiň ähli işleri Mejd al Mülküň elinde bolupdyr. Netijede, Mejd al Mülk bilen Muaýid al Mülküň arasynda barlyşyksyz duşmançylyk emele gelipdir. Öz duşmanlary Mej al Mülkden we Zübeýda hatyndan öç almak islegi oňa (Muaýid al Mülke) hiç mahal ynjalyk bermändir we olary islendik ýol bilen ele salmak, ýok etmek niýetinde gezipdir. Şeýle maksat bilen Muaýid al Mülk dört--bäş ýyllap soltan Berkýarugyň dürli welaýatlardaky emirlerini onuň garşysyna söweşe çagyryp gezipdir. Ýöne, ep-esli wagt olary bu hatarly herekete yrmak oňa başartmandyr. Ahyrynda Genjäniň we Arranyň emiri Mälik şanyň üçünji aýaly Sapardan (Saparyýadan) bolan ogly Muhammedi Berkýarugyň garşysyna söweşe yrmak başardypdyr. Onuň sebäbi, beýleki emirlerden tapawutlylykda, şazada Muhammet Seljuk imperiýasynyň soltany bolmak arzuwynda ýaşapdyr. Şonuň üçin hem, ol Muaud al Mülküň hilegärlik toruna düşüpdir. Her sapar Muaud al Mülk tarapyndan öjükdirilen we hyjuwlandyrylan şazada Muhammet bäş gezek öz dogany Berkýarugyň garşysyna söweş edipdir, kä sapar ýeňilipdir, kä sapar azda-kände ýeňiş gazanypdyr. 1098-nji ýylda bolup geçen uruşda Muaud al Mülk maksadyna ýetipdir. Oňa Mejd al Mülki we Zübeýda hatyny ýesir almak başardypdyr. Ol Mejd al Mülki şol bada öldüripdir. Onuň yzýany bilen, töweregindäki adamlaryň garşylyk görkezmeklerine seretmezden, Muaud al -Mülküň buýrugy boýunça Berkýarugyň ejesi Zübeýda hatyny hem bogup öldüripdirler. Merwiň meşhur kitaphanalarynyň birini esaslandyran döwrüniň tanymal adamy hem Seljuk döwletiniň weziri Mejd al Mülküň ömür ýoly şeýle pajygaly ýagdaýda tamamlanypdyr.

## 2.6. «Eziziýe» kitaphanasy

Bu kitaphananyň ady ony esaslandyran Ezizetdin az Zynjany atly adamyň adyndan gelip çykypdyr. Ol, onuň Merwde gurduran Juma metjidinde ýerleşipdir. Ýokary derejeli döwlet işgäri bolan bu adamyň Soltan Sanjaryň ýakyn egindeşleriniň biridigini nazara alyp, onuň kitaphanasynyň XII asyryň birinji ýarymynda döredilendigini bellemek mümkin. Bu senäni käbir beýleki kitaphanaşynaslar hem tassyklapdyrlar. Ýakudyň belleýşine görä az Zynjanynyň kitaphanasynda 12000 jilt kitap saklanypdyr.

Az Zynjanynyň doglan ýeri, ýyly, dünýäden öten wagty belli däl. Onuň kitaphanasy we özi barada biziň bilýän maglumatlarymyz Ýakudyň aşakdaky sözlerinden ybaratdyr: «Az Zynjany Soltan Sanjaryň köşgüni şerabyň üýtgeşik görnüşleri bilen üpjün edýän adam bolupdyr. Durmuş ýoluna başlan döwründe, ol Merwiň bazarynda iriýmiş we ýakymly ysly otlary satmak bilen meşgullanypdyr. Soň şeraphananyň başlygy wezipesinde işläp, soltanyň hormatyna mynasyp bolupdyr».

Ýokarda, biz Seljuk döwletiniň wezirleriniň Merwde döreden bäş sany kitaphanasy barada gysgaça söhbet etdik. Olaryň hatarynda, bu şäherde şol döwrüň meşhur alymlary tarapyndan döredilen iki sany kitaphana hem işläpdir. Ilkinji nobatda, as Samany ady bilen belli, meşhur alymlaryň maşgalasyna degişli kitaphanalar barada maglumatlar bar. Bular barada söhbet edenimizde, bir ýagdaýy belläp geçmeli bolýarys. Ol hem, orta asyrlar döwrüniň musulman ýurtlarynyň kitaphanalarynyň taryhynda bir şäherde, bir döwürde, bir maşgala degişli iki sany meşhur kitaphananyň işlän ýagdaýlaryna seýrek duş gelýäris ýa-da düýbünden duş gelmeýäris. Onuň ýeke-täk mysalyny diňe Merwiň medeni durmuşynda görýäris. Bu iki kitaphana as Samanylaryň maşgalasyna degişli bolup, gynansak-da, olar barada biziň maglumatlarymyz ujypsyzdyr.

## 2.7. Şihabeddin as Samanynyň kitaphanasy

Owgan alymy G. F. Nilab Rahimi Merwde as Samanylaryň adyny göterýän iki sany kitaphananyň atlaryny agzap, olaryň birinjisiniň bu

şäheriň «akyldar we sahawatly adamlarynyň» biri bolan Şihabeddin as Samanynyň öz hanakasynyň golaýynda esaslandyrandygyny we onda saklanýan kitaplardan köp alymlaryň we sopularyň peýdalanyp gelendiklerini belläpdir. Şihabeddiniň ýaşan döwri barada-da häzirlikçe anyk maglumat ýok.

## 2.8. Ymam Abu Bekr as Samanynyň kitaphanasy

G. F. Nilab Rahiminiň bu kitaphana we onuň esaslandyryjysy barada berýän maglumatlaryna görä, Ymam Moinetdin Abu Bekr as Samany Samanylaryň maşgalasynyň iň görnükli we meşhur alymlarynyň biri bolupdyr. Wezir Nyzamalmülk oňa beýleki alymlardan has ýokary derejede üns beripdir. Bu maglumata esaslanyp, Moinetdiniň kitaphanasynyň XI asyryň ortasyndan giç bolmadyk döwürde döredilendigini bellemek mümkin. Onda yslam dininiň döreýşi we ösüşi bilen bagly gymmatly kitaplar saklanypdyr. Şonuň üçin, ony «Täç ulislam» («Yslamyň Täçi») kitaphanasy diýip hem atlandyrypdyrlar. Soňky döwürlerde, bu kitaphana bu maşgaladan gelip çykan meşhur alym Abu Seýit as Samanynyň (1113–1167 ý.) emlägi bolupdyr. Ol onuň gaznasyny ylmyň dürli pudaklaryna degişli kitaplar bilen baýlaşdyrypdyr.

Abu Seýit «Kitab al ansab» («Nebere atlarynyň kitaby») atly biziň döwrümize çenli gelip ýeten ajaýyp eseriň awtorydyr. Onda, ol öz maşgalasynyň gelip çykyşy we onuň agzalary baradaky maglumatlary babasynyň atasynyň döwründen başlap getiripdir. Bu maşgala IX asyrdan giç bolmadyk döwürde Merwde mekan tutan araplardan gelip çykypdyr. Onuň agzalarynyň ählisi diýen ýaly alym adamlar bolupdyr. Abu Seýidiň babasynyň atasy Merwiň kazysy, Gurhany meşhur teswirleýji we hadyslary oňat bilýän adam bolup, bu ugurdan köpsanly şägirtleri terbiýeläp ýetişdiripdir. Abu Seýidiň kakasy hem alym bolupdyr diýip çak edýärler, ýöne onuň ýazan eseri bize gelip ýetmändir.

Abu Seýit gurply maşgalada ösüp kemala gelipdir. Şonuň üçin heniz ýaşajykka kakasy dünýäden öten hem bolsa, oňat bilim alypdyr.

Ony kakasynyň dosty, soň bolsa daýylary terbiýeläpdir. Ol heniz medresede okap ýörkä, bilimini artdyrmak üçin daýylary bilen ilkinji gezek syýahata gidipdir. 1135-nji ýyldan başlap, 22 ýaşly Abu Seýit ylmyň gözlegine çykyp, musulman dünýäsiniň medeni merkezlerine aýlanypdyr. Ol Orta we Ýakyn Gündogaryň ýurtlarynyň köp şäherlerinde bolupdyr. Nişapuryň we Yspyhanyň medreselerinde kitaphanalarynda bir ýyl işläninden soň, Bagdada gelip, bu şäherde sekiz ýyl (1136–1143 ý.) ýaşapdyr. Halyfatyň paýtagtynyň ajaýyp ylmy ojaklary onuň alym hökmünde kämilleşmeginde aýgytly rol oýnapdyr. Bagdatda ýaşan döwründe Abu Seýit bu sebitiň beýleki şäherlerine hem gidip, olarda ýaşaýan meşhur ruhany-alymlardan hadyslary diňläpdir. Şeýle-de, ol Siriýanyň, Mesepotamiýanyň, Yragyň ylym we medeni merkezleriniň ählisinde diýen ýaly bolupdyr. Hatda, ol şol döwürde musulmanlaryň duşmany haç göterijileriň tabynlygynda bolan Iýerusalime-de barypdyr. 1143-nji ýylda Merwe dolanyp gelenden soň, otuz ýaşly Abu Seýit öýlenipdir we bu şäheriň al Ahmediýe atly medresesinde talyplary okadyp başlapdyr.

Ömrüniň ikinji ýarymynda ol Orta Aziýanyň hem Horasanyň çäklerindäki şäherlere syýahat edipdir: 1154-nji ýylda Gürgençde, 1155-nji ýylda Nesefde, 1156-njy ýylda ikinji gezek Yspyhanda, şeýle-de Astrabatda, Buharada, Samarkantda, Termezde bolupdyr we bu şäherleriň medreselerinde hudaýşynaslyk dersleri boýunça tanymal şeýhleriň berýän sapaklaryna gatnaşypdyr, kitaphanalarynda saklanýan eserler bilen tanşypdyr. Syýahat eden ýerlerinde gymmatly kitaplary toplamak bilen meşgullanypdyr we olary öz kitaphanasyna tabşyrypdyr. Astrabatda bolan döwründe eden işleri barada as Samany şeýle ýazypdyr: «Men bu şäherde on gün ýaşadym, onuň ýaşaýjylarynyň käbirlerinden hadyslary ýazyp aldym, al Idrisi ady bilen belli, Abu Seýit Abdyrahman ibn Muhammet al Astrabadynyň Astrabadyň taryhyna bagyşlap ýazan eserini tutuşlygyna göçürdim». Abu Seýit 1167-nji ýylda Merwde ýogalypdyr we jaýlanypdyr.

Abu Seýit il arasynda uly abraýdan peýdalanan ymam bolupdyr we öz döwrüniň taryhy wakalaryna hem gatnaşypdyr. 1153-nji ýylda oguzlar bilen Merwiň we onuň eteklerindäki ilatyň arasynda ýüze çykan pajygaly wakalarda, ol garşydaş toparlaryň arasynda araçy bolupdyr we olary ýaraşdyrypdyr.

Abu Seýit kyrkdan gowrak eseriň awtorydyr. Olaryň ählisini arap dilinde ýazypdyr. Alymyň kitaplarynyň köpüsi biziň döwrümize çenli gelip ýetmändir. Bu ýagdaýyň sebäbini onuň eserleriniň diňe Türkmenistanyň we Orta Aziýanyň çäklerine ýaýrap ýetişendigi, olaryň hem mongollaryň çozuşlary döwründe ýok edilendigi bilen düşündirýärler. Şeýle-de bolsa, onuň edebi mirasy ep-esli derejede bellidir. Onuň bütinleý ýitirilen eserlerinden 15 jiltden ybarat Bagdadyň taryhyny, 20 jiltden ybarat Merwiň taryhyny, geografik sözlügini, yslam dinini berkitmekde we ýaýratmakda uly goşant goşan ruhany--alymlaryň (şeýhleriň) sözlügini, hadyslary oňat bilýän alymlaryň terjimehallarynyň ýygyndysyny agzamak bolar. «Kitab al ansab» atly eserinde, ol, şol döwürde araplara belli bolan dünýäniň ähli bölekleri barada dürli maglumatlary beripdir. Merw welaýatynyň geografik atlaryny ýazyp beýan etmek boýunça bolsa, bu eser, olar baradaky taryhy bellikler bilen bilelikde, juda gymmatlydyr. Ýerleriniň we şäherleriniň atlary, olaryň aralyklarynyň kesgitlenişi, söwda-satyk işleri, ilat arasynda ýaýran eserler we beýlekiler barada bu eserde baý we doly maglumatlar habar berlipdir. «Kitab al ansabda» atlary tutulan tanymal adamlaryň lakamlarynyň, köplenç halatlarda, şäherleriň we obalaryň atlaryndan gelip çykýanlygy sebäpli, bu eser orta asyrlar döwrüniň geografiýasyny öwrenmek üçin hem ilkinji çeşmeleriň biridir. Ýakut al Hamawy «Mujam al buldan» (Ýerleriň we ýurtlaryň sözlügi) atly ajaýyp eserini ýazanynda ondan peýdalanypdyr we oňa ýan kitap bolup hyzmat edipdir. Şonuň bilen bir wagtda, Abu Seýidiň bu eseri orta asyrlar döwrüniň taryhyna we edebiýatyna (esasan dini meseleler bilen bagly) degişli möhüm maglumatlary hem öz içine alypdyr.

## 2.9. «Kemaliýe» kitaphanasy

Bu kitaphana Merwiň juma metjitleriniň birinde ýerleşipdir. «Men onuň bu adynyň nireden gelip çykandygyny bilmeýärin» diýip, Ýakut Hamawy belläpdir. Edil şonuň ýaly-da, orta asyrlar döwrüniň beýleki çeşmelerinde-de, bu kitaphana barada maglumatlar berilmändir. Şonuň üçin, bu ylym ojagyny esaslandyran adamyň ady, onuň

ýüze çykan döwri barada anyk bir zat aýtmak kyn. Owgan alymy, professor G. F. Nilab Rahimi bu kitaphanada gymmatly kitaplaryň saklanandygyny belläpdir. Ýöne ol öz maglumatynyň ilkinji çeşmesini görkezmändir. Her halda «Kemaliýe» kitaphanasynyň Seljuk döwletiniň dowam eden döwrüniň ikinji ýarymynda tanymal adamlaryň biriniň tagallasy bilen döredilendigi şübhesizdir.

## 2.10. Hatuniýe kitaphanasy

Bu kitaphanany «Hanumiýe» diýip hem atlandyrypdyrlar. XI asyryň ahyrynda ýa-da XII asyryň başynda döredilen bu ylym ojagy Merwiň adybir medresesinde ýerleşipdir. Bu medrese we kitaphana, atlaryndan hem mälim bolşuna görä, ýörite zenanlar üçin niýetlenipdir. G. F. Nilab Rahimi ar Rawendiniň berýän maglumatlaryna salgylanyp, şeýle belläpdir: «Bu kitaphana ylymsöýer seljuk hanymlarynyň biriniň tagallasy bilen esaslandyrylypdyr». Şeýle diýmek bilen, ol Mälik şanyň aýaly we Mahmydyň ejesi Türkan hatynyň, Mahmydyň aýal dogany Memelek hatynyň, Soltan Sanjaryň aýaly Türkan hatynyň atlaryny agzap geçipdir. Bu maglumatlar türkmen şa zenanlarynyň, Orta asyrlar döwründe ylymdan bilimden gyrada durmandyklaryna şaýatlyk edýär.

## 2.11. Dumaýriýe kitaphanasy

Bu kitaphana Merwiň adybir hanakasynda ýerleşipdir. Oňa näme üçin şeýle at berlendigi we kim tarapyndan esaslandyrylandygy belli däl. Ýakut al Hamawy bu kitaphanadan peýdalanmaklygyň ýeňilliklerini aýratyn belläp geçipdir. «Bu kitaphanadan kitaplary öz ýaşaýan ýeriňe aňsatlyk bilen alyp bolýardy. Hiç hili girew goýmazdan, men 200 we ondan hem köpräk jiltleri öz öýüme alyp bilýärdim, olaryň bahasy 200 dinardan az däldi» diýip, bu alym soň ýatlapdyr.

## 2.12. Zamiriýe kitaphanasy

Bu kitaphana barada-da Ýakut al Hamawy hiç hili maglumat bermändir. Onuň hem kim tarapyndan we haçan esaslandyrylandygy belli däl. Ýokarda sanalyp geçilen kitaphanalar ýaly, onuň XII asyryň birinji ýarymynda seljuklar eýýamynyň tanymal adamlarynyň biri tarapyndan döredilen bolmagy ähtimaldyr. G. F. Nilab Rahiminiň belleýşine görä, bu kitaphana ony esaslandyryjynyň adybir hanakasynda ýerleşipdir. Ondaky kitaplaryň köpüsi sopuçylyga we dini mistika degişli bolupdyr. Olardan sopular we beýleki alymlar peýdalanypdyrlar.

## 2.13. Abu Aly Hasan ibn Aly Kattan al Merweziniň kitaphanasy

Bu kitaphanany öz döwrüniň meşhur alymlarynyň we lukmanlarynyň biri bolan Abu Aly Hasan al Merwezi esaslandyrypdyr. Kitaphana onuň Merwde gurduran medresesinde ýerleşipdir we onda gymmatly kitaplar saklanypdyr. G. H. Nilab Rahiminiň berýän maglumatyna görä, Abu Aly Hasan 1086-njy ýylda Merwde doglupdyr, bu şäherde okap, ýokary bilim alypdyr. Onuň ýazan eserleri belli däl. Ol 1153-nji ýylda Merwde oguzlaryň turzan gozgalaňy döwründe şehit bolupdyr.

1141-nji ýylyň güýzünde Anuşteginler imperiýasynyň soltany Atsyz (1127–1156 ý.) Merwi eýelän mahaly bu kitaphanadaky kitaplary we bu şäheriň alymlarynyň bir toparyny Gürgenje (Köneürgenje) alyp gidipdir.

## 2.14. Mähdi Yrak hatynyň kitaphanasy

Bu kitaphanany Mälik şanyň gyzy, Soltan Sanjaryň aýal dogany Göwher hatyn esaslandyrypdyr. Bu ylym ojagy barada Abul Fazl Beýhaky (XI asyr), al Hüseýni (XII asyr) ýaly meşhur alymlar ýatlap geçipdirler. Husus an da, Abul Hasan Beýhaky (edebi çeşmelerde ol Ibn Funduk ady bilen hem bellidir), öz obadaşy, taryhçy, tanymal

alym Abul Fazl Beýhaky barada söhbet edip, şeýle ýazypdyr: «Ol, «Kitab zinat al kuttab» («Hatdatlaryň şan şöhratyna bagyşlanan kitap») atly eseriň awtorydyr. Bu sungat barada şunuň ýaly eser başga ýokdur. Onda Sebukteginden soltan Ybraýymyň hökümdarlyk edip başlan döwrüne çenli bolan aralykdaky taryhy wakalar beýan edilýär. Awtor Gaznewi soltanlarynyň taryhyny yzygiderli beýan edipdir. Megerem, bu eseriň göwrümi 30 jiltden hem köp bolan bolsa gerek. Men olaryň... bir jildini Mähdi Yragyň kitaphanasynda gördüm».

XI asyryň ikinji ýarymynda Gündogar Owganystanda we Demirgazyk Hindistanda Gaznewileriň imperiýasy ýaşamagyny dowam edipdir. Gaznewi soltany Ybraýym (1059–1099 ý.) we Seljuk soltany Mälik şa (1072–1092 ý.) deň derejede özara gepleşikleri alyp barypdyrlar. Hökümdarlyk ediji bu iki maşgala aragatnaşyklaryny özara nikalaşmak ýoly bilen berkidipdirler. Soltan Ybraýymyň ogly soltan Ala ad-Din Mesgut III (1099–1116 ý.) ilki bilen Alp Arslanyň gyzyna, soň Mälik şanyň gyzy Göwher hatyna öýlenipdir. S. G. Agajanow Göwher hatyny (Mähdi al Yragy) Alp Arslanyň gyzy, Soltan Sanjaryň aýal dogany diýip nädogry belläpdir, çünki Sanjar Alp Arslanyň däl-de, Mälik şanyň ogludyr.

Al Hüseýni näme üçin Göwher hatyna Mähdi Yrak lakamynyň dakylandygyny düşündirip şeýle ýazypdyr: «Şol günler (1074-nji ýylyň aprel–maý aýlary göz öňünde tutulýar – A. Ý.) gaznewileriň soltany Ybraýymyň ilçileri sowgatlary we hödür-keremleri bilen soltan Mälik şanyň gyzy üçin sawçy bolup Balha gelendiklerini mälim etdiler. Soltan olaryň haýyşyny kanagatlandyrdy we Mehdi al Yrak lakamly gyzy Göwher hatyny soltan Mesgut ibn Ybraýyma berdi. Oňa şeýle lakam, soltanyň ony Reýden Gazna ýollanlygy üçin berildi». Gaznada Göwher hatynyň adynyň Mehdi Yrak diýlip tutulmagyny alymlar «Yrakly, ýagny Günbatar Eýranly keýwany» diýen manyny aňladýar diýip düşündirýärler.

G. F. Nilab Rahimi, S. Nefisi Horasanyň kitaphanalarynyň hatarynda Mehdi Yrak hatynyň kitaphanasy barada maglumatlary beripdirler. S. Nefisi döwrüniň ajaýyp ylym ojagyny döreden bu şa zenanynyň ykbaly barada aşakdaky maglumatlary getiripdir. Mehdi Yrak hatynyň adamsy Mesgut III juda adalatlylyk bilen ýurdy dolandyryp, ähli babatlarda onuň içinde tertip-düzgüni ýola goýup,

onsekiz ýyllap (1099–1116 ý.) hökümdarlyk edipdir. Seljuk hökümdarlary bilen gowy gatnaşykda bolupdyr. Oňa atasynyň ady boýunça Mesgut Kerim (Sahawatly Kerim) hem diýipdirler. Ol dünýäden ötensoň, Mesgut III-niň beýleki aýalyndan bolan Mälik Arslan atly ogly onuň ýerine tagta geçipdir we öweý enesi Mehdi Yrak hatyna kemsidiji göz bilen garap ugrapdyr. Ýagdaý şeýle bolansoň, Soltan Sanjar gaznewi soltany Ybraýym bilen Mälik şanyň arasynda baglaşylan şertnamany bozmaly bolupdyr. Ol goşun çekip, Gazna ýöriş edipdir. Soltanyň goşunyndan gutarnykly ýeňilen Mälik Arslan Hindistana gaçyp gidipdir. Ol iki ýyl hökümdarlyk edip, bu ýerde bela-beterlere uçrapdyr we 1116-njy ýylda wepat bolupdyr.

Ýokarda getirilen maglumatlar esasynda şazada zenan Göwher hatyn XII asyryň başynda öz medresesini we kitaphanasyny esaslandyrypdyr diýip tassyklamak mümkin. Ol şeýle-de Beýik Seljuklar zamanynda, döwrüniň ajaýyp ylym ojaklaryny döretmek diňe bir döwletiň wezir-wekilleriniň, alymlarynyň, tanymal ruhanylarynyň paýy bolman, eýsem Seljuklar öýüniň zenanlarynyň hem bu möhüm işden daşda durmandyklaryna şaýatlyk edýän anyk delildir.

Merwiň beýleki şäherlerinde hem ajaýyp kitaphanalar işläpdir. Olaryň käbirleri barada aşakda durup geçýäris.

# III. SARAHSYŇ ORTA ASYRLAR DÖWRÜNDÄKI KITAPHANALARY

## 3.1. Sarahsyň kitaphanalary

Sarahs orta asyrlar döwründe möhüm medeni we ylym ojagy bolupdyr. Şol döwürde onuň ululygy takmynan Merwiň ýarysyna barabar eken. Sarahsyň kitaphanasy barada biziň ilkinji we ygtybarly çeşmämiz Abu l Hasan al Beýhakynyň «Taryhe Beýhak» atly eseridir. Onda awtor Abu l Fazl al Beýhakynyň ýokarda ady tutulan eseriniň birnäçe jildini Sarahsyň kitaphanasynda, beýlekilerini dürli adamlaryň ellerinde görendigini, emma dolulygyna bu esere hiç ýerde duş gelmändigini belläpdir. G. F. Nilab Rahimi, öz gezeginde, Abu l Hasanyň sözlerini teswirläp, Sarahsyň Beýik Seljuklar eýýamynda möhüm ylmy we medeni merkez bolandygyny we onuň kitapha-

nasynda gymmatly kitaplaryň saklanandygyny nygtapdyr. Olardan döwrüniň tanymal döredijilik işgärleri giňden peýdalanypdyrlar. Meşhur şahyr Abul Mejid Senaýy (1080–1141 ý.) şeýle adamlaryň biri bolupdyr. Ol çärýek asyra golaý wagt bu şäherde ýaşapdyr. Senaýynyň döredijiligi üçin Sarahs juda amatly bolupdyr we ol bu ýerde özüniň iň oňat kasydalaryny ýazypdyr. Şeýle-de, Senaýy bu şäherde ýaşan döwründe özüniň «Saýr al ibad ilalmaad» («Hudaýyň bendeleriniň ahyret ýerine syýahaty») atly poemasyny ýazypdyr we ony Horasanyň baş kazysy Abu Muhammet ibn Mansura bagyşlapdyr.

## 3.2. Muhammet ibn Mansur as Serahsynyň kitaphanasy

Horasanyň baş kazysy (kazy al kuzat) Muhammet ibn Mansuryň gurduran medresesi we kitaphanasy baradaky maglumatlary şahyr Senaýynyň goşgularyndan tapýarys. Ol, bu ylym ojagyna ýokary baha beripdir we ony öz kasydalarynda wasp edipdir. G. F. Nilab Rahimi ol kasydalardan mysallary getiripdir.

## 3.3. Abu Seýit Abul Hayr Mäneliniň kitaphanasy

Şeýh Ahmet ibn Muhammet Abu Seýit Fazlulla ibn Abul Haýr Mäneli (967–1049 ý.) Meşhur türkmen alymlarynyň we sopularynyň biri bolup, ol Mänede (häzirki Kaka etrabynda) doglupdyr we bu ýerde ýaşap dünýäden ötüpdir. Ol türkmenleriň arasynda Mäne baba ady bilen giňden bellidir. Ol Merwiň, Sarahsyň, Amulyň (Tabarystandaky) we Nişapuryň medreselerinde okap, döwrüniň meşhur alymlaryndan tälim alypdyr. Mäne baba dünýä derejesinde ägirt uly abraýdan peýdalanypdyr. Seljuklaryň öňbaşçylary Çagry beg we Togrul beg Gaznewiler bilen uruşmazynyň öň ýanynda Mäne babadan pata alypdyr. Abu Aly ibn Sina onuň ýanyna ýörite görme-görşe gelipdir. Seljuklaryň weziri Nyzamalmülk we 1295-nji ýylda musulman dinini kabul eden hulaguileriň patyşasy Gazan han (1295–1304 ý.)

onuň aramgähine zyýarat edipdirler, ony abadanlaşdyrmak boýunça çäreleri görüpdirler.

Çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, Mäne baba şol döwürde gülläp ösüp oturan Mäne şäheriniň gyrak çetinde özüniň hanakasyny gurdurypdyr. Onuň hüjresiniň golaýynda bina edilen hanakasy elmydama şeýhiň tarapdarlaryndan we müritlerinden (şägirtlerinden) doly bolupdyr. Keramatly şeýhiň ýaşaýan ýerine, Horasanyň ähli künjeklerinden derwüşler ýygnanypdyrlar we ondan tälim alypdyrlar. Mäne babanyň kitaphanasy onuň hanakasynda ýerleşipdir. Onuň gaznasy şeýhiň hormatyna sowgat berilýän kitaplaryň hasabyna yzygiderli baýlaşypdyr. Bu kitaphanada saklanýan eserlerden Mäne babanyň okuwçylary we alymlar peýdalanypdyr, özlerine gerek bolan maglumatlary toplapdyrlar.

## Musulman döwletleriniň
## VII–XIX asyrlardaky metjitleri we medreseleri

*Kairiň «al Aşhar» metjidiniň daşky we içki görnüşi*







*Ahmet Tulunyň metjidi*



*Soltan Hasanyň metjidi we medresesi*

***Bagdadyň metjidiniň daşky we içki görnüşi***







*Al Mustansiriň medresesi*



*Halyf Mütewekkiliň Samaradaky metjidiniň minarasy*



*Omeýýalaryň metjidiniň öň tarapy*



*Omeýýalaryň metjidiniň içki howlusy*

## Daşkendiň medreseleri



*Çögeldaş medresesi*



*Ýunus hanyň medresesi*

## Samarkandyň medreseleri



*Ulugbegiň medresesi*



*Tylla Kary medresesi*

### *Gur Emiriň aramgähiniň daşky we içki görnüşi*







*Kalýan metjidi we minarasy*



*Mir Arap medresesi*

## Hywanyň ýadygärlikleri







**Yslam hoja minarasy**



***Suwhanguly hanyň medresesi***



***Gök metjit***

4. Sargyt № 2413.



*Tabarystabyň Amal şäheriniň medresesi*

*Halypa al Mamun ibn ar Reşidiň*
*köşgüniň galyndylary*





*Muhammet ibn Zeýdiň metjidi*



*Daňdanakan metjidiniň*
*mihrabynyň bir bölegi*



*Soltan Sanjaryň aramgähi*



*Talhatan babanyň metjidi*



*Muhammet ibn Zeýdiň metjidi*



*Tekeşiň aramgähi*



*Törebeg hanymyň aramgähi*

*Nejmeddin Kubranyň aramgähiniň daşky görnüş*





*Pirýarweliniň aramgähi*



*Kazwiniň orta asyr ylmy merkeziniň jaýy*



*Kazwiniň Juma metjidi*



*Töwriziň Juma metjidi*



*Hemedanyň Juma metjidi*

## Merwiň we Gürgenjiň orta asyr kitaphanalarynda saklanan kitaplaryň daşgapaklary
































5. Sargyt № 2413.

# II BAP. GURGENJIN ORTA ASYRLAR DOWRUNIN KITAPHANALARY

## I. GÜRGENJIŇ TARYHY, YLMY WE MEDENI DURMUŞY BARADA GYSGAÇA MAGLUMAT

### 1.1. Gürgenjiň yslamdan öňki döwürdäki medeni durmuşy

Gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan keramatly Horezm ýurdy we onuň paýtagty Gürgenjiň adyny agzanyňda, beýik hökümdarlaryň we serkerdebaşylaryň, meşhur alymlaryň, filosoflaryň, şahyrlaryň, yslam dinini goňşy halklaryň arasynda ýaýratmakda uly hyzmatlary bitiren birgiden ymamlaryň hatary biygtyýar hakydaňa gelýär. Olaryň saklanyp galan aramgähleri, mawzoleýleri zyýarat edilýän ýere öwrülipdir. Häzirki döwürde tutuş Orta Aziýadan we daşary ýurtlardan adamlar, öz watandaşlarymyz bu şähere yzygiderli zyýarata gelýärler.

Häzirki döwrüň ylmy işlerinde gadymy Horezmiň paýtagtyny iki hili atlandyrýarlar: Ürgenç we Gürgenç. Olaryň birinjisi gözbaşyny hytaý çeşmelerinden alyp gaýdýar. B. e. ö. II asyra degişli Ýuegýan şäheri barada berilýän maglumatlaryň Ürgenç şäheri baradadygy ylmy nukdaýnazardan tassyklanypdyr. Beýleki alymlaryň pikirine görä, Ürgenç Urwa (ýa-da Urga) görnüşinde zoroastrizm (otparazçylyk) dininiň mukaddes kitaby Awestada ýatlanylýar. Eger bu maglumata salgylansak, onda bu şäher gözbaşyny gadymyýetiň has alyslardaky jümmüşinden alyp gaýdýar.

Araplar Orta Aziýany basyp alanlaryndan soň, Ürgenjiň adyny Gürgenç, arapça Jürjaniýa diýip atlandyryp ugrapdyrlar. Mongol çozuşlarynyň öň ýanynda bu şäherde ep-esli wagt ýaşan we onuň ajaýyp kitaphanalarynda saklanýan eserlerden peýdalanan Ýakut Hamawynyň (1179–1229 ý.) şaýatlyk etmegine görä, ýerli halkyň arasynda onuň diňe Gürgenç ady ulanylyp gelipdir. Onuň bu ady XVII asyra çenli saklanyp galypdyr. Häzirki döwürde ol Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç şäheri ady bilen bellidir. Bu at oňa XVI asyryň ikinji ýarymynda Amyderýa akymynyň ugruny üýtgedip, suwuny Aral kölüne guýup başlandan we XVII asyrda onuň kenarynda Täze Ürgenç şäheri gurlandan soň berlipdir. W. W. Bartold Horezmi «gadymy medeniýetli ýurt» diýip atlandyryp, bu döwlet we onuň paýtagty «iň irki döwürlerden başlap Orta Aziýanyň medeni durmuşy üçin ähmiýetli bolupdyr» diýip nygtapdyr. Öz nobatlarynda, akademikler I. Ý. Kraçkowskiý (1883–1951 ý.) Horezmi «medeniýetiň özboluşly welaýat höwürtgesi», N. I. Wawilow (1887–1943 ý.) we S. P. Tolstow (1907–1976 ý.) «Orta Aziýanyň Müsüri», «guz (oguz. – A. Ý.) we gypjak düzlüginde Alynky Aziýanyň musulman medeniýetiniň sarsmaz galasy» diýip atlandyrypdyrlar.

Şeýle-de, dünýäniň köpsanly meşhur gündogarşynaslary zoroastrizm dininiň ýüze çykan ýeri hökmünde-de Horezme häli bu güne çenli uly ähmiýet berip gelýärler. Iň gadymy döwürlerde öz goňşy halklarynyň arasynda medeni we ylmy durmuş nukdaýnazarlardan Horezmiň oýnan möhüm roly barada W. W. Bartold ýene-de şeýle nygtapdyr: «Orta Aziýanyň eýrandilli halklarynyň arasynda olaryň medeni durmuşynyň başlangyç döwründe horezmileriň görkezen göreldesi örän ähmiýetli bolupdyr; soňky döwürlerde zoroastrizmiň ýa-da mazdeizmiň Horezmden gelip çykandygy barada deliller getirilýär. Soň, ol Eýranyň milli dinine öwrülipdir». Şu mynasybetli, W. W. Bartold dünýäniň uly derýalarynyň aşak akymlaryndaky mes toprakly ýerleriniň adamzat nesliniň medeniýetiniň deslap ýüze çykan ojaklary bolandygyny nygtamak bilen, Amyderýanyň hem aşak akymynyň edil Nil, Ýewfrat we Tigr derýalarynyň aşak akymyndaky medeni zolaklaryna kybapdaş bolmagynyň mümkindigine alymlaryň ünsüni çekipdir. W. W. Bartold bu mesele boýunça Ýewropanyň XIX–XX asyrlaryň meşhur alymlarynyň pikirleri bilen ylalaşyp, özüniň döwürdeşi hem kärdeşi, görnükli nemes gündogarşynasy

I. Markwartyň (1864–1930 ý.) «köp jedelleri orta çykaran Arianam Waýja, Awestanyň watany, Horezm bilen bir ýurtdur» diýen sözlerine salgylanypdyr. Meşhur alym nemes dilinde ýazan we «Enzyklopaedie des Islam» işinde ýerleşdiren «Horezm» atly makalasynda bu meselä ýene-de dolanyp gelip, «Markwartyň Arianam Waýja–Horezmdir diýen çaklamasynda köp zatlar onuň peýdasyna syrygýar» diýip nygtapdyr.

Mundan bir asyr gowrak wagt öň aýdylan bu nukdaýnazaryň biziň günlerimizde-de berk tarapdarlary bar. Zoroastrizm (otparazçylyk) dininiň üç jiltden ybarat häzirki zaman düýpli taryhyny 1975–1991-nji ýyllarda neşir eden meşhur alym, London uniwersitetiniň professory M. Boýs (1920–2006 ý.) ariý taýpalarynyň b. e. ö. II müňýyllygyň ortasynda Don we Wolga derýalarynyň aşak akymyndaky rus düzlüklerinden günorta bakan süýşüşleri barada söhbet edip, şeýle nygtapdyr: «B. e. ö. II müňýyllygyň ortasynda, bürünç asyrda, iki tigirli söweş arabasynyň ulanylan eýýamynda, hindiariýler Orta Aziýanyň üsti bilen günorta bakan süýşüp, (arheologlaryň eden açyşlaryna laýyklykda) ýerli halkyň ösen medeniýetini ep-esli derejede derbi-dagyn edipdirler. Soň, olar günorta-gündogara bakan öwrülip, dag gerişlerinden geçip, hindiariýleriň ýurdy diýlip atlandyrylyp ugran sebiti eýeläpdirler. Eýranlylar, olaryň yzyna eýerip, günorta-günbatara tarap ýaýrapdyrlar we Eýranyň daglyk ýerlerinde mekan tutupdyrlar. Awestany döreden halk, megerem, bu ikinji göçe-göçlügiň yzynda bolan bolsa gerek, sebäbi olar Orta Aziýada soňky döwürlerde Horezm ady bilen belli bolup ugran welaýatda mesgen tutupdyrlar».

Bu mesele boýunça meşhur rus gündogarşynaş alymy I. M. Dýakonowyň (1915–1999 ý.) zoroastrizm dininiň watany baradaky pikiri hem dünýä alymlarynyň sarpa goýýan netijeleriniň biridir. «Heniz Awestanyň döredilen ýeri şu döwre çenli takyk anyklanylmadyk hem bolsa, megerem, barlagçylaryň köpüsi ylalaşsalar gerek, ol ýeriň esasy zolagynyň çyzygyny Gürgenç bilen Çärjewiň arasyndan geçirip, ondan aňry Merwe, Hyrada we Hamun kölüne çenli uzaltmak bolar. Şol sebitiň haýsy hem bolsa bir ýerinde Awesta döredilipdir» diýip, bu alym nygtapdyr. Bu pikirler zoroastrizm dininiň we Awestanyň watany barada dünýä ylmynyň gelen iň soňky netijeleridir.

Gürgençde yslamdan öňki döwürde dini we taryhy eserleriň kitaphanalarda bolandygy barada käbir maglumatlary getirmek

mümkin. Hususan da, Abu Reýhan Biruni «Al Asar al Bakiýa» (Geçen nesilleriň ýadygärlikleri) atly 1000-nji ýylda ýazyp gutaran eserinde, ýokarda ady tutulan arap serkerdesi Kuteýba 712-nji ýylda Horezmi basyp alan döwründe bu ýurtda bar bolan kitaplary we ylym adamlaryny uçdantutma ýok edişi barada uly gynanç we hasrat bilen beýan edip, şeýle ýazypdyr: «Kuteýba horezm hatyny oňat bilýänleri, milli rowaýatlary ýatda saklanlary, horezmlilerde bar bolan ylymlar boýunça ders berýän ulamalary dürli we zabun güzaplyklara sezewar edip ýok edipdir; şondan soň ol rowaýatlar şeýle bir gizlin bolup galypdyr welin, yslam dini ýaýrandan soň horezmileriň nähili ýagdaýlara uçrandyklaryny anyk biler ýaly bolmandyr». Bu wakalar barada beýik alym ýene-de şeýle diýip nygtapdyr: «Kuteýba ibn Muslim al Bahili horezmli kätipleri gyrdy, din hadymlaryny öldürdi, olaryň kitaplaryny we dolama eserlerini oda ýakdyrdy. Horezmliler bisowat bolup galdylar». Bu maglumatlaryň aňyrsynda hakykat ýatan bolsa gerek. Häzirki zaman alymlary hem Horezmde yslamdan öňki döwürde dini we taryhy mazmynly kitaplaryň bolandygyny belleýärler.

## 1.2. Gürgenjiň yslam döwründäki medeni durmuşy

704–715-nji ýyllarda Horasanyň häkimi, arap serkerdesi Kuteýba ibn Muslim al Bahiliniň 712-nji ýylda Horezmi basyp alan döwrüniň yzysüre heniz ortaeýran dilleriniň birinde gepleýän horezmliler Orta Aziýanyň halklaryndan ilkinji bolup yslam dinini kabul edipdirler. Bu ýurtda gadym döwürlerden bäri dowam edip gelen ýerli ylmy we medeni däpler, täze yslam dini hem medeniýeti bilen örän çalt utgaşyp gidipdir. Üstesine-de, horezmiler X asyrda bu sebitdäki öz goňşy halklarynyň, şeýle-de Wolga derýasynyň boýunda we Demirgazyk Kawkazda ýaşaýan türki halklaryň (bulgarlaryň, başgyrtlaryň, hazarlaryň we beýlekileriň), arasynda yslam dinini ýaýratmakda, berkitmekde möhüm wezipeleri berjaý edipdirler.

Horezm özüniň taryhy ösüşinde hiç mahal daşarky dünýäden üzňelikde bolmadyk hem bolsa, onuň geografik taýdan ýerleşişi,

Orta Aziýanyň beýleki gadymy döwletleri Parfiýadan, Sogdiýanadan we Baktriýadan düýpgöter tapawutlanypdyr. Ol Horezmiň ähli tarapyny çölleriň gurşap almagy bilen bagly bolupdyr. Bu şert, öz gezeginde, oňa tebigy ýagdaýda duşman çozanda arkadaýanç, ýeňlişe sezewar bolanda ygtybarly gaçybatalga bolup hyzmat edipdir. Bu nukdaýnazardan dünýäniň alymlary Horezmi ähli taraplary deňizler bilen gurşalan Angliýa bilen deňeşdirýärler. Şeýle-de, Horezm Aziýada ýüze çykan dünýäniň iň uly döwletleriniň (ahemenileriň, parfiýalylaryň, sasanylaryň, gaznewileriň, seljuklaryň, timurlylaryň imperiýalarynyň) düzümine girip gelen hem bolsa, ol elmydama, Sogdianadan we Baktriýadan tapawutlylykda, özüniň garaşsyzlygyny almak üçin göreşip gelipdir we ony gazanmagy hem başarypdyr. «Öziniň geografik taýdan ýerleşişi boýunça Horezm hakykatdan hem elmydama garaşsyz döwlet bolupdyr» diýip W. W. Bartold belläpdir. Horezmliler goňşy garyndaş halklardan tapawutlylykda, gadymy dilini, döwletiniň gadymdan gelýän adyny, galyberse-de, edil antik döwürde parfiýalylaryň beýik döwlet döredişleri ýaly, orta asyrlarda ýurdy Anuşteginler nesilşalygyndan bolan türkmen hökümdarlary dolandyran döwründe olar hem özleriniň beýik we kuwwatly döwletini esaslandyrypdyrlar.

## 1.3. Gurgenjiň orta asyrlar döwründäki kitaphanalary

Edil Merwiň medeni durmuşynda bolşy ýaly, Gürgençde hem yslamdan öňki döwürde kitaphanalaryň bolandygy barada çeşmelerde anyk maglumatlar berilmändir. Bu ýurtda ýüze çykan ilkinji kitaphanalar baradaky maglumatlara 712–995-nji ýyllarda Mamuniler nesilşalygynyň hökümdarlary bu ýurdy dolandyran döwrüniň ahyrynda duş gelýäris. Bu ylym ojaklarynyň taryhyny öwrenmeklige ýerli we daşary ýurtly alymlar XX asyryň başlaryna çenli üns bermän gelipdir. Şeýle bolansoň, musulman ýurtlarynyň orta asyrlar döwrüniň ajaýyp kitaphanalaryna bagyşlap, düýpli ylmy işleri ýazan Ýewropa ýurtlarynyň, Hindistanyň we Pakistanyň alymlary Türkmenistanyň

şol döwürdäki kitaphanalary barada ujyply maglumat bermändirler. Olarda Merwiň kitaphanalarynyň käbirleriniň diňe atlaryny ýatlap geçmek bilen çäklenipdirler. Bu barada meşhur ensiklopedik alym Ýakut Hamawynyň (1179–1229 ý.) goýup giden gysgajyk ýatlamasy çeşme bolup hyzmat edipdir. Mälim bolşy ýaly, Ýakut Merwiň kitaphanalarynda saklanýan kitaplaryň üstünde üç ýyl işländen soň, Buhara we Samarkanda, Gürgenje sarpa goýup, bu şäherlerde hem bolupdyr we kitaphanalarynyň genji-hazynalary bilen 1219-njy ýylyň ahyrynda, 1220-nji ýylyň başynda ep-esli wagt işläpdir. Megerem, Merwiň kitaphanalaryna beren ýokary bahasyndan soň, alym ony Gürgenjiň ylym ojaklary bilen bagly gaýtalamagy artykmaç hasap eden bolsa gerek. Ýöne, Ýakut bu şäher barada şeýle ýatlama galdyrypdyr: «Men Gürgenji 616/1219-njy ýylda ony tatarlaryň (mongollaryň) eýelemeginiň we ýykyp-ýumurmalarynyň öňýanynda gördüm. Uly baýlykly we ajaýyp hal ýagdaýly bu şäher ýaly başga bir şäheri görenim ýadyma düşmeýär». Her halda, musulman dünýäsiniň iri şäherleriniň orta asyrlar döwründäki ylym ojaklary barada iş ýazan, ýewropaly kärdeşlerimiziň bu mesele boýunça Merwiň we Gürgenjiň kitaphanalaryny gözden salmaklary olaryň işleriniň düýpli kemçilikleriniň biridir. Eýsem-de bolsa, bu säwlik diňe günbatar alymlarynyň eserlerine degişli bolman, ol belli derejede gündogar alymlarynyň işlerine-de mahsusdyr. Owgan alymy, professor G. F. Nilab Rahiminiň Owganystanyň, Eýranyň we Orta Aziýanyň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalaryna bagyşlap ýazan düýpli monografiýasynda hem Gürgenjiň diňe dört sany (Atsyzyň, Muhammet II-niň, Reşideddin Watwatyň we Nejmeddin Kubranyň) kitaphanasy barada juda gysga maglumat berip, olaryň esasy bölegi, hususan -da, horezmşa al Mamun II-niň (1000–1017 ý.) akademiýasy, Biruniniň, Zamahşarynyň, Soltan Muhammet II-niň (1200–1220 ý.) geňeşdary we döwrüniň meşhur ymamy Şihabeddin al Horezminiň döreden ajaýyp kitaphanalary barada bu işde hiç hili maglumat bermändir.

## 1.4. Horezmşa al Mamun II-niň akademiýasy

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, «Daralylm» (akademiýa) atly kitaphana Bagdatda ilkinji abbasy halyflarynyň biri al Mamun ibn ar

Reşidiň (813–833 ý.) hökümdarlyk eden döwründe peýda bolupdyr. Käbir alymlar bu şäherde şeýle ylym ojagyny ilkinji bolup halyf al Mamunyň kakasy halyf Harun ar Reşidiň (786–809 ý.) döredendigini belleýärler.

Halypa al Mamunyň Bagdatdaky akademiýasy bilen türkmen Muhammet Musa al Horezminiň döredijiligi turuwbaşdan üznüksiz baglanyşykly bolupdyr. Türkmenleriň sulular neberesinden gelip çykan meşhur alym Ibn an Nedimiň (997-nji ýylda ýogalypdyr) berýän maglumatyna görä, halyf al Mamun al Horezmini özüniň akademiýasynyň ýolbaşçy edip belläpdir we ol bu wezipede 850-nji ýyla – ömrüniň ahyryna çenli işläpdir.

Orta Aziýada «Daralylm» (akademiýa) atly ilkinji we iň soňky kitaphanany S. P. Tolstowyň adalatly belleýşine görä, «mamunileriň gysga wagtlaýyn, emma ajaýyp görnüşde ösýän döwründe», 1000--nji ýylda şazada we geljekki horezmşa Abul Abbas al Mamun ibn Mamun II (1004–1017 ý.) Gürgençde esaslandyrypdyr. Beýhaky (996–1077 ý.) Biruniniň biziň döwrümize çenli gelip ýetmedik «Horezmiň taryhy» atly eserinden bu tanymal hökümdar barada ýazan anyk böleklerini getiripdir. Olarda beýik alym öz döwürdeşini we hökümdaryny «juda görnükli hem okumyş alym» adam diýip häsiýetlendiripdir. Ýene-de, Biruni öz hökümdary barada: «Ol düşünjeli alym, edermen, janypkeş, her bir işde tutanýerli adamdy... Ondan hiç kim hiç mahal ýakymsyz, gödek we ugursyz sözleri eşitmezdi. Bu onuň ýokary derejedäki ahlaklylygyndan, sahawatlylygyndan gelip çykýardy. Men, Abu Reýhan al Biruni, oňa ýedi ýyllap gulluk etdim we şol döwürde onuň agzyndan sypan paýyş sözleri eşitmedim. Haçan-da, bir zada juda gahary gelen mahaly, onuň aňrybaş sögünji «Sen it ýaly!» diýerdi» diýip oňa şaýatlyk edýär. Ilkinji çeşmelerde Horezmşa al Mamun II barada berilýän ähli maglumatlary teswirläp, häzirki zaman alymlary hem biragyzdan onuň bilimli-sowatly, dana hökümdar bolandygyny tassyklaýarlar.

Horezmşa al Mamun II Gürgençdäki akademiýasyny, Müsüriň fatimi halypasy al Hekimiň (996–1021 ý.) Kairde döreden adybir kitaphanasyndan bäş ýyl öň esaslandyrypdyr. Oňa seretmezden, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, daşary ýurtly alymlar Gürgenjiň akademiýasy barada hiç hili maglumat bermändirler. Bu meselä bagyşlanyp,

rus dilinde neşir edilen işlere-de bu ýagdaý mahsusdyr. Bu säwligi alymlaryň ýaşan döwürlerinde Gürgenjiň akademiýasy barada ýörite ylmy işiň ýazylmanlygy bilen düşündirse bolar. Bu ylmy ojak barada ýeke-täk makala 1971-nji ýylda Özbegistanda çap edilipdir. Ony lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty A. A. Abdyllaýew ýazypdyr. Ýöne, bu işde birgiden nätakyklyklara ýol berlipdir.

Döwrüniň möhüm ylmy we jemgyýetçilik edarasy bolan Gürgenjiň akademiýasynyň şeýle irki döwürde Orta Aziýanyň beýleki medeni merkezlerinde däl-de, bu şäherde ýüze çykmagynyň düýpli sebäpleri bolupdyr. Horezmliler Bagdadyň we Yragyň beýleki şäherlerindäki akademiýalaryň alyp barýan işleri bilen ýakyndan tanyş bolupdyrlar we olarda jogapkärli wezipelerde işläpdirler. Şonuň üçin hem, olaryň şeýle kysymly edarany özleriniň watanynyň paýtagty Gürgençde döretmekde täsirini ýetiren bolmaklary ähtimaldyr. Elbetde, bu meselede ýerli şertleri we başlangyçlary hem gözden salmak bolmaz. S. P. Tolstow Gürgenjiň akademiýasynyň öz gözbaşyny X asyrda hökümdarlyk eden Horezmşa Abu Abdylla Muhammet ibn Ahmet ibn Yragyň köşk matematikleriniň we älemşynaslarynyň geňeşinden alyp gaýdýandygyny belläpdir. 995-nji ýylda bu ýurtda iki häkimiýetlilik (gadymy Kätde öňden gelýän Afrigi nesilşalygyndan bolan hökümdar, Gürgençde araplaryň bellän emiri uzak wagtlap biri-biri bilen baglanyşyksyz Horezmi dolandyryp gelipdirler) ýatyrylyp, Gürgenç birleşdirilen döwletiň paýtagty derejesini alandan soň, ol basym uly we möhüm halkara derejesindäki täjirçilik merkezine öwrülipdir. Bu ýagdaý, ony XI asyryň ilkinji ýyllaryndan başlap, musulman dünýäsiniň gündogarynda yslam ylmynyň we medeniýetiniň iň uly merkezleriniň birine öwrüpdir. Bu sebitiň uzak we üzňeräk demirgazyk-gündogar künjeginde «akademiýa» atly ýeke-täk ylym ojagynyň peýda bolmagy, gadymy Horezm siwilizasiýasynyň arap diliniň üsti bilen umumymusulman ylmy we medeniýeti bilen tebigy taýdan utgaşmagynyň netijesi bolupdyr. XX asyryň 30–40-njy ýyllarynda gadymy Horezm döwletiniň çäklerinde giň gerimli we uzak möhletli arheologik gazuw-agtaryş işlerini geçiren we onuň taryhy boýunça düýpli ylmy işleriň awtory S. P. Tolstow bu barada şeýle nygtapdyr: «Al Mamunyň akademiýasynyň ýüze çykmagy tötänleýin bir zat däldir. Horezm

ylmy onuň döredilmeginden has irräkki döwürlerden bäri Gündogar ylmynyň taryhynda görnükli orny eýeläpdir. Horezmiň yslamdan öňki, antik we Afrigiler döwrüniň ylmy barada biz heniz az bilýäris. Ýöne, maddy medeniýetiň ýadygärlikleriniň dykgatly derňewleri Horezmde şol döwürde takyk we tebigy ylymlaryň ösüp ýokary derejä ýetendigi barada pikir ýöretmäge mümkinçilik berýär. Binagärlikde takyk deňölçegliligiň saklanmagy, gurluşyk işlerinde hasaplamalaryň dogry çykarylmagy, ýeriň üstüniň ýokary nokadyny anyk kesgitlemezden ýurduň içindäki ägirt uly suwaryş ulgamlaryny geçirmegiň mümkin däldigi, al Biruniniň teswirlän Horezm senenamasy we jikme-jik işlenip düzülen älemşynaslyk adalgalary, Toprakgalanyň nagyşly bezeglerinde mineral reňkleriň baýlygy we dürli görnüşliligi, şeýle hem şu galadan ele salnan antik döwrüniň aýna çüýşesi – bularyň ählisi geometriýa, trigonometriýa, älemşynaslyk, topografiýa, himiýa, mineralogiýa ylymlarynyň ösmeginiň netijesinde amala aşyrylyp bilinjek zatlardyr». S. P. Tolstow gadymy Horezm we arap ylymlarynyň utgaşmasy barada ýene-de şeýle belläpdir: «Haçan da giçki Afrigiler Horezmi Arap halyfatynyň ulgamyna giren mahaly, onuň alymlary gündogaryň özboluşly latynçasyna öwrülen diňe dili boýunça «arap ylmy» diýilýäni döreden alymlaryň arasynda, megerem, iň görnükli ýeri eýeläpdirler». Şeýle diýmek bilen, meşhur alym, ilkinji nobatda, IX–XI asyrlarda ýaşap geçen Musa al Horezminiň, Abu Abdylla al Horezminiň, Abu Reýhan al Biruniniň we köpsanly beýleki meşhur horezmli alymlaryň döredijiliklerini göz öňünde tutupdyr. Horezmde doglan we Gürgenjiň akademiýasynyň genjihazynasyndan we özleriniň hususy kitaphanalaryndan peýdalanyp (ol barada aşakda Biruniniň kitaphanasynyň mysalynda durup geçeris), bu alymlar özleriniň ajaýyp mazmunly ylmy eserlerini döredipdirler, dünýä ylmynyň köp pudaklaryna ägirt uly goşant goşupdyrlar we iş ýüzünde olaryň ep-esli bölegini esaslandyryjylar bolupdyrlar.

Gürgenjiň akademiýasynda hem, edil Bagdadyň we Kairiň akademiýalaryndaky ýaly, joşgunly ylmy döredijilik möwç urupdyr. Öz döwrüniň ylmynyň köp pudaklaryndan oňat baş çykarýan horezmşa al Mamun II öz akademiýasynyň işini gurnamaklyga gönüden-göni gatnaşypdyr. Bu meselede ol özüniň uly döwürdeşi hem-de ylmyň

beýik howandary, abbasy halyfy al Mamun (813–833 ý.) bilen diňe bir atdaşlygy boýunça däl, eýsem, onuň alyp baran işlerine kybapdaş wezipeleri amala aşyranlygy üçin hem meňzeş bolupdyr. Horezmşa al Mamun II, edil abbasy halyfy al Mamun ýaly, öz akademiýasynda işlemek üçin dünýäniň dürli ýurtlaryndan döwrüniň meşhur alymlaryny çagyrypdyr. Olaryň ilkinjisi Abu Reýhan al Biruni bolupdyr. 995-nji ýylda Horezmi bir bitewi döwlete öwürmek boýunça Gürgenjiň emiri Abul Abbas Mamun ibn Muhammediň alyp baran göreşinde, ol köne Afrigiler nesilşalygynyň tarapynda çykyş edenligi sebäpli howply ýagdaýa düşüp, özüni ölümden halas etmek üçin gyssagly ýagdaýda Hazar deňziniň günortasynda ýerleşen Jürjaniýa (häzirki Gürgen) we Reý (häzirki Tähran) şäherlerine gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr. Beýik alym bu şäherlerde sergezdançylykda we kyn şertlerde ýaşan döwründe hem döredijilik işini gowşatmandyr. 27 ýaşly juwan ýigit Gürgeniň we Reýiň kitaphanalarynda saklanýan eserlerden peýdalanyp, özüniň naýbaşy eserleriniň ilkinjisi «Geçen nesilleriň ýadygärlikleri» atly kitabyny 1000-nji ýylda ýazyp gutarypdyr. Bu ýerde ol 1004-nji ýyla çenli, ýagny horezmşa al Mamun II-niň ony öz akademiýasyna işe çagyran pursadyna çenli ýaşapdyr. Şol bir wagtyň özünde bu hökümdar öz ylmy merkezine Buharadan Abu Aly ibn Sinany çagyrypdyr we ol bu ýerde 1005–1011-nji ýyllar aralygynda işläpdir. Döwrüniň bu iki beýik alymy Biruni we Ibn Sina al Mamun II-niň akademiýasynyň abraýyny arşa göteripdir. Bu ylym ojagynda pelsepeçi Abu Sahl Mesihi, meşhur tebip alym Abul Hasan Hammar we beýleki ajaýyp alymlar hem işläpdirler. Abu Aly ibn Sinanyň durmuşynyň Gürgenç döwri barada onuň terjimehalçylarynyň biri B. D. Petrowyň belleýşine görä, onuň döredijiliginde ajaýyp pursat bolupdyr. «Eger, ol Buharada bilimini tamamlap, özbaşdak döredijilik işine başlan bolsa, Gürgençde onuň pelsepe, tebigy ylymlar we lukmançylyk boýunça garaýyşlary gutarnykly taplanypdyr. Horezme (Gürgenje – A. Ý.) ýaş, pelsepeçi tebip bolup gelip, ondan Gündogar ýurtlarynda ady giňden belli bolan kämil akyldar, alym bolup gidipdir». Horezmşa al Mamunyň akademiýasynda Ibn Sinanyň döredijiligi diýseň önjeýli bolupdyr. Ol özüniň talyplaryny we şägirtlerini lukmançylyk, pelsepe dersleri boýunça okadypdyr. «Bu şäherde onuň bütin ömrüniň önümi bolan iki sany naýbaşy eseriniň: «Sagaldyş

kitaby» atly filosofik ensiklopediýasynyň we lukmançylyga degişli «Tebipçilik ylmynyň kanuny» atly düýpli eseriniň esasy goýlupdyr» diýip, B. D. Petrow nygtapdyr.

Al Biruni hem, öz gezeginde, 1004–1017-nji ýyllar aralygynda, ýagny bu ýurdy Mahmyt Gaznawi basyp alýança, dogduk mekany Gürgençden çykman ýaşapdyr. Ömrüniň bu döwründe ol diňe bir akademiýanyň işiniň ruhlandyryjysy bolman, eýsem, Horezmşanyň geňeşçisi, hatda mustafyň wezipesini hem ýerine ýetiripdir.

Bu akademiýada, edil Ibn Sina ýaly, Biruni hem düýpli ylmy döredijilik işi bilen meşgullanypdyr. Üstesine-de, ol bu ýerde geljekki uly göwrümli işleriniň meýilnamalaryny düzüpdir, tebigy ylymlaryň dürli pudaklary boýunça barlaglary we synaglary geçiripdir. Gürgençden Gazna mejbury halda gitmeli bolan beýik alym, täze ýurda gelip, aradan az salym geçenden soň, «Geodeziýa» atly iň uly we möhüm eserleriniň birini ýazmaga girişipdir.

Horezmşa al Mamun II-niň ylma bolan gatnaşygy barada Biruniniň şaýatlyk etmegi möhümdir. Bu barada Abul Fazl Beýhaky onuň, «Horezmiň taryhy» atly eserinden aşakdaky parçany getiripdir: «Bir gezek Horezmşa atyň üstünde otyrka, birnäçe bada çakyr içdi we meni öz ýanyna çagyrdy. Men biraz säginip, oňa golaýlanymda Horezmşa meniň tarapyma atyny debsäp gelip, ýanymda saklandy we atyndan düşjek boldy. Men baş egip, onuň beýtmezligini haýyş etdim. Muňa jogap edip, al Mamun şonda şeýle diýdi:

– Ylym ähli hökmürowanlyklardan ýokarydyr. Onuň özi hiç kimiň ýanyna gelmez, emma hemmeler oňa rowandyr!

Horezmşanyň bu hereketi we sözleri mende minnetdarlyk duýgusyny döreden hem bolsa, onuň «Eger gündelik ýaşaýşymyzda kabul edilen däp-dessurlarymyz bolmadyk bolsa, onda seni çagyrman, özüm ýanyňa barardym, çünki ylym ähli zatlardan ýokarydyr we dünýäde ondan beýik zat bolup bilmez» diýip, arapça aýdan soňky sözlerini eşidip, biraz aljyradym». Bu waka hökümdaryň ylma we alyma, beýik alymyň dana hökümdaryna goýan sarpalarynyň nyşanydyr.

Horezmşa al Mamun II-niň akademiýasynda saklanyp gelnen kitaplaryň mukdary barada çeşmelerde maglumatlar berilmändir. Emma, oňa seretmezden, şol döwrüň alymlarynyň tutuş bir nesliniň

bu ylmy merkezde saklanýan eserlerden peýdalanyp, özleriniň ajaýyp kitaplaryny döretmekleri onuň genji-hazynasynyň baý bolandygyna güwä geçýär. Alymlaryň bu ýerde döreden eserleri çuňňur ylmylygy bilen diňe bir döwürdeşlerini däl, eýsem häzirki döwrüň alymlaryny hem geň galdyrýar. Al Mamunyň akademiýasynda musulman ýurtlarynda we onuň çäklerinden daşarky döwletlerde ýaşan alymlaryň möhüm eserleriniň ählisiniň diýen ýaly arap diline terjime edilen görnüşinde saklanandygyna şübhelenmese bolar. Onuň şeýledigine biz horezmli alymlaryň IX–XII asyrlarda ýazan eserleriniň sahypalaryna ser salanymyzda doly göz ýetirýäris. Olarda musulman alymlaryndan başga-da, gadymy grek, latyn, arameý (siriýa), pehlewi we hindi awtorlarynyň eserlerine edilen salgylanmalara häli-şindi duş gelýäris. «Özüne elýeterli bolan ähli döwürleriň we halklaryň ylmynyň gazanan netijelerinden al Biruniniň giňden peýdalanandygyny inkär etmek körlük ýaly bir zat bolardy» diýip, S. P. Tolstow bu barada nygtapdyr. Bu meselede golýazmalary göçüriji hatdatlara esasy orun degişli bolupdyr we olaryň işi uly hormatdan peýdalanypdyr. Adatça, hatdatlar orta asyrlar döwrüniň iri kitaphanalarynyň ählisinde işläpdirler. Öz işlerine ezber bu hünärmenleriň gündelik zähmetiniň netijesinde gysga wagtyň içinde, musulman dünýäsiniň günbatarynda ýazylan eserler onuň gündogarynda, şonuň ýaly-da, gündogarynda ýazylan eserler bolsa onuň günbatarynda ýaşan alymlara elýeterli bolupdyr. Bu meselede «Ýewropa arapşynaslygynyň atasy» adyny gazanan G. Kremonskiniň (1114–1187 ý.) ylmy döredijiligine we terjimeçilik işine salgylanmak ýeterlikdir. Ol 71 sany eseri arap dilinden latyn diline terjime edipdir, olaryň 21 sanysy lukmançylyga degişli bolupdyr. Terjime edilen kitaplaryň arasynda orta aziýaly awtorlaryň eserleri az bolmandyr. Bu sebitiň özboluşly «inkunabulalary»* ha-

*«Inkunabula» latyn sözi bolup, ol «sallançak, çagalyk döwri, ilkinji ädimler» ýaly manylary aňladýar. Bu sözi ilkinji gezek fransuz bibliografy Filip Labbe (1606–1667 ý.) ulanypdyr, ol deslap neşir edilen kitaplara degişli bolman, Ýewropada metbeçilik sungatynyň başlangyç döwrüni aňladypdyr. Diňe XVIII asyryň ahyrynda «inkunabula» sözi 1501-nji ýyldan öň, bu sebitde neşir edilen has köne hem-de seýrek duş gelýän kitaplara dahylly ulanylyp başlanypdyr. Metbeçilik sungatynyň ilkinji önümleri hökmünde inkunabulalary toplamak we olaryň neşir ediliş taryhyny öwrenmek meselelerine Ýewropa ýurtlarynyň alymlary we kitaphana işgärleri, esasan, XX asyrdan başlap üns berip ugrapdyrlar. Häzirki döwürde, bu sebitiň ýurtlarynyň iri kitaphanalarynyň her biri özlerinde saklanýan inkunabulalaryň we

saplanylyp bilinjek Ibn Sinanyň «Tebipçilik ylmynyň kanuny» atly eseriniň XV asyrda Ýewropa ýurtlarynda latyn dilindäki neşirleri G. Kremonskiniň terjimesi boýunça çap edilipdir. Bar bolan maglumatlara görä, bu kitap, sebitde XV asyryň ikinji ýarymynda 15 gezek, beýleki maglumat boýunça 25 gezek neşir edilipdir. «Tebipçilik ylmynyň kanunynyň» XVI asyrda bu sebitde ýene-de 20 gezek neşir edilendigi barada anyk maglumatlar bar. Haçan da, bu meşhur alym terjime etmek üçin özüne bu kitabyň we edil şonuň ýaly-da beýleki orta aziýaly awtorlaryň eserleriniň ygtybarly nusgalary gerek bolan mahaly, ol bu kitaplaryň ygtybarly golýazmalaryny Aziýa ýurtlaryndan däl-de, musulman Ispaniýasyndan gözläpdir. Olar bu ýurduň Kordowa we beýleki şäherleriniň musulman kitaphanalarynda ýeterlik nusgalarda saklanypdyr. Öz gezeginde, Reý şäherinden günbatarda, ýagny hakyky arap ýurtlarynda hiç mahal bolup görmedik al Biruni Bagdat we Basra şäherleriniň ylym ojaklarynda alymlaryň döreden işleri bilen Çürgenjiň akademiýasynda içgin tanyş bolupdyr. Şeýle-de, Biruni Merwiň, Kätiň, Reýiň, Gürgeniň we Gaznanyň kitaphanalarynda, hiç hili kynçylyksyz musulman dünýäsiniň günbatarynyň alymlarynyň, edil şonuň ýaly-da arap diline eden terjimeleriniň üsti bilen gadymy grek we rim awtorlarynyň eserleri bilen deň derejede tanşyp bilipdir. Bu ýerde, diňe bir zada, ol hem, orta asyrlar döwrüniň aragatnaşyk serişdelerini göz öňünde tutup, ägirt uly musulman dünýäsinde medeni gymmatlyklaryň habarynyň bir künjeginden beýleki künjegine basym ýetirilişine geň galmazlyk mümkin däl. Bu barada şeýle mysal getirmek bolar. «Yslamyň ilkinji asyrlary boýunça biziň maglumatlarymyzyň esasy çeşmesi, X asyryň başynda Bagdat-

---

paleotipleriň (XVI asyryň birinji ýarymynda neşir edilen kitaplaryň) kataloglaryny düzüp neşir edipdirler. Käbir Gündogar ýurtlarynda hem inkunabulalar meselesi öwrenilipdir. Türkiýede türk dilinde neşir edilen kitaplaryň inkunabula döwrüni ilkinji türk çapçysy Ybraýym Muteferrikanyň (1674–1745 ý.) neşir eden kitaplary bilen we ondan has giňräk, ýagny bu ýurtda arap elipbiýinde neşir edilen ähli kitaplary inkunabulalar hasap etmek teklip edilipdir (Alpay M. Türkçe basma kitaplarin beşik (inkunabel) devri//Sanat tarihi yilligi. Istanbul, 1973. S. 589–590 ý.). Hindi kitaplarynyň inkunabula döwrüni Hindistanda 1850-nji we hatda 1900-nji ýyla çenli neşir edilen kitaplar bilen kesgitlemek hödürlenipdir (Priolkar A. K. Indian Incunabula Comparative Librarianship. Essaes in honour of prof. D. N. Marshall. Delhi. 1973. P. 129–135. Beýleki musulman ýurtlarynda (Müsürde, Eýranda, Pakistanda), şol sanda Orta Aziýada hem, bu mesele heniz gozgalmandyr.

da ýazylan Tabarynyň giň göwrümli taryhy eseri, şol asyrda, musulman dünýäsiniň günbatarynyň iň gyrak-çetine we gündogarynyň iň ahyrky çetine baryp ýetipdir. Takmynan, bir wagtda, oňa Afrikanyň we Ispaniýanyň taryhy boýunça goşmaçalary goşup, Kordowada ispan halyfy Hakam II (961–976 ý.) üçin we Buharada Samaniler nesilşalygynyň emiri Mansur I (ol hem şol ýyllarda hökümdarlyk edipdir) üçin bu eseriň gysgaldylan görnüşi (pars dilinde) taýýarlanypdyr». (W. W. Bartold).

1017-nji ýylda Gürgençde bolup geçen howsalaly we dartgynly wakalar onuň ajaýyp akademiýasynyň we ony esaslandyryjy horezmşa al Mamunyň II-niň ömür tanaplaryny kesipdir. Oňa Mahmyt Gaznalynyň (997–1030 ý.) Horezmi basyp almagy sebäp bolupdyr. Al Mamun II-niň akademiýasynyň kitaplary hem şol döwürde Gürgençden Gazna äkidilipdir. Mahmyt Gaznaly, adatça, basyp alan ýurtlarynda şeýle hereketleri edipdir. Bu akademiýanyň mongol çozuşlary döwrüne çenli saklanyp galandygy barada il arasynda diňe rowaýatlar bar. Olar häzirki Köneürgenjiň «Kyrk molla» galasyna degişlidir. Ony alymlar Horezmşa al Mamun II-niň akademiýasynyň galyndysy hasaplaýarlar. Ol özüniň häzirki görnüşinde-de synlanlarda uly täsir galdyrýar.

Türkmenleriň arasynda ýaýran rowaýatlaryň birinde bu gala barada şeýle diýilýär: Horezmşa öz alymlaryna öň görlüp-eşidilmedik ägirt uly we owadan köşk sowgat etmekçi bolupdyr, ony gurmak üçin iň meşhur binagärleri we gurluşykçylary çagyrypdyr. Bu ylymlar köşgünde kyrk alym kyrk müň sany mollany (sowatly adamlary) okadypdyr. Günleriň bir güni şähere keseki ýurt basybalyjylary çozup, onuň ähli jaýlaryny ýumrupdyrlar, diňe ylymlar köşgi abat saklanyp galypdyr. Gabawa düşenler daň atanda Hudaýa nalyş edip ýüzlenipdirler we dinsizleriň keramatlylara hem-de olaryň hormatly şägirtlerine ýüzleriniň düşmezligini dileg edipdirler. Hudaýyň emri bilen olaryň nalasy eşidilipdir we ylymlar köşgüniň jaýy duran ýerinde çepbe çöwrülip, ýeriň astyna çöküp gidipdir. Alymlar we olaryň şägirtleri şol ýeriň aşagynda galypdyrlar. Duşmanlar gelenlerinde, köşge derek ýumşak toprakly ýeri görüpdirler. Olar Gürgençde galan az sanly ýaşaýjylary ýygnap: «Düýn bu ýerde biziň basyp almakçy bolýan köşgümiz bardy-la?» diýip sorapdyrlar. Ýaşaýjylar gudratly

bir hadysanyň bolup geçendigine düşünip: «Biz ekin ekjek bolup ýeri ýumşatdyk. Bu ýerde hiç mahal köşk bolmandy» diýip, duşmanlara jogap beripdirler.

Duşmanlar olaryň sözlerine ynanyp yzlaryna dolanyp, şäherden çykyp gidipdirler. Ýöne ýeriň astynda galan şol keramatlylar henizem diridir. Her anna günleri olar doga okaýarlar. Giç agşam «Kyrkmollanyň» golaýyna barsaň, olaryň seslerini eşitmek bolýar.

Bu rowaýatda halkyň asyrlaryň şöhratyna mynasyp bolan gojaman akademiýa we ony esaslandyryjy hökümdaryna bolan çäksiz hormaty öz beýanyny tapypdyr. Halkymyzyň arasynda giňden ýaýran bu we beýleki rowaýatlar horezmşa Abul Abbas al Mamun ibn al Mamun II-niň parasatly tagallasy bilen Gürgençde mundan müň ýyl gowrak öň döredilen we türkmen halkynyň köpasyrlyk ylmy, medeni durmuşynda aýratyn orun tutýan, bütin musulman dünýäsine ýaň salan bu iri ylmy merkez barada mähirli ýatlamalarydyr.

## 1.5. Abu Reýhan Biruni we onuň kitaphanasy

Biz ýokarda Merwiň medeni durmuşy bilen bagly döwrüniň tanymal adamlarynyň öz hususy kitaphanalaryny döredişleri barada durup geçdik. Munuň özi yslamyň ilkinji asyrlaryndan başlap, ajaýyp däp bolupdyr. Omeýi we abbasy halyflary bu işde görelde görkezipdirler. Olara eýerip, musulman ýurtlarynyň diňe bir hökumdarlary we wezir-wekilleri däl, eýsem ýurduň beýleki ylymly-bilimli adamlary öz ýaşan döwürlerinde toplan eserleriniň esasynda hususy kitaphanalaryny esaslandyrypdyrlar hem-de jemgyýetçilik edarasy hökmünde ilat köpçüligine hyzmat eder ýaly gerek bolan şertleri döredipdirler. Şeýle mümkinçilikleri bolmadyk adamlar ömürleriniň ahyrynda özleriniň toplan kitaplaryny geljekki nesiller üçin saklamak nukdaýnazaryndan ugur alyp, ygtybarly we abraýly adamlaryň gurduran medreseleriniň kitaphanalaryna sowgat beripdirler. Elbetde, aradan müň ýyldan gowrak wagtyň geçmegi sebäpli, ol kitaphanalaryň ählisi barada maglumatlar saklanyp galmandyr, käbirleri hakda ujypsyz ýatlamalar bellidir, belli bir bölegi boýunça bolsa, bar bolan habarlaryň heniz üsti açylmandyr.

Abu Reýhan Biruni we onuň döredijiligi barada XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, biziň günlerimize çenli dünýäniň dürli dillerinde ýazylan ylmy monografiýalary we makalalary sanap çykardan köpdür. Şeýle-de bolsa, alymyň «Formakognoziýa» atly eserini arap dilinden rus diline ussatlarça terjime eden arapşynas U. I. Kerimowyň adalatly belleýşine görä, Biruniniň köpgyraňly döredijiligi ähli babatlarda doly açylyp görkezilmändir. Henize çenli üns berilmedik meseleleriň biri onuň hususy kitaphanasy baradadyr. G. F. Nilab Rahimi ony diňe agzap geçipdir, emma bu ylmy ojak barada hiç hili maglumat bermändir. Megerem, ol orta asyrlar döwrüniň arap we pars dillerindäki çeşmelerinde beýik alymyň hususy kitaphanasy barada aýratyn maglumatlara duş gelmedik bolsa gerek. Dogrudan hem, ol çeşmelerde Seljuklaryň (1037–1157 ý.) we Anuşteginleriň (1097–1231 ý.) beýik döwletleriniň dowam eden döwürlerinde özleriniň medreselerini we olaryň gapdalynda ajaýyp kitaphanalaryny döreden tanymal şahsyýetler barada berilýän maglumatlarda Biruni barada duşmaýarys. Muňa Horezm döwletinde 995--nji we 1017-nji ýyllarda bolup geçen pajygaly wakalaryň sebäp bolan bolmagy ähtimaldyr. Şol döwürde Gürgençde beýleki alymlaryň we ýurduň tanymal adamlarynyň hususy kitaphanalarynyň hem işländigi gümansyzdyr.

Häzirki zaman alymlarynyň biragyzdan ykrar etmeklerine görä, Biruni öz eserlerini ýazan mahallary olaryň temasyna degişli şol döwürde bar bolan ähli dillerdäki edebiýatlardan peýdalanypdyr. «Elbetde, Biruniniň özüne elýeter bolan dürli döwürleriň we halklaryň ylymlarynyň jemini ulanandygyny ret etmeklik esassyz bolardy» diýip, bu barada S. P. Tolstow belläpdir. Ol edebiýatlardan Biruniniň doly habarly bolandygyna onuň «araplaryň diline dünýäniň ähli ýurtlarynyň ylymlaryna degişli edebiýatlar terjime edilipdir» diýip, kesgitli tassyklamagy hem güwä geçýär. Ýöne, olaryň ählisi Biruniniň işlän Mamun II-niň akademiýasynda ýa-da beýleki ylym ojaklarynyň gaznalarynda boldumyka ýa-da alym çeşmelerden doly habarly bolmak üçin dürli ýollar boýunça özüniň gözleg işlerini geçirdimikä?! Köp zatlar soňky meseläniň peýdasyna syrygýar.

Bu mesele barada Biruniniň öz eserlerinden şeýle netije çykarmak mümkin: ol Gürgençde ýaşan we işlän döwründe Mamun II-niň

6. Sargyt № 2413.

akademiýasynyň baý gaznasyndan doly peýdalanyp gelen hem bolsa, giň göwrümli, düýpli eserlerini ýazanynda, olary hususy kitaphanasyz berjaý edip bolmajakdygyna düşünipdir. Alym özüniň bütin manyly ömrüniň dowamynda diňe arap dilindäki däl, eýsem pehlewi, sanskrit, siriýa, grek, latyn we beýleki dillerdäki dürli mazmunly kitaplaryň gözleginde bolup gelendigi baradaky anyk maglumatlary hut onuň öz eserlerinden tapýarys. Bu barada, aýratyn hem, onuň «Hindistan» atly ensiklopedik eserinde berilýän maglumatlar örän gymmatlydyr. Biruniniň özüniň tassyklamasyna görä, ol 40 ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda maniheý dinini esaslandyryjy, döwrüniň meşhur alymy, hatdat, pygamber Mani ibn Patigiň (216–278 ý.) kitaplarynyň gözleginde bolupdyr. Ahyrsoňy, olary gürgençli bir kitaphon adamdan alypdyr. IV asyryň ortasyndan başlap, hristian dini tarapyndan, özüniň dörän ilkinji günlerinden başlap, yslam dinini ýoldan çykma din hökmünde ýazgaran maniheý dininiň kitaplaryny Mamun II-niň akademiýasynyň ýa-da şoňa meňzeş beýleki bir kitaphananyň gaznasynda saklamak mümkin bolmadyk bolsa gerek. Bu eserleriň diňe Biruniniň we beýleki alymlaryň hususy kitaphanalarynda saklanyp gelendigini çak etmek mümkin. Alym Maniniň 7 sany kanoniki kitaplarynyň ählisiniň atlaryny agzamak bilen çäklenmän, eýsem olardan alnan aýry-aýry parçalary öz eserlerinde getiripdir hem-de ol eserler barada anyk netijenamalary çykarypdyr. Biz olary Biruniniň «Geçen nesilleriň ýadygärlikleri» atly eserinde açyk görýäris. «Maniniň dinine uýýanlaryň aýratyn «Injili» bar. Mazmuny boýunça, ol başdan ahyryna çenli hristianlaryň taglymatyna çapraz gelýär. Maniheýler öz «Injillerine» esaslanýan dine uýýarlar we diňe özleriniň «Injilini» dogry diýip tassyklaýarlar». Maniniň kanoniki däl, ýöne sasany patyşasy Şapur I-ä (241–272 ý.) bagyşlap, pehlewi dilinde ýazan uly göwrümli «Şapurakan» (Şapuryň kitaby) atly eseri barada Biruni şeýle belläpdir: «Babegiň ogly Ardaşiriň tagta çykan pursadyndan (224-nji ýylyň 1-nji aprelinden – A. Ý.) soňky döwür boýunça parslaryň kitaplaryndan diňe Maniniň bu kitabynda berilýän maglumatlara bil baglamak bolar». Şeýle-de Biruni Maniniň «Direlmegiň genji-hazynasy», «Gizlin syrlar», «Äpet adamlar kitaby» atly eserlerinden alnan parçalary özüniň «Geçen nesilleriň ýadygärlikleri» we «Hindistan» atly kitaplarynda getiripdir. «Maniheýler mukaddes

kitaply adamlar bolup, dini hristianlaryňka meňzeşdir. Olaryň pygamberi Mani şeýle mazmundaky pikirini özüniň «Direlmegiň genji-hazynasy» atly eserinde beýan edipdir» diýip, gutarnykly netije çykarmagy, onuň bu eser bilen hem doly tanyş bolandygyna güwä geçýär. Häzirki zaman alymlary Biruniniň Maniniň eserleriniň asyl nusgalaryndan peýdalanandygyny tassyklaýarlar .

Biruniniň eserlerinden III–IX asyrlarda pehlewi dilinde ýazylan dini we dünýewi kitaplar barada hem gymmatly maglumatlary tapýarys. Olar Eýrana we Orta Aziýa VII asyryň ikinji ýarymynda yslam dini ýaýrandan soň, maniheý dininiň kitaplary ýaly, ýazgarylan we yzarlanýan eserler bolanlygy sebäpli, seýrek duş gelýän çeşmelere öwrülipdir. «Pehlewi dilindäki golýazmalary göçürer ýaly adamlar galmandyr, aslyýetinde olar hiç kime gerek hem bolmandyr. Musulmanlaryň ellerinden aman sypan golýazmalar hökmürowan wagtyň werzişine döz gelmän ýok bolup gidipdir» diýip, şol döwürde ýüze çykan ýagdaý barada Ý. E. Bertels belläpdir. Bu dildäki kitaplary hem Biruniniň öz hususy kitaphanasynda ýygnandygy barada şübhe bolup bilmez. Pehlewi dilindäki kitaplaryň gadymy horezmi diline golaýdygy sebäpli, Biruni olaryň asyl nusgalaryndan, şeýle-de arap diline edilen terjimelerinden (mysal üçin, «Tansaryň haty» atly kitapdan) peýdalanypdyr.

Biruniniň hindi dilindäki kitaplary gözleýşi we ýygnaýşy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Ol 1018–1027-nji ýyllar aralygynda soltan Mahmyt Gaznalynyň Hindistana bolan ýörişlerine yzygiderli gatnaşmak bilen hindi dilini (sanskriti), bu ýurduň halklarynyň medeniýetini, dini aýratynlyklaryny, däp-dessurlaryny, ylmy kitaplaryny janypkeşlik bilen öwrenipdir. Biruniniň terjimehalçylarynyň biri, P. G. Bulgakow onuň ýörite Hindistana gidendigini, birnäçe ýyl hindi filosoflarynyň elinde okap, olaryň sungatyny öwrenendigini we özüniň hem olara grek filosofiýasynyň amaly ýollaryny öwredendigini belläpdir. Bu barada Biruni «Hindistan» atly kitabynda şeýle ýazypdyr: «Ilkibada hindi älemşynaslarynyň arasynda men olaryň mugallymlarynyň okuwçylarynyň hatarynda durýardym, çünki olar üçin men keseki ýurtly adam hasaplanýardym hem-de olaryň gazanan üstünlikleri we amaly usullary bilen heniz ýeterlik tanyşlygym ýokdy. Haçan da, bu ugurda meniň bilimim ilerläp ugranda, matema-

tika ylmynyň hakyky amaly usullaryny olara açyp görkezen we aýan eden mahalym, hindi alymlary meniň daşyma köpçülikleýin üýşüp ugradylar hem-de bu zatlara özleriniň täsin galýandyklaryny beýan edip, peýdaly bilimleri almaga çalyşdylar... Men ähli güýjümi we serişdämi nirede hindi kitaplary bardyr öýdülýän bolsa, şol ýerlerden olary toplamaga sarp etdim. Şonuň ýaly-da, hindi kitaplarynyň gizlin saklanylýan ýerlerini bilýän adamlary gözledim».

Biruniniň hindi kitaplaryndan baş çykarandygyna hem-de olaryň ep-esli bölegini öz hususy kitaphanasyna toplandygyna onuň aşakdaky sözleri hem güwä geçýär: «Men meşhur hindi filosoflary tarapyndan genji-hazyna hökmünde hormatlanylýan kitaplaryň üstünden barýan-çam, uzak wagtlap olaryň matematika we älemşynaslyga degişli eserlerini terjime edip gezdim». «Musulmanlaryň düşünjelerine gabat we çapraz gelýän hindi kitaplaryny terjime etmek üçin üznüksiz zähmet çekdim».

Biruni hindi awtorlary Kapilanyň «Sankhýa», Brahmaguptanyň «Hatanjala», «Paulisasiddhanta» «Brahmasiddhanta» atly kitaplaryny sanskrit dilinden arap diline terjime edipdir. Ol hindileriň akyl-paýhas kitaby «Pançatantrany» (Kalila we Dimnany) meşhur Ibn al Mukaffanyň VIII asyryň ortasynda arap diline eden terjimesi bilen kanagatlanmandyr we ony täzeden terjime etjek bolupdyr. Käbir soňky döwrüň çeşmeleriniň maglumatlaryna esaslanyp hem-de Biruniniň hindi medeniýetini, ylmyny düýpli özleşdirişini göz öňünde tutup, ony hindi alymy diýip tassyklajaklar hem bolupdyr. Ýöne, bu synanyşyklar onuň Gürgençden gelip çykan beýik şahsyýetdigi barada irki orta asyrlar döwrüniň anyk we ygtybarly çeşmeleriniň biragyzdan tassyklaýan maglumatlaryna ters gelýän, esassyz nukdaýnazar hökmünde ylmy edebiýatdan aýrylypdyr.

Biruniniň eserlerinden ýokardaky getirilen maglumatlar, onuň kitaphana adam bolandygyna hem-de özüniň ajaýyp kitaphanasyny döredendigine şaýatlyk edýär. Ol özüne gerek bolan kitaplar bilen kitaphanasynda saklanýan eserleriň üstüni yzygiderli ýetirip gelipdir. Eger şeýle bolmadyk bolsa, onda onuň ähli eserlerinde ulanylan ägirt köp mukdardaky dürli dillerde ýazylan we dürli mazmunly eserleriň ýatlanyp gelnendigini düşündirmek kyn bolardy.

## 1.6. Muhammet ibn Mansur al Horezminiň kitaphanasy

Watandaşlarymyzyň ýene-de biri, Muhammet ibn Mansur al Horezmi 1066-njy ýylda Bagdatda özüniň «Hizanat al Kutub» (Kitaplaryň genji-hazynasy) atly kitaphanasyny açypdyr we öz gurduran medresesinde ýerleşdiripdir. Bu kitaphana kitaplaryň ajaýyp toplumyny özünde jemläpdir. Onda saklanýan gymmatlyklaryň biri Gurhana ýazylan köp jiltli teswirnama bolupdyr. Dürli çeşmeleriň maglumatlaryna görä, ol 300–400, hatda 700 jiltden ybarat bolupdyr. Bu ylym ojagynda işlän we onuň katalogyny düzen kitaphanaçylaryň atlary hem bellidir. Bu kitaphana baryp gören, häzirki zaman pakistan alymy M. A. Kasymynyň şaýatlyk etmegine görä, ol Bagdadyň üç mil (6 km) demirgazygynda meşhur ymam Abu Hanyfanyň mazarynyň golaýynda ýerleşýär, biziň günlerimizde-de işlemegini dowam etdirýär.

## 1.7. Serkerdebaşy Altyndaş we onuň ogullarynyň döwründe syýasy ýagdaý hem medeniýet

Horezmiň medeni taryhy barada söhbet edilende, bu ýurdy 1017–1041-nji ýyllarda dolandyran türkmen serkerdebaşysy Abu Seýit Altyndaşy, onuň ogullary Haruny we Ysmaýyl Handany hem ýatlap geçeliň. 1017-nji ýylda Horezmi basyp alan soltan Mahmyt Gaznaly Altyndaşy bu ýurduň horezmşasy edip belläpdir. Şeýlelikde, ýurtda gysga wagtlaýyn dowam eden üçünji nesilşalyk ýüze çykypdyr. Altyndaş gaznaly soltanlar Sebuktegine, Mahmyda we Mesguda hyzmat eden meşhur serkerdebaşy bolupdyr. Ol Gaznaly döwletinde garaşsyz syýasat ýöretmäge çalşypdyr. Bu syýasaty onuň ogullary Harun we Ysmaýyldan has aýdyň ýöredip ugrapdyrlar. Bu hereketler Mahmyt Gaznalyny we onuň ogly Mesgudy diýseň ynjalyksyzlandyrypdyr we ikisi hem olary ýok etmek boýunça Horezmiň hökümdarlarynyň garşysyna hereket edipdirler. Netijede, Altyndaş we Harun gaznawylaryň köşgünde özleriniň garşysyna Mesgudyň gurnan hile-pirimleriniň pidasy bolupdyrlar. Ysmaýyl Handan maşgala agzalary we beýleki tarapdarlary bilen seljuklaryň arasyna gaçyp gidip, janlaryny gutarypdyrlar. Bu nesilşalyk 24 ýyl

dowam edipdir. Şol howsalaly döwürde-de, Gürgençde we ýurduň beýleki şäherlerinde medeni durmuş dowam edipdir, medreseler we kitaphanalar işläpdir. Ýöne çeşmelerde olar barada anyk maglumatlar saklanyp galmandyr. Gürgenjiň täsin galdyryjy ylmy we medeni durmuşynyň pajarlap ösüşi Beýik Seljuk döwletiniň dowamaty hökmünde XII–XIII asyryň başynda dördünji, meşhur Anuşteginler nesilşalygynyň hökümdarlarynyň ýurdy dolandyran döwründe bolup geçipdir.

# III BAP. BEYIK HOREZMŞALAR – ANUŞTEGINLER NESILŞALYGY EYYAMYNDA YLYM WE MEDENIYET

Anuşteginler nesilşalygyndan öňki Afrigi, Mamuni we Altyndaş nesilşalyklaryndan bolan Horezmiň hökümdarlary 305-nji ýyldan 1041-nji ýyla çenli bolan uzak döwrüň dowamynda welaýat çäginden uly bolmadyk kiçiräk ýurdy dolandyryp gelipdirler. 1097-nji ýylda, Horezmde döwlet başyna Anuşteginler nesilşalygyndan bolan türkmen hökümdarlary geçenlerinden soň, olar bu ýurduň çäklerini Beýik Seljuk döwletiniň dowamaty hökmünde ýuwaş ýuwaşdan giňeldip, uly imperiýa öwrüpdirler. Onuň dünýä taryhynda eýeleýän orny, derejesi, düýpgöter üýtgäpdir we beýgelipdir. Anuşteginleriň döwletiniň dowam eden döwründe ylmyň we medeniýetiň pajarlap ösüşini öwrenmek üçin onuň taryhyna gysgaça ser salalyň.

Anuşteginleriň döwletiniň taryhyny öwrenmek boýunça beýik işleri bitiren S. P. Tolstow (1907–1976 ý.) bu nesilşalygyň hökümdarlaryna «Beýik Horezmşalar» diýip, adalatly bellenýär we olar barada şeýle ýazýar. «XII asyryň dowamynda we XIII asyryň başynda Horezm Gündogaryň iň beýik imperiýasynyň merkezine öwrülipdir. Onuň çäkleri Gruziýadan Fergana we Hind derýasynyň boýlaryndan Aralyň demirgazyk sebitlerindäki düzlüklerine çenli uzalyp gidipdir. Şeýle bolansoň, onuň taryhynda bolup geçen wakalar gündogar çeşmeleriniň üns merkezinde bolupdyr. Musulman dünýäsiniň uzak gyrak çetinde ýerleşen we öň belli bolmadyk bu ýurduň başyňy aýlaýjy derejede beýgelmegi diýseň uly täsir galdyrýar».

Horezmde Mamuniler nesilşalygy döwründe ylym we medeniýet nähili derejede ösen bolsa, bu ýurdy Anuşteginler dolandyran

döwründe hem ýokary derejelere ýetipdir. K. E. Boswortyň belleýşine görä, «Horezmde bolup geçen lingwistik we etnik özgerişlikler maddy, medeni taýdan hiç hili pese düşmelere getirmändir. Ylym we bilim babatda aýdylanda bolsa, Horezm hiç mahal XII–XIII asyrlardaky ýaly ösüşiň ýokary derejesine ýetip bilmändir». B. B. Bartold Anuşteginleri Horezmiň «dördünji we iň ajaýyp nesilşalygy» diýip atlandyrypdyr. Bu alym Gürgenjiň şol döwürdäki medeni durmuşy barada orta asyrlar döwrüniň çeşmeleriniň berýän maglumatlaryny jemläp, şeýle nygtapdyr: «XII asyrda Gürgenç Horezmşalaryň kuwwatly nesilşalygynyň paýtagty hökmünde täze ähmiýete eýe bolupdyr, haçan da, bu nesilşalyk (ýagny Anuşteginler. – A. Ý.) tutuş musulman dünýäsinde uly güýje öwrülen mahaly onuň paýtagty basylyp alnan ýurtlaryň genji-hazynalarynyň hasabyna baýlaşmaly bolupdyr.

Häzirki döwre çenli, bu beýik döwletiň taryhyny, esasan, daşary ýurtly alymlar öwrenip gelýärler. Gynansak-da, türkmen alymlary orta asyrlar döwrüniň türkmen döwletliligini bir ýarym asyra golaý wagt uzaldýan we beýik Seljuk imperiýasynyň dowamaty hökmünde dowam eden Anuşteginler döwletiniň taryhyny öwrenmeklige ýeterlik derejede üns bermän gelýärler. Bu ýurt şol döwürde diňe bir dünýä derejesindäki imperiýa öwrülmän, eýsem öz içinden dünýä belli parasatly patyşalary, beýik alymlary, şahyrlary we tanymal ruhanylary, serkerdebaşylary orta çykarypdyr. Olar musulman dünýäsiniň taryhynda, ylmynda we medeniýetinde öçmejek yz galdyrypdyrlar. Çeşmeleriň berýän ygtybarly maglumatlaryna görä, Anuşteginler nesilşalygynyň hökümdarlarynyň ählisi ylma we medeniýete hormat goýan, alymlara goldaw beren we penakärlik eden parasatly döwlet ýolbaşçylary bolupdyrlar. Bu taryhy şahsyýetler baradaky gysgajyk söhbetlerimizi bu nesilşalygy esaslandyryjy Anuştegin Garçadan başlalyň.

## 3.1. Nesilbaşçy Anuştegin Garça

Türkmenistanyň orta asyrlar döwrüniň taryhynda meşhur şahsyýetleriň biri hem Anuştegin Garçadyr. Ol Seljuk ibn Dukagyň döwürdeşidir. Bu tanymal şahsyýetleriň ikisi barada-da çeşmelerde

maglumatlar az saklanyp galypdyr, olaryň doglan ýeri, ýyly hakynda anyk maglumatlar ýok. Goşmaça çeşmelere esaslanyp, olar X asyryň başynda dünýä inipdirler diyip çak etmek mümkin. Ýöne, bir zat anyk bellidir, bularyň ikisi hem deň derejede taryhymyzyň beýik şahsyýetleridir: Seljuk ibn Dukak 1037–1157-nji ýyllarda dowam eden beýik Seljuk imperiýasynyň hökümdarlarynyň nesilbaşçysy bolan bolsa, Anuştegin Garça 1097–1231-nji ýyllarda bu döwletiň dowamaty hökmünde taryhymyza giren Beýik Anuşteginler imperiýasynyň nesilbaşçysydyr. Esasy zat bu iki beýik imperiýalaryň türkmen topragynda, Seljuklaryň imperiýasynyň Merwde, Anuşteginleriň imperiýasynyň Gürgençde (arapça Jürjaniýa) ýüze çykmaklarydyr. Şonuň üçin türkmen alymlary bu iki döwletiň taryhyny, ylmy we medeni durmuşlaryny çuňňur öwrenmäge borçludyr.

Anuştegin Garça (çeşmeleriň käbirlerinde Nuştegin Garça) barada Ibn al Esir, Jüweýni, Reşideddin, Kazwini, Ibn Haldun, Hafizi Abru, Mirhond ýaly meşhur taryhçylar anyk we möhüm maglumatlary beripdirler. Iň esasy zat olaryň maglumatlary biri-birine gabat gelýär. Şolaryň käbirlerine salgylanyp göreliň.

Ibn al Esiriň pikirine görä, «Anuştegin seljuk emirleriniň biri Bilgebegiň gulamy (esgeri) bolup, ony garjystanly bir adamdan öz ýanyna alypdyr. Şonuň üçin hem ony Anuştegin Garçaly diýip atlandyrypdyrlar. Ol ulalyp, derejesi beýgelipdir, özüni tertipli alyp barýan, kämillige ýeten meşhur adam bolupdyr, oňa öz işleri boýunça maslahat sorap, döwletiň dürli jogapkär adamlary ýüz tutupdyrlar». Reşideddiniň (1247–1318 ý.) belleýşine görä, «Anuştegin Garça oguzlaryň begdili taýpasynyň zürýadydyr». Hafizi Abru (1430-njy ýylda ýogalypdyr) hem, öz gezeginde, «Anuşteginler nesilşalygynyň soltanlarynyň nesilbaşçysy Nuştegin Garçadyr, ol oguz nesliniň begdili taýpasynyň zürýadydyr» diýip ýazypdyr. M. Kaşgarly (XI a.) begdili taýpasyny türkmenleriň tire-taýpalarynyň arasynda 7-nji ýerde ýerleşdiripdir. Anuştegin barada ýokarda berlen maglumatlara esaslanyp, onuň Murgap deryasynyň ýokary akymynda daglyk ýer bolan Garjystan atly ýurtda doglandygyny çak etmek mümkin.

Anuştegin Garçanyň doglan ýyly barada çeşmelerde anyk sene görkezilmändir. Ýöne, 1097-nji ýylda, dünýäden ötýänçä, Seljuk-

laryň köşgünde ep-esli wagt işlän derejeli we tejribeli adamlaryň biri bolandygyny nazara alyp, onuň X asyryň 20-nji ýyllarynda doglandygyny çak etmek mümkin. Ol Horasanyň häkimi Bilge begiň ýanynda gulluk edip, özüniň başarjaňlygyny görkezenligi üçin Mälik şa oňy Bilgebegden öz köşgüne alypdyr we oňa köşgüň hammam we arassaçylyk (taştdarçylyk) işlerini ynanypdyr. Ol köşkde iň möhüm wezipeleriň biri bolupdyr. Anuştegin bu işleri örän oňat alyp baryp, taştdarçylyk işleriniň başlygy wezipesine bellenipdir. Bu ugurdaky işleriň ähli çykdajylary Horezmden gelip gowuşýan salgydyň hasabyna tölenipdir. Şonuň üçin Anuştegini Horezmiň muhtasibi (ähli meseleler boýunça ýurduň içindäki tertip-düzgüniň gözegçisi) we şihnesi (komendanty) wezipelerine belläpdirler. Ýöne, Anuştegin Horezmiň doly hukukly hökümdary bolmandyr, çünki ony şol döwürde bu ýurduň dikmesi bolup Mälik şanyň ogly – geljekki beýik Soltan Sanjaryň bellän adamy dolandyrypdyr.

Anuşteginiň Horezmde bolandygy barada çeşmelerde maglumat berilmändir. Ol 997-nji ýylda dünýäden ötüp, megerem, Merwde jaýlanan bolsa gerek. Bu taryhy şahsyýet barada çeşmelerde berilýän maglumatlar ýokardaky habarlar bilen tamamlanýar. Mälik şa ölenden soň, seljuklaryň şazadalarynyň arasynda tagty eýelemek boýunça köşgüň içinde ýüze çykan bulagaýlyklardan peýdalanyp, Horasanyň emiri Dadbek Habaşy 1097-nji ýylda Seljuk döwletiniň tabynlygyndan çykýandygyny yglan edipdir we Anuşteginiň ogly Kutubaddin Muhammedi horezmşa derejesinde bu ýurduň hökümdary edip belläpdir. 1100-nji ýylda soltan Berkýaruk we onuň dogany şazada Sanjar, Dadbek Habaşynyň turzan gozgalaňyny ýatyryp, ony jezalandyrypdyrlar. Horasany eýeläp, 1118-nji ýylda döwlet başyna geçen Soltan Sanjar Muhammet ibn Anuşteginiň horezmşa derejesini tassyklapdyr. Şeýlelikde, 1097-nji ýyldan başlap, Anuşteginleriň beýik imperiýasynyň taryhynyň senenamasy başlanypdyr.

Günbatar alymlary biziň taryhymyzy öwrenmeklige nähili uly goşant goşsalar da olaryň işlerinde kemçiliklere duş gelýäris. Bu ýagdaýy ýewropaly alymlaryň Anuşteginleriň beýik döwletiniň taryhyny öwrenişlerinde-de görýäris. Näme üçindir, olaryň ählisi diýen ýaly Anuşteginleriň türkmenlerden gelip çykan nesilşalykdygy barada

ýokardaky ilkinji çeşmeleriň berýän anyk maglumatlaryny gyrada goýupdyrlar. Mysal üçin, taryhy wakalar barada takyk maglumatlary habar berýän beýik alym W. W. Bartold Anuştegin Garça baradaky bu möhüm maglumaty diňe bir «Türküstan mongol çozuşlary zamanynda» atly nusgawy eserinde däl, eýsem Anuşteginler nesilşalygynyň hökümdarlaryna bagyşlap, «Yslam ensiklopediýasynda» ýerleşdirilen makalalarynda hem belläp geçmändir. Bu säwlik biziň üçin düşnüksiz bolup galýar. Anuşteginler nesilşalygynyň döreden beýik imperiýasyna bagyşlap, düýpli monografik iş ýazan tanymal azerbaýjan alymy, akademik Z. M. Buniýatow (1923–1997 ý.) W. W. Bartoldyň bu säwligini adalatly belläpdir we ony alymyň ýaşan döwründe bu nesilşalyk barada orta asyrlar döwrüniň arap we pars taryhçylarynyň bir toparynyň eserleriniň berýän maglumatlarynyň heniz oňa elýeter bolmandygy bilen düşündiripdir. Ýöne, Z. M. Buniýatowyň özi hem, Anuşteginler nesilşalygynyň türkmenlerden gelip çykandygy baradaky anyk maglumaty teswirlejek we giňişleýin açyp görkezjek bolmandyr.

Gynansak-da, S. P. Tolstowy hem bu alymlaryň hatarynda ýatlap geçmeli bolýarys. Ol Anuşteginleri beýik horezmşalar diýip adalatly atlandyrsa-da, olaryň türkmenlerden gelip çykan nesilşalygydygyny bellemändir. Galyberse-de, orta asyrlar döwründe tutuş musulman dünýäsiniň gaýduwsyz gahrymany adyna mynasyp bolan beýik türkmen serkerdesi we soltany Jelaleddin Meňburna bagyşlanyp, rus dilinde ýazylan iň soňky «Çingiz hanyň bäsdeşi» (M., 2013 ý.) atly monografiýanyň awtory D. M. Timohin hem bu mesele boýunça ýokarda atlary tutulan alymlaryň çygryndan çykmandyr, ýagny ol Anuşteginleriň türkmen nesilşalygydygy barada agzamandyr.

Soňky iki ýarym müň ýylyň dowamynda Eýranda we Orta Aziýada ýüze çykan beýik imperiýalaryň ählisiniň gözbaşynda anyk taryhy şahsyýetleriň durýandygy hemmelere mälimdir. Edil şonuň ýaly hem, Anuşteginleriň döreden beýik imperiýasynyň aňyrsynda duran türkmen Anuştegin Garçadyr. Bu anyk taryhy maglumaty ýokarda atlary tutulan alymlaryň we beýlekileriň göz öňünde tutmandyklary olaryň işleriniň düýpli kemçiligidir. An Nesewiniň berýän maglumatyna görä, Jelaleddin «dili boýunça türk» (türkmen diýip oka. – A. Ý.) bo-

lupdyr. Ömrüniň ahyrynda soltan Jelaleddin halypa an Nasire (1180–1225 ý.) ýazan hatlaryna «Onuň sadyk guly, Soltan Sanjaryň ogly, Meňburny» diyip gol çekipdir. Resminamalara şeýle goluň goýulmagy Soltan Muhammet II-niň (1200–1220 ý.) 1210-njy ýylda garahytaýlylardan ýeňiş gazananyndan soň, köşgüniň içindäki däp-dessurlary dabaralandyrmak maksady bilen özüne beýik hökümdarlaryň atlaryny kabul edip alypdyr. Ol ilki «Aleksandr ikinji» adyny kabul edipdir. Soň beýik Soltan Sanjaryň ýarym asyryň dowamynda diýen ýaly (1118–1157 ý.) hökümdarlyk edendigini nazara alyp, özüne Soltan Sanjaryň adyny hem dakypdyr. Görşümiz ýaly, bu deliller hem türkmen halkynyň taryhyndan üzňe bolmandyr. Galyberse-de, Z. M. Buniýatowyň bu meseläni jemleýşine görä, soltan Jelaleddin 1231-nji ýylda öldürilenden soň, onuň goşunyndan aman galan horezmliler Müsürde, Siriýanyň demirgazygynda we Türkiýäniň Anadoly welaýatynyň günorta-günbatarynda mesgen tutupdyrlar. Olaryň bir bölegi araplar bilen garylyp-gatylyp gidipdir. Beýlekileri, Yragyň demirgazygynda Mosul we Kirkuk welaýatlarynda ýaşaýan horezmlileriň nebereleri özleriniň aslynyň türkmenlerdigini unutman etniki we taryhy adyny şu güne çenli saklap gelýärler. Bu delilleri ýokarda atlary tutulan alymlar bilen däldirler öýtmeýäris, olaryň bu taryhy hakykaty dogry beýan etmekleri zerurdy.

Muhammet II garahytaýlylara garşy söweşde ýeňiş gazananyndan soň, onuň imperiýasynyň çäkleri has giňäpdir. Bu aýgytlaýjy ýeňişden soň, horezmşa özüniň doly garaşsyzlygyny gazanypdyr: sebitiň hiç bir hökümdary Horezmiň üstünden hökmürowanlygyny ýöretmäge milt edip bilmändir. Horezmşanyň beýleki döwletleriň we halklaryň ykballaryny çözýän wagty gelip ýetipdir. Ýöne, bu ýokary galyş uzaga çekmändir. 1220-nji ýylda mongollaryň çozuşy, onuň iň soňky hökümdarynyň goýberen düýpli ýalňyşy sebäpli, Anuşteginleriň beýik döwleti gysga wagtyň içinde ýaşamagyny bes edipdir.

XII asyrda we XIII asyryň başynda mongol çozuşlaryna çenli Gürgençde ylym we medeniýet pajarlap ösüpdir, döwrüniň esasy ylym ojaklary bolan medreseleriň we kitaphanalaryň giň ulgamy döredilipdir. Şol döwürde bu şäherde dünýä belli alymlar, ulamalar, şahyrlar ýaşap geçipdir. Bu durmuşa Anuşteginler nesilşalygynyň hökümdarlarynyň her biri özleriniň goşantlaryny goşupdyr

## 3.2. Muhammet I ibn Anuşteginiň döwründe ylym we medeniýet

Anuştegin Garça ogly Muhammedi ýaşlykdan geljekki jogapkärli döwlet işine ymykly taýýarlapdyr we ony Merwde okadyp, döwrüniň ylymly-bilimli adamy edip ýetişdiripdir. Soltan Berkýarugyň Horasana bellän täze emiri Dadbeg ibn Habaşi Altyntak, Muhammet I ibn Anuştegini 1097-nji ýylda Horezmşa edip belläpdir. Ol bu döwletiň taryhyna Muhammet I-niň ady bilen giripdir. Soltan Sanjar 1118-nji ýylda döwlet başyna geçen badyna onuň Horezmşa derejesini tassyklapdyr. Bu deliller Seljuklaryň köşgünde Anuştegin Garçanyň uly abraýdan peýdalanandygyna şaýatlyk edýär. Muhammet I 1097–1128-nji ýyllarda 30 ýyllap ýurdy dolandyrypdyr we Horezme öňden gelýän uly bolmadyk geografik çäklerde hökümdarlyk edipdir. Orta asyr taryhçylarynyň bellemeklerine görä, ol beýik Soltan Sanjaryň iň wepaly döwlet işgäri bolupdyr. Onuň bilen ähli meseleler boýunça ylalaşykda özüne ynanylan ýurdy dolandyrypdyr. Jüweýniniň we beýleki orta asyr taryhçylarynyň belleýişlerine görä, Soltan Sanjaryň köşgüne sowgat serpaý bilen tagzym etmäge bir ýyl Muhammet I-niň özi gidipdir, beýleki ýyl ogly Atsyzy ýollapdyr. Şol döwürde, Horezmde parahatçylyk, asudalyk dowam edipdir we 1017-nji ýylda Mahmyt Gaznalynyň bu ýurtda eden weýrançylyklaryndan soň, ylym we bilim täzeden ösüp ugrapdyr. Bu işlerde Muhammet I ibn Anuşteginiň şahsy hyzmatlary az bolmandyr. Ibn al Esiriň belleýşine görä, «ol her tarapdan zehinli hökümdar bolupdyr. Alymlar we ruhanylar ony hormatlapdyrlar, ol olara ýakyn adam bolupdyr. Öz raýatlaryna adyllyk bilen seredipdir, olar bolsa ony mahabatlandyrypdyrlar hem onuň adyny arşa göteripdirler». Muhammet I ibn Anuşteginiň hususy kitaphanasy bolupdyr diýip ynamly çak etmek mümkin. Çünki ol özüniň hökumdarlyk eden döwründe ylmyň dürli pudaklaryna degişli köpsanly kitaplary toplapdyr. Ýöne onuň kitaphanasy baradaky maglumatlar saklanyp galmandyr.

## 3.3. Horezmşa Atsyzyň kitaphanasy

Atsyz ibn Muhammet I ibn Anuştegin 1097-nji ýylda Gürgençde doglupdyr, başlangyç bilimi ýerli mekdepde alypdyr. Soňra kakasy

horezmşa Muhammet I ogly Atsyzy okuwyny dowam etdirmek hem-de geljekki döwlet işine taýýarlamak üçin Merwe ýollapdyr. Atsyz bu ýerde medresäni tamamlap, arap we pars dillerini ýokary dereje-de özleşdiripdir. 1128-nji ýylda Muhammet I dünýäden ötenden soň, özüne wepadarlyk bilen oňat gulluk edendigine mynasyp baha berip, Soltan Sanjar onuň ogly Atsyzy Horezmiň täze dikmesi edip belläpdir we horezmşa derejesini tassyklapdyr. Döwleti dolandyrmak boýunça bu iki şahsyýetiň arasynda özara düşünişmezlikleriň we pajygaly ýagdaýlaryň bolup geçendigine seretmezden, parasatly we tanymal serkerdebaşy Atsyz beýik Soltan Sanjaryň döwürdeşi we iň ýakyn egindeşi bolupdyr.

Dünýä alymlary Gürgençde täze beýik türkmen Anuşteginler imperiýasynyň ýüze çykmagynyň gözbaşyny Atsyz ibn Muhammet I-niň, ibn Anuşteginiň Horezmi dolandyran döwründen alyp gaýdýarlar. Şonuň üçin hem bu hökümdar bilen bagly esasy pursatlaryň üstünde gysgaça durup geçeliň.

Atsyzyň hökümdarlyk eden döwründe onuň alyp baran döwlet işlerinde we daşary syýasatynda biri-birine gabat gelmeýän iki sany döwri görýäris. Birinjisi, 1128–1138-nji ýyllarda Atsyz özüniň kakasy Muhammet I ýaly, Soltan Sanjara ähli babatlarda wepadarlyk bilen gulluk edipdir. Ol Soltan Sanjaryň meşhur we gaýduwsyz serkerdebaşysy bolupdyr. Juweýniniň belleýşine görä, «Batyrlykda oňa taý geljek adam bolmandyr. Soltana gulluk edip, ol köp ýeňişler gazanypdyr. Hat-da, Atsyz bir gezek Soltan Sanjary görnetin ölümden hem halas edipdir». Ibn al Esiriň belleýşine görä, Atsyz ýurdy dolandyryp ugranda «Soltan Sanjar ony özüne ýakynlaşdyrypdyr, mertebesini ýokary galdyrypdyr we onuň kömeginden peýdalanypdyr, öz ýany bilen ýörişlere alyp gidipdir. Onuň başarjaňlygy we gaýduwsyzlygy aýan bolup, abraýy öňküden-de beýgelipdir». Bu iki beýik şahsyýetiň arasyna tow düşmegine we biri-birinden daşlaşmagyna aşakdaky ýagdaý sebäp bolupdyr.

1135–1136-njy ýyllarda Soltan Sanjaryň Gaznewi patyşasy Bährem şanyň turzan gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Balha ýöriş eden we 1136-njy ýylyň iýul-awgust aýlary bu şäheri eýelän mahallary hem Atsyz onuň ýanynda bolupdyr. Soltan Atsyzy şäheriň häkimi (kutwaly) edip belläpdir we oňa goşuny azyk harytlary, atlary

otiýmler bilen üpjün etmegi tabşyrypdyr. Bu wakalardan soň, Sanjarda onuň wepadarlygyna bolan ynamy has hem artypdyr. Atsyzyň döwletiň içindäki abraýy we hormaty günsaýyn beýgelipdir. Soltan oňa täze serpaýlary ýapypdyr we hormatlapdyr. Ýöne, patyşalyklaryň köşgünde adat bolan gybat-gürrüňlerden, arabozar pirimlerden we göripçiliklerden Soltan Sanjaryň köşgi hem halas bolmandyr.

Döwletiň şazadalary we emirleri Atsyza görübilmezçilik edipdirler we onuň janyna kast etmekligi meýilleşdiripdirler. Bu ýöriş döwründe ol özüniň garşysyna emirleriň duşmançylykly gizlin hereketlerini aňypdyr, şol sanda Soltan Sanjaryň hem şol gybat gürrüňlere gulak gabardýandygyny we olaryň täsirine düşüp ugrandygyny, onuň özüne bolan garaýşynyň hem üýtgändigini duýupdyr. Şeýle bolansoň, Atsyz Soltan Sanjardan watany Horezme goýbermegini sorapdyr. Atsyza rugsat berende, onuň nähili halda ugrandygyny soltanyň özi hem aňypdyr. Haçan da, Atsyz Balhdan çykyp ugranda Soltan Sanjar öz ýakynlaryna şeýle diýipdir: «Ol gitdi, biz indi ony hiç mahal görmeris». Şonda Sanjaryň töweregindäki şazadalar we emirler ondan sorapdyrlar: «Eger Siziň Alyjenabyňyzyň bu barada berk ynamy bar bolsa, onda näme üçin oňa Horezme gaýtmaga rugsat berdiňiz?

«Atsyzyň bitiren hyzmatlary bizi onuň öňünde ägirt köp zatlara borçly edýär. Oňa zyýan ýetirmek geçirimlilik we rehimdarlyk baradaky biziň meýillerimize çapraz gelerdi» diýip, Soltan Sanjar olara jogap beripdir.

Şol pursatdan soň, horezmşa Atsyzyň döwlet ýolbaşçysy we serkerdebaşysy hökmünde alyp baran syýasatynyň ikinji döwri başlanypdyr. Ol tutuşlygyna Horezmiň özbaşdaklygyny gazanmak bilen bagly hereketler bolupdyr. Elbetde, bu syýasat merkezi döwlet bilen onuň gyrak çetinde ýerleşen Horezm welaýatynyň arasynda düýpli çaknyşyklara getiripdir. Balhdan Horezme gaýdyp gelen badyna Atsyz öz hökümdarlyk edýän welaýatynyň harby güýjüni kuwwatlandyrmak üçin juda möhüm bolan sebitleri – gündogarda Syrderýanyň aşak akymyndaky ýerleri we Jend şäherini, demirgazykda Maňgyşlak ýarymadasyny Horezme birikdirip, onuň çäklerini iki esseden hem gowrak giňeldipdir. Bu onuň öz hökümdarynyň garşysyna eden ilkinji özbaşdak herteketi bolupdyr. Soltan Sanjar, öz gezeginde, özdiýenli dikmesine temmi bermek maksady bilen, 1138-

-nji ýylyň oktýabr aýynda uly goşun çekip Horezme gelipdir. Hazarasp galasynda uly uruş bolup, Atsyzyň goşunlary ýeňlipdir 10 müň sany esgeri öldürilipdir. Bu uruşda ýesir alnan Atsyzyň 12 ýaşly Atlyk atly ogluny hem döwletiň begzadalarynyň öňünde şol bada öldüripdirler. Atsyz wagtlaýynça Horezmden gaçyp gitmeli bolupdyr. Soltan Sanjar öz ýegeni Süleýman şany Horezmiň dikmesi edip belläpdir. Emma welaýatyň täze hökümdary işine girişip hem ýetişmändir. 1139-njy ýylyň fewralynda ýerli ilatyň talap etmegi boýunça Atsyz Horezme dolanyp gelipdir we Süleýmany ýurtdan kowup çykarypdyr. Wakalaryň şeýle dartgynly pursatlarynda hem Atsyz 1141-nji ýylyň maý aýynda özüniň Soltan Sanjaryň raýaty bolup galýandygy baradaky uly kasamnamasyny ýollapdyr.

Atsyz Soltan Sanjaryň ýanyndan gideninden soň, beýik Seljuk hökümdary galan ömründe düýpli şowsuzlyklara uçrapdyr. 1141--nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Samarkandyň 30 km demirgazygynda Katwan düzlüginde Seljuklaryň döwleti bilen Horasany basyp almakçy bolan we heniz musulman dinini kabul etmedik garahytaýlylaryň arasynda uly söweş bolupdyr. Bu uruşda Soltan Sanjar hökümdarlyk eden uzak döwrüniň dowamynda ilkinji gezek aýylganç ýeňlişe sezewar bolupdyr, onuň esgerleriniň 30 000 sanysy öldürilipdir. Soltan alty sany atly esgeri bilen gaçyp, janyny gutarypdyr. 1142-nji ýylyň maý aýynda Atsyz Nişapur şäherini eýeläp, onuň ýaşaýjylaryna iberen ýüzlenmesinde şeýle diýipdir: «Sanjaryň garahytaýlylar bilen bolan uruşda betbagtlyga uçramagy biziň oňa wepadarlyk bilen eden gullugumyzyň gadyryny bilmänligi üçin berlen jezadyr. Oňa ökünmek, puşman etmek peýda berermi ýa-da ýok – bilmeýäris. Biziň ýaly ygtybarly arkadaýanjy we döwletiniň wepadar dostuny ol indi hiç ýerde görmez».

Atsyzyň Horezmiň garaşsyzlygy ugrundaky özdiýenli hereketlerine jogap edip, Soltan Sanjar 1143, 1147-nji ýyllarda Atsyzyň garşysyna Horezme ýene-de iki gezek ýöriş edipdir, ýöne bu saparlaryň ikisinde-de meseleler parahatçylykly ýol bilen çözülipdir.

Seljuk döwletine urlan iň soňky derbi-dagyn ediji zarba 1153-nji ýyldaky oguzlaryň gozgalaňy bolupdyr. Onuň esasy sebäbi döwletiň salgyt ýygnaýjylarynyň oguz emirlerini äsgermezçilik etmekleri we tutuş ilaty çensiz-çaksyz ezmekleri, emläklerini talamaklary bo-

lupdyr. Netijede, hökümet goşunlary bilen bolan uly söweşde oguzlar düýpli ýeňiş gazanyp, Soltan Sanjaryň özüni hem ýesir alypdyrlar. Wakalaryň döwürdeş taryhçysy al Ysfyhanynyň (1125–1201 ý.) belleýşine görä, «oguzlar Soltan Sanjary onuň ýoldaşlaryndan aýrypdyrlar. Soltan Sanjar oguzlaryň arasynda üç ýyllap ýesirlikde galypdyr. Oňa az mukdarda iýer ýaly nahar we suw beripdirler, ýöne tagtda oturdypdyrlar, özleri onuň gapdalynda dik durupdyrlar».

Soltan Sanjara 1156-njy ýylyň başynda bir serkerdebaşysynyň kömegi bilen ýesirlikden gaçyp, Termeze barmak başardypdyr. Atsyz ol baradaky habary şol ýylyň aprel aýynda Türkmenistanyň günortasynda Nusaýdan 6 km demirgazykda ýerleşen Şähristan şäherine gelen mahaly eşidipdir. Ol Nusaýdan Soltan Sanjara resminama ýollap, ony sag-aman ýesirlikden boşandygy bilen gutlapdyr we özüniň onuň tabynlygynda galýandygyny nobatdaky sapar tassyklapdyr. Ol öz esgerleriniň soltanyň goşuny bilen birleşmek üçin Termeze barmak, ýa-da Horezme dolanmak, ýogsa-da, Horasanda saklanmak, barada Soltanyň buýrugyna garaşýandygyny belläpdir. Şeýle-de Atsyz Seljuk imperiýasynyň beýleki welaýatlarynyň emirlerine hat ýollap, kyn döwürde Soltan Sanjary ähli babatlarda goldamaklyga çagyrypdyr. Şeýle mazmunly haty ol oguzlaryň uçuk taýpasyndan bolan öňbaşçysy Tuty bege hem ýollapdyr. Ondan bir parça salgylanyp göreliň: «Dünýäniň hökümdary, beýik soltan, gündogaryň we günbataryň eýesi (Sanjar) paýtagt şäher Merwde bolan mahaly, oguzlaryň goşuny Horasana kürsäp girdi, kuwwatly döwletiň sadyk gullary (şäheriň ýaşaýjylary) Merwden çykyp gitdiler. Şol mahal dünýäniň hökümdary, eger islese, ol hem gidip bilerdi, çünki Rum ýurdunyň aňry gyrasyna çenli, ähli ýerler dünýäniň hökümdarynyň emlägidi, ol şeýle bolmagynda hem galýar. Ol nirä gadam ursa, özüniň sadyk gullaryny we olaryň çagalaryny görerdi. Hemmeler oňa gulluk edip, öz janlaryny pida emeklige taýýardylar. Şol döwürde, hiç kim onuň garşysyna gitmäge milt edip bilmeýärdi. Emma, hökümdar oguzlaryň goşunynyň esgerleriniň öz raýatydygy barada döwlet derejesinde pikir ýöredip hem-de olaryň tabynlygyna bil baglap, mähir-muhabbetlik bildirip, meýletinlikde olaryň arasyna bardy. Oguzlaryň goşuny şeýle hormatyň bahasyny bilmelidiler, Allatagalanyň bu sowgadyna gadyrbilmezlik etmeli däldiler, tersine, dünýäniň hököm-

daryna günsaýyn berk we wepadarlyk bilen gulluk edip, onuň Aly hezretinde gahar gazap we alada dörär ýaly hiç hili hereketleri etmeli däldiler». W. W. Bartold Atsyzyň Tuty bege iberen bu resminamasyna şol döwrüň «gündogar diplomatiýasynyň ajaýyp nusgalarynyň biri» diýip, ýokary baha beripdir.

Atsyz Horasanyň Habuşan şäherinde ysmaz keseline uçrap, 1156--njy ýylyň 30-njy iýulynda ýogalypdyr. Çeşmeleriň maglumatlarynyň esasynda alymlar Atsyz 59 ýa-da 61 ýyl ýaşapdyr diýip netije çykarypdyrlar. Atsyzyň ogly Il Arslan kakasynyň jesedini Gürgenje äkidip, uly hormat bilen jaýlapdyr.

1156-njy ýylyň 22-nji awgustynda Atsyzyň tagtyna onuň ogly Il Arslan geçipdir. Oguzlaryň ýesirliginden boşap, Termezden Merwe ýaňy gelen Soltan Sanjar Il Arslanyň horezmşa derejesini öz permany bilen tassyklapdyr we oňa gymmat bahaly halat serpaý ýollapdyr. Şondan soň Soltan Sanjar hem 1157-nji ýylyň 9-njy maýynda 71 ýaşynyň içinde dünýäden ötüpdir. Bu ýitgi zerarly Il Arslan Horezmde üç günläp ýas tutmagy yglan edipdir. Bu iki beýik şahsyýetiň (Soltan Sanjaryň we Atsyzyň) döwleti dolandyrmak işlerinde we özara gatnaşyklarynda oňyn hereketlar bilen bir hatarda, agyr pursatlaryň bolup geçendiklerine seretmezden, olaryň ikisi hem ömürleriniň ahyryna çenli ýürekleriniň töründe biri-birine bolan hormaty we sylagy saklap gelipdirler.

XII–XIV asyrlaryň taryhçylary Atsyza Soltan Sanjaryň tagtynyň we ýurdunyň mirasdüşeri hökmünde baha beripdirler. Ibn al Esiriň pikirine görä, «Atsyz Seljuk döwletiniň sütünleriniň biri bolupdyr», al Hüseýniniň belleýşinje görä, «Sanjaryň ölüminden soň Seljuklaryň Mawerannahrdaky we Bagdatdaky hökmürowanlygy tamamlanypdyr hem onuň ýurduny horezmşa Atsyz eýeläpdir». Ibn Hallikanyň belleýşine görä, «Soltan Sanjar dünýäden ötenden soň, Horasanda seljuklaryň nesilşalygy ýaşamagyny bes edipdir, olaryň patyşalygynyň esasy bölegi Atsyz ibn Muhammet ibn Anuşteginiň tabynlygyna geçipdir». Elbetde, bu tassyklamalar ýöne ýerden bolmandyr. Olar Atsyzyň at abraýynyň, şan şöhratynyň orta asyrlar döwründe tutuş musulman dünýäsine ýaýrandygyndan habar berýär. Bu tassyklamalary teswirläp, W. W. Bartold şeýle belläpdir: «Atsyz seljuk Soltanynyň tabynlygynda bolup, dünýäden ötüpdir. Oňa seret-

mezden, onuň, hakykatdan hem, Horezmde kuwwatly täze türkmen nesilşalygyny esaslandyryjy bolandygyny ykrar etmelidiris. Öz ýurduna Jendi we Müňgyşlagy birikdirmek bilen ol goňşy çarwadar halklary Horezme bagly edipdir. Özüniň harby güýçlerini hakynatutma türk (türkmen diýip oka – A. Ý.) goşun bölekleri bilen artdyryp, ol güýçli we garaşsyz döwletiň düýbüni tutupdyr. Atsyzyň mirasdüşerleri bu ugur boýunça göwün awlaýjy tutanýerlilik bilen öňe gidipdirler. Öz nesilşalygynyň bähbidini arap, başarjaňlyk we dogry ýol bilen maksatlaryna ýetmek üçin ymtylypdyrlar».

Ýokarda getirilen deliller Anuşteginleriň döwletiniň Seljuk imperiýasynyň gönüden-göni mirasdüşeri we ony dowam etdiriji bolandygyna şek-şübhe galdyrmaýar. Anuşteginleriň imperiýasy orta asyrlar döwründe türkmen döwletliligini üç asyra çenli uzaldypdyrlar we ony XIII asyryň 20-nji ýyllarynyň başynda, mongol çozuşlaryna çenli dowam etdirijiler bolupdyrlar. Şonuň üçin, türkmen alymlary Seljuklaryň we Anuşteginleriň imperiýalarynyň taryhyny deň derejede, düýpli öwrenmäge borçludyrlar.

Horezmşa Atsyz bilen bagly ikinji mesele Gürgenjiň XI asyrdaky ylmy we medeni durmuşydyr.

1017-nji ýylda Mahmyt Gaznaly Horezmi basyp alyp, horezmşa al Mamun II-niň 1000-nji ýylda döreden akademiýasynda saklanýan kitaplary alymlar bilen bilelikde Gazna şäherine alyp gideninden soň, tä bu asyryň ahyryna çenli 80 ýylyň dowamynda Gürgençde ylym we medeniýet pese düşüpdir. Ony täzeden janlandyran, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Anuşteginler nesilşalygyndan bolan ilkinji hökümdar Muhammet I bolupdyr. Onuň ogly Atsyz täze döwletiň ylmy we medeni durmuşyny has hem ýaýbaňlandyryjy bolupdyr.

Abul Fazl Beýhakiniň, Ibn al Esiriň, Aufynyň, Jüweýniniň, Mirhondyň, Ibn Haldunyň berýän maglumatlaryna laýyklykda, Atsyz alymlara we ruhanylara penakärlik eden hökümdar bolupdyr, döwrüniň tanymal alymlaryny öz ýurduna çagyrypdyr. Megerem, XI asyryň başynda Horezmşa al Mamun II-niň Gürgençde döreden akademiýasynyň täsiri heniz adamlaryň huşunda saklanyp galan bolsa gerek. Atsyzyň hem ondan ylham alan bolmagy ähtimaldyr. Ol özüniň ajaýyp kitaphanasyny esaslandyrypdyr. Atsyzyň arap dilini bilşi hem-de onuň kitaphanasy barada beýik alym, hudaýşynas az Zamahşary

özüniň «Mukaddimet-ul-adab» (Dil bilimine giriş) atly eserinde şeýle belläpdir: «Allatagala Atsyz ibn Muhammet I ibn Anuşteginiň kalbyna arap diline bolan höwesi guýupdyr. Ol menden özüniň baý kitaphanasy üçin dil bilimine degişli bir kitap ýazmagymy haýyş etdi. Men onuň emrine hormat goýup, bu kitaby ýazyp, sowgat berdim. Men bu kitabymyň ähli ýurtlarda kabul edilip, Atsyzyň beýik adynyň ähli dillerde ýatlanylmagyny maksat edindim»

XII–XIII asyryň tanymal edebiýatçylary we taryhçylary Atsyzyň pars dilinde goşgy ýazandygyny belläpdirler. Bu barada, Muhammet Aufynyň berýän maglumatlary aýratyn gymmatlydyr. Ol özüniň 1221--nji ýylda düzüp gutaran «Lubab al albab» (Naýbaşy danalar) atly tezkiresiniň 1-nji tomunyň 5-nji babynda 27 sany hökümdar şahyrlar we olaryň eserleri barada maglumatlary getirip, Atsyz barada şeýle ýazypdyr: «Men onuň «Diwanynyň» (bu ýerde Aufy Gur döwletiniň hökümdary Alaeddin al Hüseýin ibn al Hasan al Gurynyň (1149––1161 ý.) «Diwanyny» göz öňünde tutýar – A. Ý.) soltan Atsyzyň «Diwany» bilen bilelikde bir jiltde ýerleşdirilen kitabyny Samarkandyň «Serdu abdar» kitaphanasynda görüp, okadym». Diýmek, Atsyzyň «Diwany» ol dünýäden ötenden soň 65 ýylyň dowamynda saklanyp gelipdir. Ýöne bu iki hökümdaryň «Diwanlary» biziň döwrümize çenli gelip ýetmändir. Olaryň, beýleki köp kitaplar bilen bir hatarda 1220-nji ýyldan soň, mongol basybalyjylary döwründe ýok edilen bolmagy ähtimaldyr. Şeýle-de, Aufy soltan Atsyz baradaky maglumatlaryny Anuşteginler döwletiniň diwanhanasynyň işgäri Ymadeddin Kätipden alandygyny ýörite belläpdir. Aufynyň ep-esli wagt Gürgençde ýaşap, onuň kitaphanalarynyň baý genji-hazynasyndan peýdalanmagy hem bu alymyň Atsyz barada berýän maglumatlarynyň ygtybarlylygynyň peýdasynadyr. Şeýlelikde, Atsyzyň goşgularyndan diňe Aufynyň ady tutulan tezkiresinde getiren bölekleri saklanyp galypdyr. XIII asyryň tanymal taryhçysy Jüweýni hem Atsyzyň pars dilinde ýazan köp sanly goşgularynyň we rubagylarynyň bolandygyny belläp geçipdir.

Az Zamahşarydan başga-da, alymlaryň birnäçesi Atsyzy hormatlap, onuň şanyna öz eserlerini bagyşlapdyrlar. Döwletiň kätibi Reşideddin Watwatyň «Hadaik as sihr fi dakaik aşşir» («Şygryň inçeligindäki täsin bossanlyklar»), alym-tebip al Hekim Aly ibn Muhammet al Hijazi al Kainiň «Kitab fIl hikma» («Paýhas bara-

da kitap»)  atly işleri şeýle eserlerdendir. Şeýle işler sanap geçerden kändir. Atsyzyň meşhur pelsepeçi Behaeddin al Haraka bolan gatnaşygy barada Reşideddin Watwat şeýle diýip ýazýar: «Ol Merwiň akyldarlarynyň biri bolupdyr. Onuň älemşynaslyga we logika degişli eserleri bar. Al Harakynyň ylmyndan peýdalanmak üçin dünýäniň adyl soltany Atsyz ony Merwden Horezme alyp gidipdir. Onuň taryha degişli eserleri hem bar». Şonuň ýaly, maglumata biz Abu l Hasan Beýhakiniň (Ibn Fundugyň) «Tatimma» atly eserinde-de duş gelýäris. Ol meşhur türkmen alym-tebibi Seýit Jürjany barada söhbet edip, şeýle ýazypdyr: «Ol özüniň ajaýyp eserleri bilen tebipçilik ylmyny we ylmyň beýleki pudaklaryny täzeden dikeltdi. Men (al Beýhaki) ony 1136-njy ýylda Saragtda gördüm. Ol eýýäm gartaşan adamdy. Onuň bilen uzak wagtlap dünýäniň adyl soltany Atsyz biçak ysnyşykly boldy. Horezmde ol aşakdaky eserlerini ýazdy: «At Tibb al muluki» («Patyşa lukmançylygy»), «Kitab al agrad» («Janypkeşlik»), «Kitab firradd alalfalasifa» («Pelsepeçileriň pikirleriniň ygtybarsyzlygy»), «Kitab tadbir ýaum wa laýla» («Günüň we gijäniň tertibi»), «Kitab wasif-name» («Ýetginjeklik döwri barada kitap») we başgalar. Il arasynda onuň eserleri barada oňat pikirler ýaýrapdyr we olar hormatdan peýdalanýan kitaplardyr. Ygtybarly adamlardan eşidişime görä, ol açyk göwünli we hoşniýetli adam bolupdyr». Bu agzalan kitaplaryň ählisi Atsyzyň kitaphanasynda saklanyp gelipdir.

Owgan alymy, professor G. F. Nilab Rahimi bu barada şeýle ýazypdyr: «Atsyz Horezmde (Gürgençde) kitaphana döredipdir, ondan alymlar peýdalanypdyrlar. Bu kitaphana 1220-nji ýylda şäheri mongol basybalyjylary eýelän döwründe ýok edilipdir». Biz Atsyzyň kitaphanasynyň döredilen wagtyny onuň hökümdarlyk eden döwrüniň ortasyndan, ýagny 1142-nji ýyldan başlap hasap edenimizde-de, bu ylym ojagy özüniň ýok edilen döwrüne çenli bir asyra golaý wagt ilata hyzmat edip gelipdir. Atsyzyň bu ugurda başlan işini ondan soňky döwürlerde döwletiň başyna geçen mirasdüşer hökümdarlary başarjaňlyk bilen dowam etdiripdirler. Netijede, Gürgençde XII asyryň ikinji ýarymynda we XIII asyryň ilkinji iki onýyllygynda ylym ojaklarynyň giň ulgamy döredilipdir. Şol döwürde bu şäher musulman dünýäsiniň iň uly ylmy we medeni merkezine öwrülipdir. Gürgençde

orta asyrlar döwrüniň musulman awtorlarynyň naýbaşy eserleri döredilipdir. Şonuň üçin hem, meşhur alym Ýakut Hamawy Merwiň kitaphanalaryndaky genji-hazynalary bilen üç ýylyň dowamynda ymykly işländen soň, Gürgenjiň ajaýyp kitaphanalarynda hem ýarym ýyldan gowrak wagt işläpdir.

## 3.4. Il Arslanyň döwründe ylym we medeniýet

Atsyzyň ogly Il Arslan 1156–1172-nji ýyllarda 16 ýyllap Horezmde hökümdarlyk edipdir. Ol Gürgençde medresäni gutaryp, düýpli bilim alypdyr, arap we pars dillerini bilipdir, köp kitaplary ýygnapdyr. Edil kakasynyň şalyk süren döwrüniň ikinji ýarymynda bolşy ýaly, Il Arslan hem özüniň hökümdarlyk eden döwrüniň bütin dowamynda Horezmiň garaşsyzlygyny gazanmak, ony kuwwatlandyrmak üçin tutanýerli göreşleri alyp barypdyr. Şonuň bilen bir wagtda Il Arslan özüniň Soltan Sanjaryň tabynlygynadaky welaýatyň hökümdarydygyny hem ünsden düşürmändir.

Il Arslan parasatly syýasatçy we güýçli döwletiň hökümdary hökmünde Horasandaky wakalara işjeň gatnaşypdyr. 1158-nji ýylyň tomsunda Horasana harby ýöriş bilen gelen mahaly ony Mäne şäherçesiniň eteginde Abu Seýit Abul Haýyr Mehneýiniň (967–1049 ý.) nebereleri uly hormat bilen garşylapdyrlar we oňa meşhur pelsepeçiniň durmuşy, alyp baran işleri barada gürrüň beripdirler.

Il Arslan basym Horasanyň ep-esli bölegini öz döwletine birikdiripdir. 1167-nji ýylyň iýun aýynda Nişapur şäherini eýeläninden soň, ol ýuwaş ýuwaşdan Yragyň içerki işlerine hem gatnaşyp ugrapdyr we onuň belli bir bölegini Horezme birikdiripdir.

Il Arslanyň hususy kitaphanasy barada çeşmelerde anyk maglumatlar berilmändir. Ýöne onuň ylma, bilime, medeniýete howandarlyk edendigi, özüne döwürdeş tanymal alymlary hormatlandygy barada maglumatlar köp. Şol döwürde Gürgençde, kuwwatly döwletiň paýtagty, ylmy we medeni merkez hökmünde, medreseleriň, kitaphanalaryň giň ulgamy işläpdir. Üç sany türkmen hökümdarynyň (Atsyzyň, Il Arslanyň we Tekeşiň) köşk kätibi (munşisi) bolup işlän

meşhur şahyr Reşideddin Watwatyň (1114–1182 ý.) şaýatlyk etmegine görä, Gürgenç «ähli döwürlerde ylym adamlarynyň, akyldarlaryň ýaşan we kerwenleriniň saklanyp geçen ýeri bolupdyr».

## 3.5. Soltan Tekeşiň kitaphanasy

S. P. Tolstowyň belleýşine görä, 1172–1200-nji ýyllarda hökümdarlyk eden Il Arslanyň ogly Tekeş, orta asyr Horezm imperiýasynyň hakyky esaslandyryjysy bolupdyr. 1194-nji ýylyň 19-njy martynda Reý (häzirki Tähran) şäheriniň golaýynda iň soňky seljuk Soltany Togrul III-niň (1175–1194 ý.) goşuny bilen bolan söweşde ýeňiş gazananyndan soň, Tekeşiň abraýy has hem artypdyr. W. W. Bartoldyň belleýşine görä, «1194-nji ýylda Pars Yragyndaky (Irak adjamy) ýeňşinden soň, Tekeş çaklaň ýerli patyşalygyndan kuwwatly döwletiň hökümdaryna öwrülipdir we şol döwürden başlap, zikgeleden teňňelerinde özüni horezmşanyň ogly soltan diýip atlandyrypdyr». Bu ýeňişden soň, Tekeş özüni Günbatar Aziýada agalyk süren seljuk hökümdarlarynyň mirasdüşeri hasap etmäge mümkinçilik alypdyr we şeýle nukdaýnazardan bu derejäni ykrar etmegini halypadan talap edip, çykyş edipdir» diýip, W. W. Bartold nygtapdyr. Tekeş şa teňňelerinde özüni Horezmşa däl-de, Horezmşanyň ogly, Soltan diýip atlandyryp başlapdyr. Anuşteginler nesilşalygynyň döwleti hakykatdan hem, bu wakadan soň musulman dünýäsiniň gündogaryndaky uly imperiýa öwrülipdir. Ol Orta Aziýany, Eýrany, Yragyň gündogar bölegini, Azerbaýjany, Arabystany we Omany öz içine alypdyr.

Soltan Tekeşiň şahsyýeti we onuň ylym, medeniýet boýunca alyp baran işleri barada dürli çeşmelerde maglumatlar berlipdir. Şol maglumatlara laýyklykda, ol üýtgeşik ukyply hökümdar, tanymal syýasatçy we başarjaň goşun serkerdesi bolupdyr. Hususan da, Ibn al Esir Tekeş barada şeýle ýazypdyr: «Ol bilimli we ylmyň dürli pudaklaryndan oňat baş çykarýan hökümdar bolupdyr, musulman dininiň hanafy mezhebine uýupdyr we düzgünlerini özleşdiripdir. Adalatlylygy, alyp baran haýyr-yhsan işleri bilen öz raýatlarynyň arasynda uly hormatdan peýdalanypdyr».

Tekeşiň kitaphanasy barada taryhçy Täçeddin ibn Anjab ibn as Sai (1275-nji ýylda ýogalypdyr) «Jami al muhtasar» («Çeşmeleriň

gysgaça ýygyndysy») atly eserinde şeýle maglumatlary beripdir: «Alaeddin diýip atlandyrylan soltan Tekeş Horezmde (Gürgençde) medrese gurdurypdyr. Seljuk soltanlary bilen bäsleşip, medresäni hanafylar üçin niýetläpdir we onuň ýanynda kitaphanany hem esaslandyrypdyr. Şol döwürde Tekeş Horezme, Horasanyň bir bölegine, Reýe we al Jabalanyň* ýurtlaryna hökümdarlyk edipdir. Raýatlaryna adyllyk bilen garapdyr, hanafy mezhebiniň esasyny we hukukşynaslyk pudaklaryny bilipdir. Olar bilen meşgullanypdyr we alymlaryň çekişmelerini gurnapdyr. Tekeş 596-njy ýylyň remezan aýynyň 20-sinde (1200-nji ýylyň 3-nji iýunynda), babasy horezmşa Atsyz ýaly, Nusaý galasynyň golaýyndaky Şähristan şäherinde dünýäden ötüpdir. Onuň ogly Kutubeddin Muhammet kakasynyň jesedini Gürgenje äkidip, Tekeşiň medresesiniň binasynyň gapdalynda özi üçin gurduran aramgähinde jaýlapdyr». Bu aramgäh biziň günlerimize çenli oňat halda saklanyp galypdyr.

Soltan Tekeş özünden öňki we öz neberesinden bolan hökümdarlar (Muhammet I, Atsyz, Il Arslan,) ýaly, beýik Seljuk imperiýasynyň paýtagty Merwiň ajaýyp kitaphanalary bilen oňat tanyş bolupdyr. Olara kybapdaş ylmy we medeni merkezleri Gürgençde hem döredipdir. Tekeşiň Gürgençdäki kitaphanasy bu şäherdäki şeýle edaralaryň iň ulularynyň biri bolupdyr. Şeýle-de, ýokardaky parçada sanalyp geçilen ýurtlaryň adyny we olaryň öz döwletine birikdirilen döwrüni nazara alyp, Tekeşiň kitaphanasynyň döredilen wagtyny takmynan kesgitlemek mümkin. Ol XII asyryň 80-nji ýyllarynyň birinji ýarymynda esaslandyrylypdyr. Jüweýniniň belleýşine görä, bu kitaphananyň hazynahanasyndan peýdalanyp, meşhur alym Fahreddin Abu Abdylla Muhammet ibn Omar ar Razy (1212-nji ýylda ýogalypdyr). Soltan Tekeş üçin «Jami al ulum» («Bilimleriň ýygyndysy») atly ensiklopedik eserini ýazypdyr. Onda ylmyň 57 pudagy boýunça maglumatlar ýerleşdirilipdir.

XX asyryň 80-nji ýyllarynda Gürgençde geçirilen arheologiýa gazuw-agtaryş işleri döwründe näbelli binalaryň düýbüniň üsti açylypdyr. Olaryň soltan Tekeşiň gurduran medresesiniň we kitaphanasynyň galyndylary bolmagynyň mümkindigini alymlar çak edip-

---

*Gurlularyň daglyk ýurdy göz öňünde tutulýar. Ol Hyradyň gündogarynda we günorta-gündogarynda, Garjystanyň hem Guzganyň günortasynda ýerleşýär.

dirler. Emma, gazuw-gözleg işleri gutarylman galypdyr. Ol işleriň dowam etdirilmegi Türkmenistanyň orta asyrlar döwründäki bu möhüm ylmy we medeni ojaklaryny has oňat bilmeklige kömek ederdi. Soltan Tekeşiň kitaphanasy özüni esaslandyryjydan soň, ýarym asyra golaý wagtyň dowamynda işläpdir we Gürgenji mongollaryň basyp alan döwründe ýok edilipdir.

Tekeş şeýle-de, yslamyň hanafy mezhebine uýýan Merwiň ýaşaýjylary üçin hem uly juma metjidini gurdurypdyr. Onuň ýanynda kitaphananyň hem bolan bolmagy ähtimaldyr.

## 3.6. Muhammet II-niň kitaphanasy

Soltan Tekeşiň ogly Soltan Muhammet II 1200–1220-nji ýyllarda hökümdarlyk edipdir. Bu ýyllar Anuşteginleriň döwletiniň ösüp, iň ýokary derejä ýeten we dargap giden döwri bolupdyr. 1208-nji ýylda gurlular, 1210-njy ýylda garahytaýlylar bilen bolan söweşlerde ýeňiş gazananyndan soň, Muhammet II-niň abraýy artypdyr, onuň döwleti musulman dünýäsiniň kuwwatly imperiýasyna öwrülipdir. Aýratyn hem, garahytaýlylardan gazanylan ýeňiş «Horezmşalaryň döwletiniň gazanan uly üstünligi bolupdyr. Döwletiň gaznasyna uçursyz köp mukdarda baýlyk gelip gowşupdyr. Emma, ýeňşiň esasy ähmiýeti Muhammet II-niň öz döwletiniň doly garaşsyzlygyny gazananlygyndan ybarat bolupdyr. Mundan beýläk, sebitiň hiç bir hökümdary Horezm döwletiniň üstünden agalyk etmäge milt edip bilmändir. Tersine, bu döwletiň hökümdarynyň beýleki döwletleriň we halklaryň ykballaryny çözýän döwri gelip ýetipdir» diýip, akademik Z. M. Buniýatow adalatly belläpdir.

Şeýle ýagdaýda Muhammet II-niň abbasy halypasy an Nasirden diňe bir halyfatyň paýtagynda öz adyna hutba okalmagyny däl, eýsem, özüne yslamyň we musulmanlaryň soltany diýen atlary bermegini hem talap edipdir. Bu talaplary halypa an Nasir erjellik bilen ret edipdir. Netijede, halypa bilen horezm soltanynyň arasy bütinleý bozulypdyr. Haçan da, Muhammet II öz döwletiniň çäklerinden haja gidýänlere ýolda päsgelçilik berilýändigini bilen mahaly onuň takaty tamamlanypdyr. Şondan soň, ol öz döwletiniň çäklerinde hutba oka-

landa halypa an Nasiriň adyny tutmazlygy, şa teňňeler zikgelenende hem onuň adyny aýyrmaklygy buýrupdyr. 1212-nji ýylda Muhammet II öz ýurdunyň ulamalarynyň we ymamlarynyň an Nasiri halypa wezipesinden boşatmak we onuň ornuna dört çaryýarlaryň soňkusy Ali ibn Abu Talybyň ogly Hüseýniň neberesinden bolan Ala al Mülk at Termezini halypa bellemek boýunça fetwasyny alypdyr we bu işi berjaý etmek üçin 1217-nji ýylyň güýzünde 400 müň esgerden ybarat goşun bilen Bagdada harby ýörişe ugrapdyr. Goşun Hulwanyň golaýyndaky Asadabat geçelgesine baryp ýeten mahaly, üç gije-gündiziň dowamynda galyň garyň ýagmagy we güýçli aýazyň düşmegi bilen onuň esgerleriniň köpüsi gyrlypdyr we ýöriş şowsuz gutarypdyr, halypany çalşyrmak boýunça hereket başa barmandyr. Bu wakanyň yzýany bilen ýurda mongollaryň çozup girmegi Anuşteginleriň beýik döwletiniň we Abbasy halyfatynyň synmagyna sebäp bolupdyr .

Muhammet II bilen halyf an Hasiriň oňa ýollan ilçisi, tutuş musulman dünýäsinde hormatlanýan meşhur sopy Şihabeddin Suhrawardiniň (1145–1234 ý.) arasynda 1217-nji ýylyň güýzünde, ýokardaky harby ýörişiň öň ýanynda, Gürgençde bolup geçen söhbetdeşlikden bu hökümdaryň ylym we bilim derejesine göz ýetirýäris. Bu ilçi ikinji sapar Bagdatdan Gürgenje gelende, bu ýörişiň öňüni almak niýeti bilen arap dilinde Abbasylar neberesiniň wekillerine zyýan ýetirmekligiň gabahat işdigi barada hadys aýdyp beripdir. Muhammet II oňa arap dilinde şeýle jogap beripdir: «Men türk (türkmen diýip oka – A. Ý.) hem bolsam we arap diline şeýle bir ökde bolmasam hem, seniň gürrüň beren hadysyň manysyna düşündim. Ýöne, men al Abbasyň nebereleriniň hiç birine zyýan ýetirmedim, olara erbet bir zat etmek meniň oýumda-küýümde-de ýokdy. Emma meniň eşidişime görä, dindarlaryň Emiriniň türmelerinde onuň nebereleriniň käbirleri müdimilik ejir çekýärler, olaryň çagalary şol ýerde dogulýarlar we köpelýärler. Eger-de şeýh bu hadysy dindarlaryň Emiriniň ýanynda gaýtalasa örän dogry hem peýdaly bolardy».

Ibn al Esir Muhammet II barada: «Ol fykh we dini kanunlardan oňat baş çykarýan ylymly adam bolupdyr. Alymlary hormatlapdyr, kömek beripdir. Olaryň mejlislerine gatnaşypdyr» diýip nygtapdyr. Jüweýniniň belleýşine görä, Muhammet ibn Nejip Bekran 1208–1209-njy ýyllarda Muhammet II üçin dünýäniň kartasyny düzüp, pars dilin-

de onuň düşündirişli beýanyny ýazypdyr we ony «Jahannama» diýip atlandyryp, hökümdara gowşurypdyr. G. F. Nilab Rahimi Muhammet II-niň öz kitaphanasyny döredendigi baradaky maglumatlary getiripdir. Onda dürli alymlara degişli edebiýatlar köp bolup, bu kitaphananyň gaznasyndan islendik adam peýdalanyp bilipdir diýip nygtapdyr.

Mongol çozuşlaryna çenli Gürgençde köşk-eýwanlaryň, medreseleriň we metjitleriň beýik binalary gurlupdyr, ajaýyp kitaphanalar işläpdir. Muhammet II şeýle binalary diňe döwletiň paýtagtynda däl, eýsem, onuň beýleki şäherlerinde-de gurdurypdyr. Ol 1207-nji ýylda Buharanyň «içki galasyny täzelemeklige we käbir beýleki binalary gurmaklyga» perman beripdir. Türkmenistanyň günorta-günbatarynda ýerleşýän Maşat Misserian düzlüginiň Dehistan şäherinde ajaýyp minaralar we metjitler gurdurypdyr. Onuň baş metjidiniň peştagyndaky arap dilindäki ýazgyda, ony gurduryjy hökmünde Soltan Muhammet II ibn Tekeşiň ady biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Bu medeni ojaklarda ylmy durmuş, edil Abu Reýhan Biruniniň zamanyndaky ýaly dowam edipdir.

Soltan Muhammet II 1210-njy ýylda garahytaýlylardan gazanan uly ýeňşinden soň, döwletiniň, öz adynyň dabarasyny has beýige galdyrmak üçin özüni «Ikinji Aleksandr Makedonskiý» diýip atlandyrypdyr. An Nesewiniň, Jüweýniniň we Aufynyň belleýişlerine görä, soň Soltan Muhammet II iň soňky beýik seljuk Soltany Sanjaryň uzak wagtlap hökümdarlyk edenliginden täsirlenip hem-de ony Anuşteginleriň kowumdaşy saýyp, «özüne Soltan Sanjar» adyny hem kabul edipdir we resminamalara gol çekmek üçin «Zill Al lah filard» («Allanyň Ýerdäki saýasy») ýazgyly Tugrany taýýarlamaklygy buýrupdyr. Hökümdaryň täze ady onuň ogullarynyň atlarynda-da öz beýanyny tapypdyr. Oňa laýyklykda, onuň öz tagtyna mirasdüşer edip bellän kiçi oglunyň ady «Dindarlaryň Emiriniň kömekçisi Soltan Sanjaryň ogly Ozlag şa» bolupdyr. Soltan Jelaleddin özüniň Yrakdan ýazan resminamalarynda «Onuň (halyfyň) sadyk guly Meňburny, Soltan Sanjaryň ogly» diýip gol çekipdir.

Gürgenjiň şeýle ýokary derejä ýeten döwri we parahat hem joşgunly ylmy durmuşy uzaga çekmändir. Basym Orta Aziýa mongollaryň çozup girmegi bilen baglylykda, onuň başyna öňki zamanlarda gabat gelmedik aýylganç bela-beterler inipdir. Bu

pajygaly ýagdaýyň ýüze çykmagynda soltan Muhammet II-niň günäsi az bolmandyr. Soltan Muhammet II-niň 60 müň esgerden ybarat goşuny bilen mongollaryň ilkinji çaknyşygy 1216-njy ýylyň tomsunda Gazagystanyň demirgazygynda Turgaý welaýatynyň çäklerinde bolup geçipdir. Irgiz derýasynyň aňyrsyndaky düzlükde bir günläp dowam eden ýowuz uruş bolup geçipdir. Jüweýnä göra, bu söweşde Jelaleddiniň görkezen gaýduwsyz gahrymançylygy soltanyň goşunlaryny ýeňlişden halas edipdir. W. W. Bartoldyň belleýşine görä, bu uruşda «Mongollaryň görkezen gaýduwsyzlygy Muhammet II-de güýcli täsir galdyrypdyr we ony soň olar bilen açyk meýdanda söweşe girmekden saklan sebäpleriň biri bolupdyr».

Muhammet II-niň 1215-nji ýyldan soňky döwürde döwletiň içerki we daşarky syýasaty bilen bagly alyp baran hereketleri oňa diňe şowsuzlyk getiripdir. Günbatarda arap halyfaty, Gündogarda mongollar bilen ýüze çykan gapma-garşylyklar, bu beýik döwletiň gysga wagtyň içinde ýykylyp-ýumrulmagyna getiripdir. Mongollaryň çozuşlary netijesinde Anuşteginler nesilşalygynyň hökümdarlarynyň döreden beýik imperiýasynyň dargaýşynyň şaýady bolan biziň watandaşymyz, ajaýyp alym an Nesewi (1249-njy ýylda ýogalypdyr) bu hasratly wakany gam-gussa bilen şeýle beýan edipdir: «Adamlar geçen asyrlarda ötüp giden döwletleriň durmuşynda hiç mahal gabat gelmedik betbagtçylygyň şaýady boldular. Günüň dogýan ýerinden haýsydyr bir orda öňe çykyp, ýeriň ýüzi bilen Bab al Abwaba (häzirki Derbende), ondan hem aňry gypjaklaryň ýurduna çenli baryp ýeten mahaly heý-de bir görlüp-eşidilen zatmydyr? Onuň esgerleri bir ýere aýagyny basyp-basmanka, taladylar, bir şähere girip-girmänkä, ýykyp ýumurdylar. Soň bir topara birleşip, hiç hili şikessiz, Horezmiň üsti bilen, öz hökümdarynyň ýanyna olja bilen dolanyp geldiler. Ýüzugra ekerançylyk ýerleri tozdurdylar, mallary uçdantutma gyrdylar, ilaty ýiti gylyçdan geçirdiler. Bu zatlaryň ählisi iki ýylyň dowamynda bolup geçdi. Gandöküşiklik, talaňçylyk, ýykyp ýumurma şeýle bir güýçli boldy, hatda tutuş obalar taşlanyp gidildi, ölümden aman galan az sanly ekerançylar, dogduk mekanlaryny terk edip, hiç hili emläksiz başga ýerlerden öz rysgallaryny gözlemeli boldular. Açyk we ýapyk, görnüp duran, gizlenip galan zatlaryň ählisi ilatyň elinden zorluk bilen alyndy. Şeýle bir zabun ýagdaý boldy, ne mallaryň mäleýşi,

ne-de adamlaryň agysy eşidildi: ýerlerde diňe baýguşyň sesi we bolup geçen aýylganç wakanyň heňi ýaňlandy.

## 3.7. Soltan Jelaleddin Meňburny we medeni durmuş

Soltan Muhammet II-niň uly ogly, beýik serkerde, öz ýaşan döwründe tutuş musulman dünýäsiniň gaýduwsyz gahrymany diýen beýik ada mynasyp bolan türkmeniň tanymal ogly soltan Jelaleddin ibn Muhammet II Meňburny 1220–1231-nji ýyllarda hökümdarlyk edipdir. Onuň terjimehaly barada gysgajyk maglumatlary getirmek mümkin. Jelaleddin Soltan Muhammet II-niň Aýjäjek atly türkmen aýalyndan bolan ogludyr. Onuň doglan ýyly çeşmelerde anyk görkezilmändir. Ýöne, an Nesewiniň berýän maglumatlarynyň esasynda, onuň XII asyryň 70-nji ýyllarynda dünýä inendigini bellemek mümkin. Orta Aziýa mongollar çozup gelen döwründe, ol eýýäm döwletiň uly welaýatlarynyň biri Garjystany (häzirki Owganystanyň demirgazyk bölegini) dolandyryp ýören häkim bolupdyr. Jelaleddin Gürgenjiň medresesinde okap, oňat bilim alypdyr, ene dili bolan türkmen dilinden başga-da, pars dilini suwara bilipdir, arap dilinden hem baş çykarypdyr. Ýewropanyň meşhur alymlary K. d’Ossonyň (1779–1851 ý.), E. Braunyň, J. A. Boýluň we beýlekileriň bellemeklerine görä, Jelaleddin özüniň häsiýeti we daşky sypaty boýunça serkerdebaşa ýa-da hökümdara däl-de, türkmeniň mert urşujy esgerine meňzeş bolupdyr we onuň goşunlary yslam dünýäsi bilen mongollaryň arasyndaky böwsülmez diwary döredipdir.

Jelaleddine döwlet ýumrulyp, iň howsalaly döwürde tagt ýetipdir. Soltan Muhammet II mongollardan gaçyp, soňky deminde Gürgen derýasynyň deňze guýýan ýeriniň golaýyndaky Aşyrada adasyna barypdyr we şol ýerde öýkenini sowuga aldyryp, agyr kesselläpdir. Onuň ömrüniň iň soňky günlerinde ogly Jelaleddini dargan ýurda hökümdar belleýşi barada wakalaryň döwürdeşi an Nesewi şeýle ýazypdyr: «Haçan da, adada soltanyň keseli agyrlaşan mahaly, ol enesiniň mongollara ýesir düşendigini eşidipdir. Şondan soň, ol Jelaleddini we adada soltanyň öz ýany bilen bolup ýören onuň iki doganyny – Ozlag

şany we Ak şany ýanyna çagyryp, olara şeýle diýipdir: «Hökümetiň durky dargady, döwletiň sütünleri gowşady we ýumruldy. Duşmanyň maksady aýan boldy: ol dyrnagy we dişi bilen ýurda berk ýapyşdy. Ondan meniň arymy almaklygy diňe oglum Meňburny başarar. Ine, hut şonuň üçin hem, men ony tagtyň mirasdüşeri edip belleýärin. Siziň ikiňiz hem oňa doly gulak asmalysyňyz we onuň bilen bir ýoldan gitmelisiňiz». Bu sözleri aýdyp, ol öz eli bilen gylyjyny Jelaleddiniň biline baglady. Şondan soň, birnäçe gün ýaşady we Allanyň öňünde öz amanadyny tabşyrdy. Goý, Alla oňa rehim etsin».

Şol pajygaly döwürde, elbetde, soltan Jelaleddiniň döwletiň ylmy we medeni meseleleri bilen meşgullanmaga ýeterlik mümkinçiligi bolmandyr. Şeýle-de bolsa, bu ugurda onuň eden käbir ädimlerini ýatlap geçmek mümkin. Jelaleddin ýurduň hökümdarlygyna bellenenden soň, deňziň üsti bilen gämide ýüzüp, Aşyradadan Gürgenje barypdyr. Şol mahallar onuň ýanynda bary-ýogy ýetmişe golaý esgeri bar eken. Paýtagta gelenlerinden soň, doganlary Ozlag şanyň we Ak şanyň, mundan birnäçe gün öň atasynyň beren pendine ygrarlyk etmän, ýurduň emirleri bilen dil düwşüp, özüni öldürjek bolýandyklaryny dosty Ynanç handan eşidipdir. Ol şol gijäniň daňdany 300 sany atly esgeri bilen ýola düşüp, adatça 15 gün gerek bolýan Garagumuň içinden bir hepdeden hem az wagtyň içinde geçip, Nusaýa gelipdip. Bu ýerdäki 700 sany mongol esgerleriniň üstüne duýdansyz çozup, olary ýok edipdir. Bu ýeňiş «musulman gylyjynyň ilkinji sapar duşmanyň ganyna boýalyşy bolupdyr» we onuň ägirt uly ähmiýeti bolupdyr. Ýerli adamlarda we Nusaýdan has alyslarda ýaşaýan musulmanlarda, bu ganym duşman bilen ol nähili derejede güýçli bolsa-da, göreşip boljak eken diýen ynamy döredipdir.

Soltan Jelaleddin Nusaýdan Nişapura, soň Gazna gelip, bu sebitde 60 müňden ybarat goşun toplap, Sind derýasynyň boýunda Çingiz hanyň ýolbaşçylyk eden ägirt uly leşgeri bilen üç günläp (1221-nji ýylyň noýabr aýynyň 23–25-i) gahrymanlarça söweşipdir. Mongol goşunlary uly ýitgä sezewar edilipdir, emma güýçler deň bolmandyr. Şonuň üçin, soltan Jelaleddin yza çekilip, ganym duşmana garşy göreşi dowam etmek we täze goşun toplamak üçin, aman galan az sanly esgerleri bilen ilki Hindistanyň içine, soň Yraga tarap süýşmeli bolupdyr.

An Nesewiniň berýän maglumatyna görä, Yspyhan şäherinde ol kakasy merhum, Soltan Muhammet II-niň hormatyna ägirt uly we depesi altyn çaýylan gümmezli kaşaň medrese gurdurmakçy bolupdyr. Bu pikir onda heniz Hindistandan Yspyhana gelmänkä döräpdir. Soň bu ýere Muhammet II-niň jesedi getirilip, täzeden jaýlanmaly eken. Soltan Jelaleddin medresäni gurmaklygy kakasynyň we özüniň hökümdarlyk eden döwürlerinde döwletiň görnükli magaryfçysy bolan Mukarrabeddin Muhammet ibn Ybraýym al Pälwan al Horezmä tabşyrypdyr we bu desga üçin oňa otuz müň dinar beripdir. Şeýle-de, soltan Jelaleddin Yragyň özüne tabyn böleginiň wezirini medresäniň gurluşygyny tamamlamak üçin gerek bolan goşmaça serişdeleri goýberip durmaga borçly edipdir. «Ol medresäniň ähli enjamlaryny altyndan taýýarlamaklygy buýurdy. Al Mukarrab bu işi berjaý etmek üçin Yspyhana geldi we medresäniň gurluşygyna başlady. Men bu ýere dört aýdan soň gelemde onuň diwarynyň adam boýy galdyrylandygyny gördüm» diýip, an Nesewi şaýatlyk edýär.

Meýilleşdirilişine görä, bu medrese Yspyhanyň şol döwürdäki okuw mekdepleriniň we ylmy merkezleriniň iň esasylarynyň biri bolmaly eken. Onda ybadat we okuw otaglary bilen bir hatarda kitaphana hem göz öňünde tutulypdyr. 1228-nji ýylda gurluşygyň ýolbaşçysy Mukarrabeddin al Horezmi ýogalypdyr. Soltan Jelaleddin 1231-nji ýylda Azerbaýjanda mongollara garşy göreşini üstünlikli dowam edip ýörkä, haýynlyk bilen duýdansyz öldürilipdir. Şu aralykda bu medresäniň gurluşygynyň nähili derejä ýetirilendigi we onuň soňky döwürlerdäki ýagdaýy barada çeşmelerde maglumat berilmändir.

Irki orta asyrlar döwründe ähli musulman ýurtlarynda bolşy ýaly, beýik döwletiň paýtagty bolan Gürgençde hem wezirler, döwletiň beýleki ýokary derejeli adamlary, alymlar, tanymal ruhanylar hemmä elýeterli bolan şahsy kitaphanalaryny döredipdirler we onuň üçin serişdelerini gaýgyrmandyrlar.

## 3.8. Reşideddin Watwatyň kitaphanasy

Sagd al Mülk Reşideddin Muhammet ibn Muhammet Abd al Jelil al Omar al Kätib al Balhy (1080–1182 ý.) Balhda doglup, ömrüniň

esasy bölegini Gürgençde ýaşapdyr we şol ýerde dünýäden ötüpdir. Ol dünýä edebiýatynda, Reşideddin Watwat ady bilen giňden bellidir. Ol Nyzamalmülküň Balhda gurduran «Nyzamyýýasynda» bilim alypdyr. «Bu bolsa onuň öz döwrüniň bilimini kemsiz ele alandygyny, arap dilinden we ylymlaryň ähli pudaklaryndan oňat başçykarandygyny aňladýar» diýip, onuň döredijiligi boýunça ylmy-barlag işlerini alyp baran N. Y. Çalisowa belläpdyr. Ol medresäni tamamlandan soň, beýik alym Mahmyt Zamahşaryny hudaýa ýakyn adam hasap edip hem döredijiligine uçursyz hormat goýup, onuň bilen goňşy bolup ýaşamak üçin, Gürgenje göçüp gelipdir we bu ýerde jaý gurnupdyr. Gürgençde basym özüni tanadypdyr hem Atsyzyň, Il Arslanyň we Tekeşiň köşgünde uzak döwrüň dowamynda döwlet diwanhanasynyň kätibi bolup işläpdir, möhüm resminamalary ýokary derejede taýýarlapdyr. Watwat eserlerini arap we pars dillerinde döredipdir. Ý. E. Bertelsiň belleýşine görä, ol özüniň «Hadaik as sihr» («Jadygöýligiň bagy») atly eserinde goşgy düzmegiň ýokary derejesine ýetipdir.

G. F. Nilab Rahimi Reşideddin Watwatyň Gürgençde baý kitaphanasyny döredendigini tassyklapdyr. Meşhur eýran alymy A. Ykbal bolsa, Watwatyň kitaphanasy barada şeýle maglumatlary beripdir: «Reşit uly höwes bilen seýrek duş gelýän kitaplary ýygnapdyr. Ol bütin ömrüni kitaplary göçürip, köpeltmäge bagyşlap, bu ugurda uly işleri bitiripdir. Eline düşen her bir goşgyny ýa-da kitaby, olaryň asyl nusgalary bilen deňeşdirip, ýalňyşlaryny düzedipdir. Şeýle kitaplaryň müňlerçesini soň öz kitaphanasyna tabşyrypdyr». Watwatyň kitaphanasy bir asyra golaý wagtyň dowamynda Gürgenjiň ilatyna hyzmat edip gelipdir.

## 3.9. Wezir Nyzamalmülk Mesgut ibn Alynyň kitaphanasy

XII asyryň ikinji ýarymynda Gürgençde ýaşan döwrüniň iň tanymal adamlarynyň biri soltan Tekeşiň meşhur weziri Nyzam al Mülk Mesgut ibn Aly al Herewi bolupdyr. Mesgut ibn Alyny hem seljuk soltanlarynyň weziri Nyzamalmülk at Tusy ýaly, orta asyr taryhçylary uly hormat bilen ýatlap geçipdirler.

Ol hem ysmaýyllylaryň pidasy bolupdyr. Ysmaýyllylar ony Horezmşa Tekeşi özleriniň garşysyna öjükdirendiginde aýyplap, 1199-njy ýylda haýynlyk bilen öldüripdir. Onuň howsalaly ölümi ýurduň ýaşaýjylarynda uly gynanç döredipdir. Horezmşa Tekeş gahar gazaba münüp, ysmaýyllylaryň garşysyna ogly şazada, geljekki Soltan Muhammet II-niň ýolbaşçylygynda jeza beriji goşuny ýollapdyr. Ol ysmaýyllylaryň galasyny dört aýlap gabapdyr we şondan soň, olar ýaraşyk sorap, Muhammede ýüz tutupdyrlar. Ol ysmaýyllylaryň eden etmişleri üçin 100 müň dinar möçberde paç alyp, parahatçylykly ýaraşyga gol çekipdir we goşunyny gabawdan aýrypdyr. Şeýle-de, Horezmşa Tekeş Mesgut ibn Aly dünýäden öteninden soň, onuň maşgalasynyň aladasyny edip, hatyrasyny tutup, kiçi ýaşly ogullarynyň birini özüne wezir edip belläpdir we ony uly döwlet işine taýýarlap başlapdyr. Hemmeler, ol oglan dana kakasynyň işini dowam ediji bolar diýip umyt baglapdyrlar. Emma, ol ýaş mahaly, Tekeşiň özünden birazrak öň dünýäden ötüpdir. Ol diňe bir köşkde däl, eýsem, ilat arasynda hem uly abraýdan peýdalanypdyr.

Ibn al Esiriň ýazyşyna görä, Mesgut ibn Aly ýagşy gylyk-häsiýetli, adyl, haýyr-yhsan işleri köp edýän adam bolupdyr. Häzirki döwrüň alymlarynyň berýän bahasyna görä, ol özi hakda oňat ýatlama galdyran tanymal döwlet adamydyr. Dini nazaryýeti boýunça ol musulman dininiň şafiý akymyna uýupdyr. Şafiýler musulman dininiň sünnüçilik dini-hukuk mekdebine uýýanlar bolupdyrlar. Bu akymy arap hudaýşynasy Muhammet ibn Idris aş Şafiý (820-nji ýylda ýogalypdyr) esaslandyrypdyr. Şafiý akymy, esasan, orta asyrlar döwründe Gürgençde giňden ýaýrapdyr. Makdisiniň (X a.) berýän maglumatlaryna görä, yslam dininiň bu akymy şol döwürde ýurduň beýleki sebitlerine hem ýaýrapdyr. Soltan Tekeş 1193-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Merwi eýeläninden soň, Mesgut ibn Aly bu şäherde şapygylar üçin uly metjit gurdurypdyr. Ol ýerli hanafy metjidinden hem has beýik ymarat bolupdyr. Adatça şunuň ýaly uly metjitlerde kitaphanalar bolupdyr. Şäheriň hanafy mezhebine uýýan ýerli ilaty Mesgut ibn Alynyň bu eden işini oňlamandyr. Ibn al Esiriň belleýşine görä, sünni mezhebiniň ýedi akymynyň biri bolan «hanbalylaryň ýolbaşçysy, şeýh-ul-yslam, bu metjidi oda bermegi ündäp, ony ýakdyrypdyr. Megerem, bu nadaralyk yslamyň taryhynda musulmanlaryň öz elleri bilen özleriniň mukad-

des binasyny ýumruşlarynyň seýrek duş gelýän mysaly bolsa gerek. Şeýle bolansoň bu meselä soltan Tekeş gatyşmaly bolupdyr. Ol bu wagşyçylyga dahylly adamlaryň ählisine uly möçberlerde jerime töläpdir. Soň, Tekeş Merwiň atly-abraýly ulamalaryny çagyryp, halat -serpaý ýapypdyr we olara uly metjit gurup beripdir.

Ibn al Esiriň berýän maglumatyna görä, Mesgut ibn Aly Gürgençde-de uly medrese we kitaphana gurdurypdyr. Ol, bu şäheriň ajaýyp kitaphanalarynyň biri bolupdyr we özünde gymmatly kitaplaryň uly toplumyny jemläpdir. Kitaphana paýtagtyň beýleki ajaýyp ylym ojaklary ýaly, mongol çozuşlaryna çenli öz işini dowam edipdir.

## 3.10. Şeýh Nejmeddin al Kubranyň kitaphanasy

Nejmeddin al Kubra Abul Jenneb Ahmet ibn Omar al Horezmi beýik türkmen taryhy şahsyýetleriniň biridir. Ol ýaşlykdan sopuçylyk taglymatyna baş urupdyr we Gürgençde medresäni tamamlandan soň, bu ugurdan bilimini artdyrmak üçin Eýrana, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna baryp, olaryň müderrislerinden (tanymal mugallymlaryndan) tälim alypdyr. Müsürde Nejmeddin tanymal ruhany Ruzbihan al Misriniň (1180-nji ýylda ýogalypdyr) elinde ep-esli wagt okapdyr. Alym şeýh onuň akyl-paýhasyna, başarjaňlygyna uly sarpa goýupdyr, öz ogly kimin sylapdyr, gyzyny oňa durmuşa çykarypdyr. Nejmeddin özüniň bilimini ýokary derejede kämilleşdirenden soň, ikinji sapar Müsüre halypasynyň ýanyna gidipdir. Meşhur şeýh öz okuwçysynyň sopuçylyk taglymatyny gowy ele alandygyna göz ýetirip, oňa ak pata beripdir we watanyna dolanyp, ol ýerde bilimini wagyz-nesihat etmegi tabşyrypdyr. Aýaly, çagalary bilen Gürgenje dolanyp gelip, bu ýerde mekan tutup, özüniň ylmy we şahyrana eserlerini döredipdir, sopuçylygyň kubrawiýa akymyny esaslandyrypdyr. Bu akym soň Orta Aziýanyň ähli künjeklerine, Eýrana, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna, Hindistana we Pakistana ýaýrapdyr.

Nejmeddin al Kubra dürli ýurtlardan ylmyň dürli pudaklaryna degişli köp kitaplary toplapdyr. Ol kitaplar onuň Gürgençdäki

uly kitaphanasynyň esasyny düzüpdir. Köp alymlar we ruhanylar toplan eserlerini ömürleriniň ahyrynda bu Şeýhiň kitaphanasyna sowgat beripdirler. Nejmeddin al Kubranyň kitaphanasyndan «yrfan we sopuçylyk ýoluna eýerýänler giňden peýdalanypdyrlar» diýip, G. F. Nilab Rahimi belläpdir. Goja Nejmeddin al Kubra mongollar Gürgenji basyp alanlarynda şäheriň ilaty bilen bilelikde olaryň garşysyna söweşip şehit bolupdyr.

## 3.11. Ymam Şyhabeddin al Horezminiň kitaphanasy

Ymam Şyhabeddin Abu Seýit ibn Imran al Hywaky al Horezmi XII asyryň ahyrynda we XIII asyryň başynda Horezmiň iň meşhur döwlet adamlarynyň we ymamlarynyň biri bolupdyr. Ol Soltan Muhammet II-niň (1200–1220 ý.) köşgünde hökümet geňeşçisi bolupdyr we onuň ýurduň ilatynyň giň gatlaklarynda olaryň goragçysy hökmünde uly abraýdan peýdalanyp gelendigini XIII asyryň taryhçylary Ýakut Hamawy, Ibn al Esir, Jüweýni, Zakariýa Kazwini, an Nesewi we beýlekiler belläpdirler. Aýratyn hem, Şihabeddin barada an Nesewiniň berýän maglumatlary gymmatlydyr. Ol bu taryhy şahs bilen telim gezek duşuşypdyr. 1220-nji ýylyň baharynda Nusaýda onuň mongollar tarapyndan jezalandyrylyp öldürilmeginiň hem şaýady bolupdyr. An Nesewi bu tanymal ymam barada şeýle ýazypdyr: «Şyhabeddin Abu Seýit ibn Imran meşhur hukukşynas, aş Şafiý mezhebiniň ajaýyp müfüsidir. Goý, Alla ondan razy bolsun! Ol özüniň din hukugy baradaky bilimini leksikologiýa, lukmançylyk, dialektika we çeper dilewarçylyga degişli beýleki ylymlar bilen baýlaşdyrdy. Iň ýiti adamlar onuň düşbüliginiň bendesi, iň akyldarlar onuň pähim-paýhasynyň muşdaklary bolup biljekdi. Soltanyň [Muhammet II göz öňünde tutulýar] ýanynda onuň abraýy şeýle ýokary derejä ýetipdir. Soltan onuň bilen möhüm işler barada maslahatlaşýardy hem-de düýpli meseleler boýunça pikirine gulak asýardy. Hökümdarlaryň, olaryň wezirleriniň, ýokary derejeli emirleriniň maslahat soramak üçin onuň gapysynyň öňünde nobata duruşlaryny telim gezek görmek bolýardy. Şol wagtlar ol ymamlary okadýardy. Ol bir wagtyň özün-

de, Gürgenjiň bäş medresesinde sapak berýärdi we geçýän sapaklaryny tamamlaman, olaryň arzyna seretmezdi. Diňe sapak gutarandan soň, soltanyň hajyplary(ýagny döwletiň ynamdar adamlary) onuň bilen dürli meseleler boýunça maslahatlaşyp bilýärdiler». Zakariýa Kazwini, Jüweýni Şihabeddin al Horezmini «diniň öresi we döwletiň daýanjy» diýip atlandyrypdyrlar. Meşhur şahsyýete berlen bu beýik bahany häzirki döwrüň tanymal alymlary hem doly makullaýar. W. W. Bartold Şihabeddin al Horezmä «ylymlaryň ähli pudaklary boýunça giň düşünjeli» diýse, M. Ý. Masson ony «ylymlaryň dürli ugurlary boýunça ensiklopedik alym» hasaplapdyr. Onuň şahsyýetine berlen bu ýokary baha hemmeler tarapyndan ykrar edilipdir.

Şihabeddin al Horezmi diňe bir döwletiň ýokary derejeli wekili bolman, eýsem, ylma-bilime howandarlyk hem edipdir. Ol, Gürgençde şafiý mezhebini tutýanlar üçin gurduran juma metjidinde öz ajaýyp kitaphanasyny döredipdir. An Nesewiniň ýazyşy ýaly, ol «öňde-soňda görlüp-eşidilmedik» kitaphana bolupdyr. Mongollaryň Gürgenji basyp almazynyň öň ýanynda, Şihabeddin al Horezmi soltan Muhammet II-niň tabşyrygy boýunça, paýtagtdan Nusaýa gidip, ol ýerde hökümdaryň geljekki berjek buýruklaryna garaşmaly bolupdyr. Ol Gürgençden Nusaýa ugramakçy bolanda, dogduk mekanyna dolanyp gelmejegini ýüregi bilen syzypdyr we kitaplaryny goýup gitmek islemändir. Ol, kitaplarynyň iň gymmat bahalylaryny köpsanly düýelere ýükläp öz ýany bilen alyp gidipdir. Nusaýa geleninden soň, ymam hokümdaryň gullugyna barmak üçin, sabyrsyzlyk bilen ondan habara garaşypdyr. Basym oňa, Muhammet II-niň Nişapura gelendigi we ol ýerden gyssagly ýagdaýda çykyp gidendigi baradaky habar gelip gowşupdyr. An Nesewiniň belleýşine görä, Şihabeddin al Horezmi muny eşidip «aljyrapdyr we näme etjegini bilmändir, akylynda howsalalyk peýda bolupdyr». Bu ýagdaý Nusaýyň emirleriniň biri, Behaweddin Muhammet ibn Abu Sahl soltandan täze habar getirýänçä dowam edipdir. Nişapurdan gyssagly halda çykyp giden hökümdar, bu emire Nusaýa gitmegi we ol ýerde özünden buýruga garaşýan Şihabeddin al Horezmä we ýerli ilata özüniň aşakdaky sözlerini ýetirmegi buýrupdyr: «Bu duşmanyň esgerleri beýleki goşunlara meňzeş däl; mongollar bar zady gyryp, ýok edip, gözleri doýup, elleri dolup, çykyp gidýänçäler, ýurdy adamlardan arassalasynlar, olar çöle

we daga siňsinler; şeýle edilse halk olaryň duýdansyz çozuşlaryndan halas bolar».

Şihabeddin al Horezmi Nusaýda ýerli ýaşaýjylar bilen duşmany garşylapdyr we olar bilen bilelikde wepat bolupdyr. Heniz mongollar bu sebite gelmänkä, Horasanyň emirleriniň bir bölegi meşhur ymamyň Nusaýa gelendigini eşidip, «emir Täçeddin Muhammet ibn Seýit, onuň ene tarapdan daýysy, emir Yzeddin Keý-Hosrow we Horasanyň emirleriniň birnäçesi ymamyň ýanyna gitmegi we agyr günlerde onuň ýanynda bolmagy isläpdirler». Şihabeddin al Horezmini we onuň ogly, ajaýyp seýit Täçeddini gollary bagly ýagdaýda mongollaryň öňbaşçylary Toguçar noýonyň we Berke-noýonyň ýanyna getiripdirler we öldüripdirler, ymamyň altyn-kümüşlerini we beýleki gymmat bahaly zatlaryny mongol öňbaşçylary öz aralarynda paýlaşypdyrlar. «Olaryň ikisi hem şehit boldular. Şyhabeddin Nusaýdaky Mil Jafta atly mazarystanlykda jaýlandy» diýip, an Nesewi bu pajygaly waka şaýatlyk edýär. 1220–1221-nji ýyllarda, ýagny mongollaryň Horasana giren döwrüniň öň ýanynda an Nesewi Hurandiz galasynyň eýesi bolan hem bolsa, ol ymam Şihabeddin al Horezmini halas etmäge ýetişmändir. Ol barada an Nesewi şeýle ýazypdyr: «Şol döwürde (bu gala ymam Şihabeddin al Horezminiň gelen we ony mongollaryň eýelän döwri – A. Ý.), men, Hurandiz ady bilen belli bolan öz galamyň içindedim. Ol Horasanyň iň berk galalarynyň biridi. Meniň ata-babalarymdan ilkinji bolup, ony kimiň öz emlägi edip alandygyny bilmeýärin. Ol barada gürrüň berýänleriň, haýsy tarapa ýykgyn edýändiklerine baglylykda, pikirleriň biri beýlekisine çapraz gelýär, maňa bolsa hakykaty beýan etmek gerek. Aýdyşlaryna görä, bu gala yslam dini döräli we öz ýalkymly şuglasyny Horasana ýaýyp ugraly bäri meniň ata-babalarymyň elinde bolup gelipdir. Allanyň özi oňat bilýändir! Dünýä howsalaly günler inip, onuň möwç uran mahaly, (bu ýerde mongol çozuşlary göz öňünde tutulýar – A. Ý.) Hurandiz galasy welaýatyň merkezinde we özleşdirilen ýerleriň ortasynda ýerleşendigi üçin, ýesir düşenleriň we duşmandan gorkan adamlaryň mesgenine öwrüldi. Gapdallary nökerli, özleriniň baýlygy bilen tanalýan belli adamlar, şeýle-de aýakýalaňaç, egin-eşiksiz galan garyp-gasarlar janlaryny halas etmek üçin bu ýere geldiler. Men, mümkin boldugyça, olaryň ýalaňaçlarynyň üstüni ýap-

dym, kömek etdim, duşmanyň gylyjyndan aman sypan paryndaşlary bar bolsa, biri-birleri bilen duşuşdyrdym. Mongollar Horasanyň iň çet-gyrak ýerlerini eýeläp gutarýançalar, özleriniň zabun we aýylganç işlerini dowam etdirdiler».

Mongollar galany gabapdyrlar, emma ony alyp bilmändirler. Gala «asmandaky bürgüt kimin onuň hiç bir ýerinden barar ýa-da hüjüm eder ýaly bolmandyr», şonuň üçin, mongollar an Nesewi bilen gepleşikler geçirip, ondan on müň tirsek boýy begres mata we başga-da käbir zatlary tölemekligi talap edipdirler. An Nesewi, öz gezeginde, «uly belanyň öňüni kiçi zatlar bilen almak üçin» duşmanyň talaby bilen razylaşypdyr.

Ymam Şihabeddin al Horezmi öldürilenden soň, onuň kitaplary ýönekeý halkyň eline düşüpdir. Şeýle howsalaly döwürde ýerli ilatyň giň gatlagynyň olara bolan gyzyklanmasy, şol döwürdäki musulman jemgyýetiniň ylma-bilime bolan muşdaklygynyň XIII asyryň başynda hem, edil yslamyň ilkinji asyrlaryndaky ýaly, dowam edip gelendigininiň subutnamasydyr. Biz ýokarda musulman ilatynyň aşak gatlagynyň kitaplara bolan höwesini 1055-nji ýylda Bagdatda Buweýhiler döwletiniň weziri Sabyr ibn Ardaşiriň ajaýyp kitaphanasyna ýangyn howpy abanan mahalynda, şäher ilatynyň onda saklanýan eserleri eňňere edip, özlerine alşynyň mysalynda hem görüpdik. Bu wakadan 216 ýyl geçenden soň, şeýle hadysa Nusaýyň Hurandiz galasynda gaýtalanypdyr. Ol bolsa, öz gezeginde, geçen iki asyrdan gowrak wagtyň dowamynda musulman jemgyýetinde, hususan da Bagdadyň we Nusaýyň mähellelerinde, ylma-bilime bolan gyzyklanmanyň üýtgemän we gowşaman dowam edip gelendigine güwä geçýär. «Men ol kitaplaryň gözlegine çykdym we olaryň epesli bölegini ýygnadym. Maňa kitaplaryň iň gymmat bahalylaryny ele salmak başartdy. Ykbalyň emri bilen, Ýer ýüzüniň kä gündogaryna, käte günbataryna baryp düşýän döwrüme çenli men olary sakladym. Miras düşen we özümiň gazanyp edinen ähli zatlarymy galada (bu ýerde Hurandiz galasy göz öňünde tutulýar – A. Ý.) goýup gaýtdym. Ähli goýan zatlarymdan meniň diňe kitaplarym üçin ýüregim gyýylýardy» diýip, an Nesewi soň öz eserinde ýatlapdyr. An Nesewiniň kitaplarynyň, edil onuň beýleki emlägi we tygşytlan zatlary ýaly, Yragyň Horezme degişli böleginiň hökümdary, Soltan

Muhammet II-niň ogly Gyýaseddin Pir şanyň goşunlary 1224-nji ýylda Nusaýy gysga wagtlaýyn eýelän döwründe talaňçylyga salnan bolmagynyň mümkindigini alymlar çak edýärler. An Nesewiniň özi hem Gyýaseddin Pir şanyň goşunlarynyň özüniň mal mülküni doly talandygyny, işgärleriniň ele salnanlarynyň öldürilendigini tassyklapdyr. Bu wakanyň öň ýanynda, Nusaýyň şol wagtky emiri Nusrateddin Hamza bu «bulagaýlygyň öňüni almak we açyk agyzlary ýapmak» üçin, özüniň orunbasary an Nesewini birazrak pul bilen Pir şanyň köşgüne ýollapdyr. Bu tabşyrygy berjaý etmek üçin, ol şol döwürde Horasanyň içindäki özara uruşlar sebäpli jana howply ýollary geçip, ahyrsoňy 1224-nji ýylda demirgazyk Yraga barypdyr. Bu ýerde an Nesewi soltan Jelaleddin Meňburna duşupdyr. Basym ony özüniň şahsy kätibi edip belläpdir. Meşhur taryhçy bu wezipede Jelaleddiniň ömrüniň ahyrky günlerine çenli işläpdir.

Türkmen halky özüniň tanymal döwlet işgäriniň we ymamynyň, ylma-bilime howandarlyk eden meşhur alymynyň sarpasyny asyrlaryň dowamynda belent tutup, hormatlap gelipdir. Aşgabadyň 18 km günorta-günbataryndaky uly Bagyr obasynyň Daşgala böleginde ymam Ymam Şihabeddin al Horezminiň we onuň ogly Täçeddiniň goşa mazary we olaryň üstüne bina edilen ajaýyp aramgähi (mawzoleýi), aradan sekiz asyra golaý wagt geçendigine seretmezden, saklanyp galypdyr. Bu aramgähiň kime degişlidigi Günorta Türkmenistan arheologik kompleks ekspedisiýasynyň (ÝUTAKE-niň) döredilmegi we onuň bu sebitde gazuw-agtaryş işlerini geçirip başlamagy bilen baglylykda takyk anyklanypdyr. 1949-njy ýylda bu aramgäh we onuň gurluş aýratynlygy barada ilkinji gezek habar berip, M. Ý. Masson (1897–1986 ý.) şeýle ýazypdyr: «Ymam we müderris Şyhabeddiniň jaýlanan gonamçylygy şol döwürde «Mil Jafna» (bu at ilkinji gezek an Nesewiniň eserinde duş gelýär) atlandyrylypdyr. Megerem, ol bu şahsyýetiň guburynyň üstüne minara görnüşinde gurlan binadygyny aňladýan bolsa gerek. Şeýle-de bolsa, bu aramgähi beýleki alymlar ep-esli wagtlap onuň ýerli ilatyň arasyndaky ýörgünli ady bilen Babajanyň mazary ýa-da Babajanyň mawzoleýi diýip, atlandyryp gelipdirler. 1949-njy ýylda arheolog W. D. Žukow şeýle at bilen onuň çyzgysyny (G. A. Pugaçenkowanyň ölçegi boýunça) neşir edipdir. Soň, 1958-nji ýylda G. A. Pugaçenkowanyň özi hem

bu aramgähiň çyzgysynyň adyny üýtgetmän gaýtalap neşir edipdir we ony «haýsydyr bir Babajanyň mazary» diýip atlandyrypdyr. XX asyryň soňky onýyllyklarynda Nusaýda dowamly gazuw-agtaryş işleri geçirilende Bagyr obasynyň ýaşaýjylary bu aramgähi hormatlap, oňa uly sarpa goýup, «Babajan» diýip atlandyrýandyklaryny, türkmenlerde «baba» sözüniň göni manysyndan başga-da keramatly pirleriň, sopularyň, ulamalaryň atlarynyň yzyna goşulyp aýdylýan sözdügini, aslyýetinde, onuň hiç hili şübhesiz meşhur ymam Ymam Şihabeddin al Horezmä degişlidigi tassyklanypdyr. Ymamyň üstüne bina edilen aramgäh orta asyrlar döwründäki demirgazyk Horasanyň we Dehistanyň arhitektura ýadygärlikleriniň görnüşinde gurlupdyr. Onuň düýp esasy köpgyraňly deňölçegliklerden ybarat bolup, kerpiç bilen ýokary çeperçilikde örülipdir. Aramgähiň her bir gyraňy iç tarapdan gümmezek arka bilen bezelipdir. Ajaýyp gümmeziň çür depesi yşyk beriji deşik bilen tamamlanypdyr.

Ymam Şyhabeddin al Horezminiň şehit bolup dünýäden öteni bäri, uzak wagt geçipdir. Şol aralykda onuň aramgähine eltýän ýoda hiç mahal ot bilen örtülmändir. Biziň günlerimizde hem oňa keramatly ymam hökmünde tagzym etmäge diňe Türkmenistanyň içinden däl, eýsem, Bitarap diýarymyzyň daşyndan gelýänleriň hem sany az däl.

## 3.12. Beýik soltan Togrul begiň Bagdatdaky şäherçesi we Anuşteginler

Beýik soltan Togrul begiň 1057-nji ýylda Bagdadyň çep tarapynda esaslandyran şäherçesi barada al Hüseýni, al Bundari, Ibn al Esir, Ibn al Jowzi maglumatlary beripdirler. Daşary ýurt alymlary olary teswirläp, bu ylym ojagy barada ýazypdyrlar. Eger-de S. G. Agajanowyň (1928–1997 ý.) we O. Ekäýewiň Togrul begiň bu şäherçesini ýüzugra agzap geçendiklerini göz öňünde tutmasaň, onda rus we türkmen dillerinde neşir edilen işlerde ol barada hiç hili maglumat berilmändir. S. G. Agajanow bu şäherçe barada şeýle ýazypdyr: «Hususan da, bu at bilen Bagdadyň bir bölegi göz öňünde tutulýar. Ilkinji Seljuk soltanynyň buýrugy boýunça daşyna haýat çekilipdir. Onuň hökümdarlyk eden döwründe bu ýerde birnäçe täze binalar gur-

lupdyr. Mälik şanyň döwründe «Togrulyň şäherçesinde» jemgyýetçilik we medeni maksatly täze jaýlar bina etdirilipdir». Bu şäherçe, giňişleýin öwrenilmegine we «Türkmenistanyň taryhynda» öz beýanyny tapmaga mynasypdyr.

Bu medeni ojagy beýik soltan Togrul beg, şol döwrüň talabyna laýyklykda, Seljuk döwletiniň gündogar böleginde bireýýäm başlanan medeni hereketiň dowamaty hökmünde, metjitdir medreseleri gurmak boýunça onuň günbatar böleginde eden ilkinji ädimleriniň biridir. Anuşteginleriň beýik döwletiniň soltany Tekeşiň gullugynda bolan al Hüseýni Togrul begiň metjitleri gurmak üçin serişde gaýgyrmandygyny bellemek bilen, onuň aşakdaky sözlerine salgylanypdyr: «Eger-de men, öý gurup, onuň gapdalynda metjit bina etdirmesem, Allanyň ýanynda maňa utanç bolar!». XI asyryň 40-njy ýyllarynda Merwde Seljuk döwletiniň diwanynyň salgyt ýygnaýjysy bolup işlän we öz işlerinde ygtybarly maglumatlary habar berýän, meşhur pars şahyry hem syýahatçysy Nasyri Hosrow (1003-nji ýylda doglupdyr) Togrul begiň 1046-njy ýylda Nişapurda metjit gurdurandygyny belläpdir.

1055-nji ýylyň 18-nji dekabrynda öz goşunlary bilen Bagdada gelip, halypa al Kaimi (1031–1075 ý.) Buweýhileriň zulumyndan azat edip, onuň ýene-de öňküsi ýaly musulmanlaryň dini ýolbaşçysy hökmünde mertebesini galdyryp öz ornunda oturdandan soň, öňdengörüji beýik soltan Togrul beg halyfatyň paýtagtyny, şol bir wagtyň özünde, Seljuk döwletiniň hem günbataryndaky medeni merkezine öwürmek boýunça çäreleri görüpdir. Beýik soltan 1057-nji ýylda Bagdadyň iki mähellesiniň daşyna haýat çekdirip, onuň içinde özüniň köşk-eýwanyny, medresesini, metjidini gurdurypdyr. Soňky döwürlerde halyfatyň paýtagtynyň bu bölegi «Togrulyň şäherçesi» diýip at alypdyr. Mälik şa hem, öz gezeginde, onuň içinde «köşk, bazar, söwda edaralaryny gurdurypdyr, özüniň «Soltanyň Juma metjidiniň» (Jami as Sultanyň) düýbüni tutupdyr. «Togrulyň şäherçesi» Bagdatda 1095-nji ýyla çenli saklanypdyr. Onuň ýykylyp, ýumrulmagyna aşakdaky ýagdaýlar sebäp bolupdyr.

Togrul begiň, Alp Arslanyň we Mälik şanyň hökümdarlyk eden döwürlerinde Abbasy halypalary bilen Seljuklaryň öýüniň arasynda guda-garyndaşlyk gatnaşyklary ýola goýlupdyr. Oňa iki tarap hem gyzyklanma bildiripdir. 1056-njy ýylda halypa al Kaim Çagry

begiň gyzy Arslan Hatyn Hatyja uly toý tutup öýlenipdir. Öz gezeginde, 1062-nji ýylda Togrul beg al Kaimiň gyzy (käbir çeşmeleriň maglumatlaryna görä, onuň aýal dogany) Seýida bilen Töwriz şäherinde nikalaşypdyr. Halypa al Kaim bu gatnaşyklary berkitmek üçin 1071-nji ýylda öz ogly, geljekki halypa al Muktadi üçin, soltan Alp Arslanyň gyzyny diläpdir we olaryň toýlaryny toýlapdyr. Aradan biraz wagt geçenden soň, ýene-de al Muktadi üçin Mälik şanyň Mämelek hatyn atly gyzyna hem sawçy ýollapdyr. Soltan oňa-da garşy bolmandyr. Bu toý 1087-nji ýylyň mart aýynda dabaraly geçirilipdir. Oňa Seljuk imperiýasynyň görnükli döwlet işgärleri Nyzam al Mülk, Şerep al Mülk, Täç al Mülk, Medj al Mülk, Terken Hatyn we halypanyň weziri we beýlekiler gatnaşypdyrlar. Bu nikalaşykdan bir ogul dünýä inipdir, oňa Abul Fadl Japar diýip at goýupdyrlar. Emma, bu nikalaşyk, halypa al Muktady sebäpli, garaşylýan özara ylalaşykly, bagtly durmuşyň üstünden eltmändir. 1088-nji ýylda halypanyň talap etmegi boýunça türkmen kenizlerini özlerini gödek alyp barýandyklarynda aýyplap, şazada zenanyň heremhanasyndan çykarypdyrlar. Aradan ýene bir ýyl geçenden soň, Mälik şanyň gyzy adamsynyň özüne äsgermezçilik bilen garaýandygy barada kakasyna habar ýollapdyr. Kakasy gyzyna ogluny öz ýany bilen alyp Yspyhana gelmegini buýrupdyr. Bu şähere gelenden soň, Mälik şanyň gyzy Mämelek hatyn näsaglapdyr we ýogalypdyr.

Özüniň ata-babalaryna Seljuklaryň eden beýik we taýsyz hyzmatlaryny unudyp, halypa al Muktadynyň eden oňaýsyz hereketleri Mälik şany gahar gazaba mündiripdir. Bu wakalar bilen bagly 1091-nji ýylda ikinji sapar Bagdada gelen mahaly, Mälik şa halypa al Muktady bilen duşuşmak hem islemändir. Üstesine-de, ol bu şäheri özüniň gyşky paýtagtyna öwürmek kararyna gelipdir we 1091–1092-nji ýyllaryň gyş aýlary onda giň möçberli gurluşyk işlerine badalga beripdir: uly Juma metjidiniň, gapdaly kitaphanaly medresäniň, bazarlaryň, kerwensaraýlaryň gurluşyklaryna başladypdyr. Şeýle-de, soltan wezirleri Nyzamalmülke, Taj al Mülke, Şerep al Mülke, Mejd al Mülke we beýlekilere Bagdatda özleriniň öýlerini gurmaklygy buýrupdyr. 1092-nji ýylyň ahyrynda Bagdada ýene-de dolanyp gelip, halypa al Muktadydan mirasdüşeri edip uly ogly (al Mustazhiri) bellemek boýunça öň kabul eden permanyny ýatyryp,

onuň ornuna kiçi ogly Abul Fadl Japary, ýagny öz agtygyny bellemekligi talap edipdir. Al Muktadynyň özüne bolsa, paýtagtyndan çykyp gitmekligi buýrupdyr. Mälik şa halypa şeýle mazmunly hat ýollapdyr: «Siz maňa Bagdady tabşyrmalysyňyz we özüňiziň saýlap alan islendik şäheriňize gidip bilersiňiz». Al Muktady bu talap bilen ylalaşmandyr we özüniň Bagdatdan çykyp gitmeginiň wagtynyň yza çekdirilmegini sorapdyr. Halypa Basra, käbir maglumatlara görä, Damaska ýa-da Hijaza gitmekçi bolupdyr.

Ýokarda agzalan meseleleri gün tertibinde goýup, Mälik şa agtygy Japary ýany bilen alyp, Yspyhana gaýdypdyr. Aradan aý ýarym geçenden soň, ol awa-şikara giden mahaly garaşylmadyk ýagdaýda ýedi gün gyzdyryp ýatyp, wepat bolupdyr. Alymlar soltany ysmaýyllylar zäher berip öldüripdir diýip hasap edýärler. Ýaşajyk Japaryň şol döwürden soňky ykbaly barada çeşmelerde maglumat berilmändir. Netijede, Mälik şanyň amala aşyrjak bolan oňyn meýli biwagt aradan çykmagy sebäpli başa barmandyr.

Halypa al Muktady hem öz gezeginde, howsalaly ýagdaýdan aman sypypdyr. Üstesine-de, ol 1094-nji ýylda Togrul begiň Bagdatdaky şäherçesini ýykyp-ýumurmak barada perman çykarypdyr we özi hem şol ýyl dünýäden ötüpdir. Halypanyň permany 1095-nji ýylda berjaý edilipdir. Şol döwürden soň, Abbasy halypalary musulman ýurtlarynyň üstünden özleriniň diňe bir dini ýolbaşçylygyny saklaman, eýsem syýasy meseleler boýunça hem garaşsyz hereket edip, Seljuk soltanlary, olardan soň Türkmenistanyň demirgazygynda ýüze çykan ikinji beýik türkmen imperiýasy – Anuşteginleriň döwletiniň hökümdarlary (horezmşalary) bilen göreşip gelipdirler.

XII asyryň ikinji ýarymynda we XIII asyryň başynda, Demirgazyk Türkmenistanda Anuşteginleriň döwletiniň çäkleri giňäp, kuwwatlanyp, dünýä derejesindäki imperiýa öwrülen mahaly, onuň beýik soltanlary Tekeş (1172–1200 ý.) we Muhammet II (1200–1220 ý.), öz nobatlarynda, Togrul begiň Bagdatdaky şäherçesini dikeltmegiň aladasyny edipdirler. As Suýutiniň (1445–1505 ý.) berýän maglumatyna görä, soltan Tekeş 1194-nji ýylda halypa an Nasirden «öz döwletiniň halypa tarapyndan ykrar edilmegini we Seljuk soltanlarynyň Bagdatdaky köşgüniň öň nähili derejede gurlan bolsa, şol görnüşde dikeldilmegini talap edipdir». 1196-njy ýylda soltan Tekeş Bagdatda öz

adyna hutba okalmagyny we bu ýerdäki Seljuk soltanlarynyň köşgüni dikeltmegi ilçisiniň üsti bilen ikinji gezek talap edipdir. Halypadan Togrul begiň Bagdatdaky şäherçesini dikeltmegi Soltan Muhammet II öz ogly soltan Tekeşden hem has berk talap edipdir. Halypa an Nasir soltanlaryň ikisiniň hem talaplaryny ret edipdir. Netijede, bu ýagdaý Soltan Muhammet II-niň bu halypany tagtyndan düşürmek boýunça eden hereketleriniň sebäpleriniň biri bolupdyr.

1220-nji ýylyň başynda Orta Aziýany, Eýrany, basyp alan döwründen 38 ýyl gecenden soň, mongollar 1258-nji ýylda Bagdady eýeläp, ýykyp-ýumrup, iň soňky abbasy halypasy al Mutasimi (1242–1258 ý.) öldüripdirler. Şondan soň, Togrul begiň Bagdatdaky şäherçesini dikeltmek baradaky mesele galypdyr we medeni mirasymyz öwrenilende unudylyp gelnipdir.

* * *

Merwiň we Gürgenjiň orta asyrlar döwrüniň ajaýyp kitaphanalarynyň ykbaly şol döwrüň musulman dünýäsiniň gündogar böleginiň ähli ylym ojaklarynyňka meňzeş bolupdyr. XIII asyryň başynda, bu sebite mongollaryň çozup girmekleri, iň bärkisi musulman dünýäsiniň gündogar böleginiň taryhynyň senenamasyna, şol gazaply taryhy wakadan öňki we soňky döwür diýen araçägi döredipdir. Urlan zarba şeýle bir güýçli we ähli zady berbat ediji bolupdyr welin, ol döwletleriň medeni ösüşine öwezini dolduryp bolmajak zyýan ýetiripdir. 1258-nji ýyldan soň, musulmanlaryň bütewi halyfaty we Bagdat onuň dini paýtagty hökmünde ýaşamaklaryny bes edipdir. Dünýäniň alymlary bu hasratly hadysalara baha bermekde birmeňzeş netije çykarypdyrlar. Olaryň ählisiniň pikiriniň jemini biz E. Braunyň (1862–1926 ý.) aşakdaky sözlerinde görýäris: «Öňki derejesine hiç mahal ýetip bilmedik musulman ylmyna ýetirilen ýitgileri ýazyp beýan etmek mümkin däl. Şol pajygaly wakalar döwründe diňe bir bahasyna ýetip bolmajak müňlerçe gymmatly eserleriň ýok edilenligi üçin hem däl, eýsem, köpsanly ylym adamlarynyň wepat bolanlygy, ýada özlerini ajalyň penjesinden haýsydyr bir gudrat bilen alyp galandyklary zerarly hem, hakyky alymlyk däbi weýran edilipdir». S. K. Padowe (1905–1981 ý.) E. Braunyň pikirini dowam edip hem-de oňa salgylanyp, öz nobatynda şeýle nygtapdyr: «Çingiz han hem Hulagu han ynsan ömrüne we medeniýetiň ojaklaryna hiç hili üns

bermändirler. Olar metjitleri atýatak hökmünde ulanypdyrlar, kitaphanalary oda beripdirler. Olar bahasyna ýetip bolmajak kitaplary odun hökmünde ulanyp, peçlerde ýakypdyrlar, basyp alan şäherlerini, olaryň tutuş ilatlary bilen bilelikde ýer bilen ýegsan edip, ýok edipdirler».

Käbir alymlar mongol çozuşlaryndan öňki döwri gadymy Gündogaryň «beýik medeniýetli döwri» ýa-da «beýik geçmişi» diýip atlandyrypdyrlar. Biz oňa orta asyrlar döwründe Türkmenistanyň çäklerinde X–XIII asyrlaryň dowamynda ýüze çykan iki sany beýik imperiýanyň – Seljuklaryň we Anuşteginleriň döwletleriniň paýtagtlary Merwiň we Gürgenjiň ylmy, medeni durmuşlarynda hem doly göz ýetirýäris. Şol döwürlerde bu şäherleriň kitaphanalarynyň baý genji-hazynalaryndan peýdalanyp, özleriniň ajaýyp ylmy işleri bilen dünýä ýaň salan alymlar orta çykypdyr. Olaryň goýup giden edebi mirasy giňişleýin öwrenilip, atlary ebedileşdirilipdir. Ýöne, döwrüniň tanymal şahsyýetleri bolan, ylmyň we medeniýetiň ösmegine uly goşant goşan, bu işde hususy serişdelerini gaýgyrman ajaýyp görelde görkezen medreseleriň we kitaphanalaryň eýeleriniň atlary welin, bütinleý diýen ýaly unudylyp gelinýär.

## XVI–XIX ASYRLARDA TÜRKMENISTANDA KITAPHANACYLYK IŞI

Mongol çozuşlaryndan soňky dört asyryň dowamynda Orta Aziýada ylmyň we medeni durmuşyň pese düşmeginiň ýene-de bir sebäbi 1449-njy ýylda alym hem hökümdar Ulugbegiň öldürilmegi bolupdyr. W. W. Bartold bu wakany «Orta Aziýanyň ajaýyp medeni durmuşynyň soňy» diýip adalatly atlandyrypdyr. Iş ýüzünde ol diňe bir Ulugbegiň eýýamynyň ýokary derejeli şäher medeniýetiniň üstünden nadanlaryň ýeňşi bolman, eýsem Orta Aziýanyň iki müň ýyllap dowam edip gelen taryhynyň imperiýa döwrüniň tamamlanmagy bolupdyr. Şondan soň, bu sebitde XVI asyryň başynda Hywa we Buhara hanlyklary döredilip, XIX asyrda olara Fergana jülgesinde döredilen Kokant hanlygy hem goşulypdyr. Täze dörän hanlyklaryň her haýsy özleriniň garşydaş ýurtlarynyň serhetdeş etraplaryny basyp almak üçin biri-biriniň üstüne yzygiderli çozup duran kiçijik talaňçy

döwletler bolupdyrlar. Şol döwürde ylmyň we medeniýetiň näderejede pese düşendigi barada şeýle mysala salgylanmak mümkin. Hywa hany Abulgazy (1643–1663 ý.) XVII asyryň ikinji ýarymynda türkmenleriň we türki halklaryň taryhlaryny ýazdyrmakçy bolan mahaly, ýurduň hiç bir ýerinden bu işi başarar ýaly bilimli-sowatly adamy tapmansoň bu wezipäni özi ýerine ýetirmeli bolupdyr. Horezmde köşk agdarylyşyklarynyň netijesinde ýurdundan gaçyp, on yyllap Eýranda ýaşamagy we bu ýurduň kitaphanalarynda saklanýan eserler bilen düýpli tanyşmagy bu işde oňa kömek edipdir.

XVI–XIX asyrlarda Hanlyklaryň paýtagtlarynda kiçiräk köşk kitaphanalary bolupdur. Olaryň hiç biri öz gaznalarynda arap, pars we ýerli halklaryň dillerinde ýazylan golýazma kitaplaryny mümkin boldugyça doly toplamak, ygtybarly gorap saklamak we olar bilen ilat köpçüligine hyzmat etmek ýaly, umumyhalk bähbitli möhüm wezipeleri ýerine ýetirmändirler. Köşk kitaphanalaryndan diňe hanyň rugsady boýunça peýdalanmak mümkin bolupdyr. Şol döwürde, elbetde, ilat arasynda tanymal ruhanylar, meşhur şahyrlar, dürli kitaphon adamlar bolupdyr. Olar öz toplan eserleriniň esasynda, orta asyrlar döwründäki ýaly, jemagat ähmiýetli kitaphanalary döredip, olar bilen ilat köpçüligine hyzmat işini ýola goýup bilmändirler. Çünki şeýle edaralary gorap biljek, güýçli hem merkezleşdirilen uly döwlet şol döwürde Orta Aziýada bolmandyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda Orta Aziýanyň halklaryna Ýewropa ýurtlarynyň medeniýeti aralaşypdyr. 1870-nji ýylda Daşkentde, 1895--nji ýylda Aşgabatda Ýewropa ýurtlarynyňka kybapdaş Jemagat kitaphanalary döredilipdir. 1868-nji ýyldan başlap Daşkentde, 1886-njy ýyldan başlap Aşgabatda rus dilinde kitaplar, gazetler we žurnallar neşir edilip başlanypdyr. Ýöne olar bu ýerdäki harby baknaçylyk häkimiýetlerine gulluk edipdirler.

Ýerli halklaryň medeni başlangyçlary boýunça 1874-nji ýyldan başlap Hywada, 1883-nji ýyldan başlap Daşkentde arap elipbiýinde Orta Aziýanyň halklarynyň nusgawy şahyrlarynyň eserleri we dürli mazmunly beýleki kitaplar neşir edilip ugrapdyr. Soň ýerli kitap söwdagärleriniň, hususy çaphana eýeleriniň tagallalary bilen olaryň sany köpelipdir we bu işler Orta Aziýanyň beýleki şäherlerinde hem başlanypdyr. Ýöne, Daşkentdäki Türküstanyň baş Jemagat kitapha-

nasy ol metbugat eserlerini we şol döwürde ilat arasynda saklanyp galan ýa-da ýerli kitap dukanlarynda satylýan orta asyrlar döwrüniň gymmatly golýazma kitaplaryny öz gaznasynda saklaýan merkezi edara öwrülmändir. Tersine, täze rus harby baknaçy häkimiýeti ol ruhy gymmatlyklary Russiýanyň merkezi ylmy edaralaryna bermek boýunça yzygiderli meşgullanypdyr. Bu işde aýratyn hem Türküstanyň ilkinji general gubernatory K. P. fon Kaufman (1867––1882 ý.) tapawutlanypdyr. Ol 1866-njy ýylda Kokant hanlygyny eýelän mahaly onuň arhiwini we kitaphanasyny tutuşlygyna Russiýanyň Sankt-Peterburgdaky Döwlet Jemagat kitaphanasyna ýollapdyr. Şondan iki ýyl geçenden soň, bu general 1868-nji ýylda Samarkandy eýeläp, 1869-njy ýylyň 24-nji oktýabrynda bu şäherden zorluk bilen alnan dünýäniň ähli musulmanlarynyň mukaddes kitabyny – VII asyrda arap hatynyň kufi görnüşi bilen göçürilen Gurhany (ol «Osmanyň Gurhany» ady bilen hem bellidir) Peterburga ýollapdyr. Bu Gurhanyň gapdaly bilen Russiýanyň Halk Magaryf ministrine iberen hatynda K. P. fon Kaufman şeýle ýazypdyr: «Bibliografik nykdaýnazardan bu kitabyň dünýä ylmy üçin nähili ähmiýetiniň bolup biljekdiginden ugur alyp, Siziň Aly Jenabyňyzyň ygtyýaryna bu Gurhany ýetirmeklige howlukýaryn hem-de çyn ýürekden Siziň Merhemetli buýrugyňyz boýunça ony meniň adymdan imperiýanyň Jemagat kitaphanasyna bermegiňizi haýyş edýärin». Wakalaryň döwürdeşleri meşhur alymlar W. W. Bartoldyň, A. A. Semýonowyň we beýlekileriň şaýatlyk etmeklerine görä, bu general başga-da köpsanly golýazmalary Russiýanyň ady tutulan kitaphanasyna iberipdir, olar onuň gaznasynda «Kaufmanyň edebiýat toplumy» ady bilen aýratyn saklanyp gelipdir. Şeýle-de ol gymmatly golýazmalary Peterburgyň Aziýa Muzeýine, Russiýanyň YA-nyň kitaphanasyna hem ýollapdyr.

Orta Aziýa halklarynyň taryhyny, edebiýatyny, medeni durmuşyny öwrenmek maksady bilen, bu sebite gysga wagtlaýyn gelen rus alymlary özleri bilen köpsanly golýazmalary alyp gidipdirler. Peterburg uniwersitetiniň Gündogar dilleri fakultetiniň we bu şäheriň Aziýa muzeýiniň gönüden-göni serişde goýbermegi, tabşyrygy boýunça alymlar Orta Aziýadan golýazmalary toplamak üçin ýörite sapara hem iberlipdir. 1915-nji ýylda bu iş üçin Orta Aziýa iberilen eýranşynas W. A. Iwanow arap, pars we türki dillerindäki kitaplaryň 1057 sany-

syny toplapdyr. Olar ýerli bazarlardan, kitap söwdagärlerinden, Buhara medresesiniň kitaphanasyndan satyn almak ýoly bilen ele salnypdyr. Orta Aziýadan alnyp gidilen gymmatlyklaryň hasabyna XIX asyryň ahyrynda Peterburg şäheriniň Aziýa muzeýi we Döwlet Jemagat kitaphanasy özleriniň gaznalarynda saklanýan golýazma kitaplarynyň baýlygy boýunça dünýäde öňdäki ýerleriň birini eýeläpdir.

Şol döwürde gymmatly golýazmalar we neşir edilen kitaplar diňe bir Russiýanyň ylmy edaralaryna däl, eýsem Ýewropa ýurtlaryna hem äkidilipdir. Britan Muzeýi (1972-nji ýyldan soň Britan kitaphanasy) Buharada ýerli bilimli-sowatly golýazma kitaplary oňat bilýän adamy hakyna tutma işe alyp, gerek bolan pul serişdeleri bilen üpjün edip, onuň üsti bilen Orta Aziýanyň uly şäherleriniň kitap bazarlaryndan gymmatly golýazmalary öz gaznasyna alyp gelipdir. Bu barada arheolog we gündogarşynas W. L. Býatkiniň (1869–1932 ý.) 1903-nji ýylda Samarkantdan W. W. Bartolda ýazan hatynda şeýle diýilýär: «Mahmyt ibn Emir Weliniň «Bahr al abra» (Dindarlaryň dünýäsi) atly kitaby barada birinji gezek eşidýärin. Eger bu eser soňky 5–6 ýylyň dowmynda Londona baryp düşen bolsa, onuň Buharadan we hanyň kitaphanasyndandygyny aňmak mümkin. Buharada ähli ýere uzadan eli ýetýän mekir Mürze Salyh ýaşaýar. Ol golýazmalary, gadymy gymmatlyklary satyn almak boýunça Britan muzeýiniň bu ýerdäki işgäri. Ol gizlin ýagdaýda Owganystanyň kitaphanasyndan we oňa ýakyn durýan adamlardan hem golýazmalary satyn alýar. Eger men ýalňyşmaýan bolsam, ady tutulan awtoryň beýleki eserlerini hem Londonda okarsyňyz. Mürze Salyhyň bu ýylda Londona ibermekçi bolýan kitaplary barada indiki hatymda ýazaryn».

Nobatdaky hatynda W. A. Wýatkin şeýle maglumat beripdir: «Ol (Mürze Salyh) bize (meniň ýanymda bir sany samarkantly täjik hem bardy) öz toplan kitaplaryndan Abu Aly ibn Sinanyň «Kanonynyň» ajaýyp nusgasyny görkezdi. Ol awtoryň agtygynyň eli bilen galyň kagyza geň galdyryjy görnüşde owadan edilip göçürilipdir. Kitabyň içindäki sözbaşylary kufi harplary bilen, tekstleri aýratyn, megerem, zültfi hatyna meňzeş edilip ýazylypdyr. Listleriň tekstleriniň gyralary dürli ýapraklaryň, reňkleriň aýlawlary bilen owadan bezelipdir. Kitabyň ähli sahypalary birnäçe çarçuwa hatarly reňkler we altyn bilen jäheklenipdir». Şeýle ýagdaýda ülkäniň az sanly öz kitaphanalary

ol gymmatlyklary alyp bilmändir. Olary Daşkendiň Türküstan Jemagat kitaphanasy hem, ýerli rus harby häkimiýeti tarapyndan serişde goýberilmänligi üçin, öz gaznasynda jemläp bilmändir.

1917-nji ýyla çenli Aşgabatda medeniýetiň ösüşi belli derejede Daşkendiňkä meňzeş bolupdyr. «Aşgabadyň intelligensiýasy Türküstanyň beýleki şäherleriniň intelligensiýasyna garanyňda, Daşkent bilen has üstünlikli bäsleşýär; bu ýerde kitaphanany we muzeýi oňat gurnamak, üstesine-de, Samarkantdan hem öň, olar üçin ýörite bina gurmak başardypdyr» diýip akademik W. W. Bartold belläpdir. Daşkentde ýerli dilde arap elipbiýinde neşir edilen «Türküstan welaýatynyň gazeti» ýaly Aşgabatda hem «Zakaspi welaýatynyň gazeti» (onuň ady diňe pars dilinde «Ruzname-ýe Mawraý Bahri Hazar» görnüşinde berlipdir) neşir edilipdir. Rus dilinde kitap neşir etmek boýunça Aşgabat tutuş Orta Aziýada Daşkentden soň ikinji ýeri eýeläpdir.

1913-nji ýyla çenli Aşgabatda rus dilinde dürli mazmunly kitaplaryň azyndan 200-den gowragy çap edilipdir, olaryň mazmunlary Türkmenistan bilen baglanyşykly bolupdyr. Ýöne ol kitaplaryň diňe biri kitaphana gelip gowşupdyr. Ol Bernşteýniň (awtoryň ady we atasynyň ady bibliografik ýazgyda görkezilmändir) «Наставление к охранению людей от заболеваний холерой» (A., 1892, 17 c.) atly çaklaňja kitapçasy bolupdyr. Görkezijileriň ikinjisi kitaphanada saklanýan daşary ýurt halklarynyň dillerindäki kitaplara bagyşlanypdyr. Olar ýewropa halklarynyň 19-synyň dillerindäki (diňe iki sanysy siriýa we tibet dillerindäki) kitaplardan ybarat bolupdyr. Mazmunlary boýunça olaryň esasy bölegi Türkmenistan we Orta Aziýa bilen bagly hem bolmandyr.

1903–1910-njy we 1914–1917-nji ýyllarda degişlilike «Zakaspi ýygyndysy», «Zakaspi welaýatynyň gazeti» atly türkmen we pars dillerinde arap elipbiýinde Aşgabatda neşir edilen ilkinji türkmen döwürleýin neşirleri hem kitaphana gelip gowuşmandyr. Akademik A. N. Samoýlowiç (1880–1938 ý.) olaryň birinjisini görendigini we onda Abulgazynyň «Türkmenleriň nesil daragty» atly meşhur eseriniň neşir edilip başlanandygyny tassyklapdyr. «Zakaspi welaýatynyň gazetiniň» ýeke-täk nusgasy öňki SSSRiň W. I. Lenin adyndaky Döwlet kitaphanasynda saklanyp galypdyr. Onuň nusgasyny do-

lulygyna XX asyryň 80-nji ýyllarynda Türkmenistanyň YA-nyň Merkezi ylmy kitaphanasy öz gaznasyna alypdyr we okyjylar köpçüligine elýeterli edipdir. Bulardan başga-da Aşgabatda 1899–1917-nji ýyllar aralygynda dowamly we gysga wagtlaýyn rus dilinde neşir edilen 40-a golaý gazetlerdir žurnallar hem öz wagtynda, dolulygyna kitaphananyň gaznasyna alynmandyr. Olaryň belli bir bölegi soňky döwürlerde ýitirilipdir, galanlarynyň hökmany senzura nusgalarynyň Russiýanyň Sankt-Peterburgdaky Milli kitaphanasyna (öňki M. Ý. Saltykow-Şedrin adyndaky Jemagat kitaphanasyna) öz wagtynda gelip gowşandyklary üçin, saklanyp galypdyr.

Aşgabadyň welaýat Jemagat kitaphanasy 1802–1917-nji ýyllar aralygynda nusgawy şahyrlarymyzyň eserleriniň dürli ýurtlarda öz asyl nusgalarynda, ýagny arap elipbiýinde iberilen 1500-e golaý neşirlerini öz gaznasyna almandyr. Şol döwürde onuň işgärlerinden bu meselä düşünýänleri hem bolmandyr. Şeýlelikde, bu kitaphana 1917-nji ýyla çenli ýerli häkimiýetiň aladasy bilen ýaşapdyr we oňa hyzmat edip gelipdir. 1917-nji ýylda Russiýada döwlet agdarylyşygy bolup geçenden soň, täze döredilen SSSR döwletiniň düzümine beýleki milli respublikalaryň hatarynda gireninden soň, ol Türkmenistan Sowet Sosialistik respublikasynyň medeni edarasyna öwrülipdir.

## KABUL EDILEN GYSGALTMALARYŇ DOLY ÝAZYLYŞY

| | |
|---|---|
| **Türkmen dilinde** | |
| A | Aşgabat, Ашгабат, Асхабад |
| TA | Türkmen arhiwi |
| **Rus dilinde** | |
| ВДИ | Вестник древней истории |
| Library Library Library Library ЗВОРАО | Записки Восточного отделения Русского Археологического общества |
| Л | Ленинград |
| М | Москва |
| Сб | Сборник |
| СВ | Советское востоковедение |
| СПб | Санкт-Петербург |
| СЭ | Советская этнография |
| ЮТАКЭ | Южно-Туркменистанская археологическая комплексная экспедиция |
| **Daşary ýurt dillerinde** | |
| AJSLL | American Journal of Semitic Languages and Literatures |
| BSOAS | Bulletin of the School of Oriental and African Studies |
| CHI | The Cambridge History of Iran |
| EW | East and West |
| IC | Islamic Culture |
| JAC | Journal of Asian Civilizations |
| JRAS | Journal of the Royal Asiatic Society |
| JUP | Journal of the University of Peshawar |
| QL | Qvarterly Library |
| MW | Muslim World |

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

### Türkmen dilinde


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. Aşgabat, 2015.
2. *Aufy.* M Naýbaşy danalar («Lubabul el-bab»). Aşgabat, 2017. 1-nji j.
3. *Awesta* («Widewdat» – «Döwlere garşy kanun»). Rus we iňlis dillerinden türkmen diline terjime eden we sözbaşy ýazan t.y.d. A. Ýazberdiýew // TA. Ýörite neşir. 2007. Aşgabat, 2007.
4. *Baýrammyradow Ş. B.* Beýik türkmen alymy Abu Bekr as Sulynyň edebi mirasy // Türkmenistanda ylym we tehnika. 2013. № 6.
5. *Ekäýew O.* Türkmenistanyň taryhy. X–XV asyrlar. Orta mekdepleriň VIII synpy üçin okuw kitaby. Aşgabat, 2016.
6. *Ekäýew O., Gündogdyýew Ö.* Mary Gündogaryň göwheri. Aşgabat, 2012.
7. *Ibn al Esir.* Kämil taryh. Aşgabat, 2005. 2-nji t.
8. *Ibn al Esir.* Kämil taryh. Aşgabat, 2005. 3-nji t.
9. *Ilmämmedow R.* Mahmyt Zamahşarynyň «Mukaddymet ul-edep» eseri we onuň Şuşter nusgasy // Mahmyt Zamahşary we Gündogaryň ylmy-edebi galkynyşy. Aşgabat; Daşoguz, 2007.
10. *Janbekow K.* Ötgür söz ussady // Reşideddin Watwat. Resmi hatlar. Aşgabat, 2004.
11. *Rawendi.* Göwünleriň rahady–şatlyklaryň ganaty. Aşgabat, 2004. 1-nji j.
12. *Халымов Н.* Гадымы Ургенже сыяхат. Aşgabat, 1986.
13. *Ýazberdiýew A.* Abu Reýhan Biruni we onuň kitaphanasy // Türkmenistanda ylym we tehnika. 2016. № 3.

14. *Ýazberdiýew A.* Beýik Seljuk soltanlarynyň weziri Nyzamalmülk we onuň döreden medreseleri hem kitaphanalary // TA. Aşgabat, 2009.

15. *Ýazberdiýew A.* Beýik Seljuk soltany Togrul beg türkmen we musulman kitaphanalary // Miras. 2005. № 3.

16. *Ýazberdiýew A.* Gürgenç – orta asyrlar döwrüniň ylmy we medeni merkezidir. Aşgabat, 2017. (Türkmen, iňlis, rus we pars dillerinde).

17. *Ýazberdiýew A.* Köneürgenjiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary // TA. 2008.

18. *Ýazberdiýew A.* Köneürgenjiň orta asyr kitaphanalary // Miras. 2006. № 1.

19. *Ýazberdiýew A.* Merwiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary we olary esaslandyryjylar. Aşgabat, 2015. (Türkmen, iňlis, rus we pars dillerinde).

20. *Ýazberdiýew A.* Horezmşa al Mamunyň akademiýasy // Garagum. 2006 № 9.

21. *Ýazberdiýew A.* Türkimenistan dünýä medeniýetiniň gadymy ojagydyr (Gadymy döwürden XIII asyra çenli ýazuw ulgamlary we kitaphanalary). Aşgabat, 2011.

### Rus dilinde

1. *Абдуллаев А. А.* Академия хорезмшаха Мамуна в Хорезме // Медицинский журнал. Узбекистан. 1971. № 8.

2. Авеста в русских переводах. (1861–1996 г. г.). СПб., 1997.

3. *Агаджанов С. Г.* Государство Сельджукидов и Средняя Азия в XI–XII вв. – М., 1991.

4. *Ал-Истахри.* Извлечения из «Китаб месалик ал-мемалик» // МИТТ. Т. 1.

5. *Ал-Хусаини.* Зубдат ат-таварих (Сливки летописей). – М., 1980.

6. *Ан-Насави.* Жизнеописание султана Джалаладдина Манкбурны. – Баку, 1973.

7. Архив В. В. Бартольда //Архив АН РФ. Ф. 68. Оп. 2. Ед. хр. 55.
8. *Бакиева О.* Древний Ургенч в упоминаниях китайской хроники. // Возрождение, 2007. № 8.
9. *Бартольд В. В.* Сочинения. Т. I. – М., 1963.
10. *Бартольд В. В.* Сочинения. Т. II. Ч. 1. – М., 1963.
11. *Бартольд В. В.* Сочинения. Т. II. Ч. 2. – М., 1964.
12. *Бартольд В. В.* Сочинения. Т. III. – М., 1965.
13. *Бартольд В. В.* Сочинения. Т. VI. – М., 1966.
14. *Бартольд В. В.* Сочинения. Т. VII. – М., 1971.
15. *Бартольд В. В.* Сочинения. Т. IX. – М., 1977.
16. *Байхаки.* История Мас‘уда (1030–1041 г. г.). – М., 1969.
17. *Бертельс Е. Э.* Избр. труды. [Т.1]. – М., 1960.
18. *Бертельс Е. Э.* Предисловие // Калила и Димна. – М., 1957.
19. *Бируни.* Избр.произведения. Ташкент, 1957–1987. Т. I–VII.
20. *Брагинский И. С.* Из истории персидской и таджикской литератур. – М., 1972.
21. *Булгаков П. Г.* Жизнь и труды Бируни. Ташкент, 1972.
22. *Булгаков П. Г., Вахабова Б. А.* Средневековые ученые из Мерва // Тр. ЮТАКЭ. Т. XVI. А., 1978.
23. *Буниятов З. М.* Государство Хорезмшахов-Ануштегинидов (1097–1231 г. г.). – М., 1986.
24. *Воробьева М. Г.* Проблема «Большого Хорезма» и археология // Этнография и археология Средней Азии. Сб. М., 1979.
25. *Дьяконов И. М.* Восточный Иран до Кира. (К возможности новых постановок вопроса) // История Иранского государства и культуры. К 2500-летию Иранского государства. М., 1971.
26. *Жуков В. Д.* Изучение пригорода Нисы в 1946 году // Тр. ЮТАКЭ. Т. I.
27. *Жуковский В. А.* Развалины Старого Мерва. – СПб., 1894.

28. *Ибн ал-Асир.* Извлечения из «Ал-Камил фи-т-тарих» // МИТТ. Т. I.

29. Извлечения из сборника официальных документов «Инша» // МИТТ. Т. I.

30. *Исфахани.* Извлечения из «Нусрат ал-фатра ва усрат ал-фитра» // МИТТ. Т. I.

31. *Камолиддин Ш. С.* К биографии Ибн ан Надима // Ўзбекистон ўрта асрларда: тарих ва маданият. Ташкент, 2003.

32. *Крачковский И. Ю.* Избранные сочинения. Т. I–VI. – М., Л.

33. Куняургенч – город мастеров. 2-е изд. доп. – Ашхабад, 2011.

34. *Массон М. Е.* Новые данные по древней истории Мерва (из работ ЮТАКЭ) // ВДИ. 1951. № 4.

35. Материалы по истории туркмен и Туркмении. Т. I. VII–XV вв. Арабские и персидские источники. – М., Л., 1939.

36. *Махмуд Кашгарлы.* Извлечения из «Диван лугат ат-тюрк» // МИТТ. Т. I.

37. *Мец А.* Мусульманский Ренессанс. – М., 1966.

38. *Мирхонд.* Извлечения из «Раузат ас-сафа» // МИТТ. Т. I.

39. *Насир-и Хусрау.* Сафар-намэ.(Книга путешествия). – М., Л., 1933.

40. Нершахи. История Бухары. Пер., комм. и примеч. Ш. С. Камолиддина. – Ташкент, 2011.

41. *Низам ал-Мульк.* Сиасет-намэ. – М., Л., 1949.

42. *Петров Б. Д.* Ибн Сина (Авиценна). – М., 1980.

43. *Пугаченкова Г. А.* Пути развития архитектуры Южного Туркменистана поры рабовладения и феодализма. – М., 1958.

44. *Самойлович А. Н.* Материалы по среднеазиатско-турецкой литературе. Хивинские придворные книгохранилища и книгопечатня // Изв. АН ТССР. Сер. общ. наук. 1981. №1. (Рукопись незавершенной работы опубликована А. Язбердиевым).

45. *Самойлович А.* По поводу издания Н. П. Остроумова «Светоч Ислама» // ЗВОРАО. 1908. Т. XVIII. Вып. IV.

46. Средневековые письменные источники о древнем Ургенче. Сост. М. А. Мамедов, Р. Г. Мурадова. – Ашхабад, 2000.

47. *Струве В. В.* Родина Зороастризма // СВ. 1948. № 5.

48. *Талалакина О. И.* Исследователи культуры Востока о библиотеках Арабского халифата // Библиотековедение и библиография за рубежом. М., 1973. Вып. 56.

49. *Терновский В. М.* Ибн Сина. – М., 1969.

50. *Тимохин Д. М.* Соперник Чингиз-хана хорезмшах Джалаладдин Манкбурны личность и эпоха. – М., 2015.

51. *Толстов С. П.* Бируни и его время // Бируни. Сб.статей. М.; Л., 1950.

52. *Толстов С. П.* Бируни и его «Памятники минувших поколений» // Бируни. Избр. произведения. – Т. I. Ташкент, 1957.

53. *Толстов С. П.* Города огузов // СЭ. 1947. № 3.

54. *Толстов С. П.* Древний Хорезм. Опыт ист.-археол.исследования. – М., 1948.

55. *Толстов С. П.* Древности Верхнего Хорезма // ВДИ, 1941. № 1.

56. *Толстов С. П.* По следам древнехорезмийской цивилизации. М.; Л., 1948.

57. *Язбердиев А.* Академик В. В. Бартольд и Туркестанская государственная библиотека // Книга. Исслед. и материалы. М., 2013. Сб. 99. Вып. III–IV.

58. *Язбердиев А. Н.* Самойлович о дореволюционных хивинских книгохранилищах и книгопечатании // Изв. АН ТССР. Сер. общ. наук. 1981. №1.

59. *Язбердиев А.* Великий Седьджукский султан Тогрул бег и библиотеки арабского халифата // Книга. Исслед.и материалы. М., 2005. Сб. 84.

60. *Язбердиев А.* Издержки евроцентризма в оценке культурного наследия Востока // Книга. Исллед.и материалы. – М., 2015.

61. *Язбердиев А.* Книжное дело в древней Средней Азии (доисламский период). – А., 1995.

62. *Язбердиев А.* Письменные системы и библиотеки Туркменистана с древнейших времен до XIII века. – М., 2010.

63. *Язбердиев А.* Родоначальник третьей правящей династии Хорезма – Алтындаш // Miras, 2016. № 2.

64. *Язбердиев А.* Средневековые библиотеки Куняургенча // Книга. Исслед.и материалы. – М., 2008. Т. 88. Ч. II.

65. *Язбердиев А.* Старопечатные туркменские книги. Проблемы собирания, библиографирования и изучения. М., 2001.

66. *Якубовский А. Ю.* Развалины Ургенча // Изв. Гос. Академии истории материальной культуры. Л., 1930. Т. VI. Вып. II.

67. *Якут.* Извлечения из «Китаб му‘джам ал-булдан» // МИТТ. Т. 1.

68. *Халидов А. Б., Эрман В. Г.* Предисловие // Бируни. Избр. произведения. Ташкент, 1963. Т. II.

69. *Чалисова Н. Ю.* Рашид ад-Дин Ватват и его трактат «Сады волшебства в тонкостях поэзии // Рашид ад-Дин Ватват. Сады волшебства. М., 1985.

### Daşary ýurt dillerinde

عباس اقبال. وزارات در عهد سلاطین بزرگ سلجوقی از تاریخ تشکیل این سلسله تا مرگ سلطان سنجر (۴۳۲-۵۵۲).تهران، ۱۳۳۸.

نیلاب رحیمی، غلام فا روق. سیر تا ریخی کتا بخا نه ها در افغانستان.-کابل’ ۱۳۶۱

72. *Bosworth C. E.* The Political and Dynastic history of the Iranian World (1000–1217 ý.) // CHI. Cambridge, 1968. Vol. 5.

73. *Boyce M.* A History of Zoroastrianizm. Leiden-Köln,1975–1991. Vol I–III. (Vol. III with F.Grenet).

74. *Boyce M.* Zoroastrians.Their Religious Beliefs and Practices. London, 1979.

75. *Browne E. G.* A Literary History of Persia. Cambridge, 1977. Vol.II.

76. *Cadera D. F.* Origen del colegio Nidamí de Bagdad. Zaragoza. 1904.

77. *Gűndűz M.* Islämda kitap sevgisi ve ilk kűtűphaneler // Vakiflar dergisi. Sayi XI.

78. *Gunbur M.* Selçuklu devri Konya kűtűphanesi // Selçuk. Ankara, 1986. Sayi I.

79. *Erunsal I. E.* Medieval Ottoman libraries // Erdem. 1985. Vol.I. Num. 3.

80. *Haug M. and West E.W.* The Book of Arda Viraf. Pahlavi text prepared by Destur Hoshangji Jamaspji Asa, revised and collated with further manuscripts, with an English translation. Amsterdam, 1971.

81. *Ibn Khallikan.* Biographical dictionary. New York and London, 1842. Vol. I.

82. *Inayatullah Sh.* Bibliophilism in Medieval Islam // IC. 1938. Vol. XII. No. 2.

83. *Juvaini.* The history of the worldconqueror. Manchester, 1958. Vol. I.

84. *Johnson E. D.* A History of Libraries in the Western World. New York and London, 1965. (Kitabyň VI baby (P. 82–100) Wizantiýanyň we musulman ýurtlarynyň kitaphanalaryna bagyşlanypdyr).

85. *Kabir M.* Libraries and Akademies during the Buwayhid period–946 A. D. to 1055 A. D. // IC. 1959. Vol. 33.

86. *Khuda Bukhsh S.* The Renaissance of Islam // IC. 1930. Vol. IV.

87. *Lambton A. K.* The Internal structure of the Saljuk Empire // CHI. Cambridge,1968. Vol. 5.

88. *Leiser G.* Notes on the Madrasa in Medieval Islamic Society // MW. 1986.Vol. LXXVI. No. 1.

89. *Levi R.* The Nizamiya Madrasa at Baghdad // JRAS. 1928.

90. *Mackensen R. S.* Arabic books and Libraries in the umayyah period // QL. 1935–1936. Vol. LII. 1936–1937. Vol. LIII. 1937. Vol. LIV. 1939. Vol. LVI.

91. *Mackensen R. S.* Background of the history of Muslim libraries // AJSLL. 1934–1935. Vols. 51. 52.

92. *Mackensen R. S.* Four Great libraries of Medieval Baghdad // QL. 1932. Vol. II. No. 3.

93. *Makdisi G.* Muslim institutions of learning in eleventh-century Baghdad // BSOAS. 1961. Vol. XXIV. Pt. 1.

94. *Modi J. J.* Aleksandriýa and its library // EW. 1904. Vol. II. No. 36.

95. *Mayerhof M.* Science and Medicine // The Legacy of Islam.Oxford, 1947.

96. *Padover S. K.* Muslim libraries // The Medieval Library. By J. W. Thompson. New York and London. 1967.

97. *Pedersen J.* The Arabic book. New Jersi, 1984.

98. *Pinto O.* The Libraries of the Arabs during the time of the Abbasides // IC. 1929. Vol. 3.

99. *Qasimi M. A.* Libraries in the early Islamic World // JUP. 1958. Vol. 6.

100.*Ribera J.* Bibhliofilos y bibliotecas en la Espana musulmana // Ribera J. Disertaciones y opúsculos. Madrid, 1928.

101.*Sarton G.* Introduction to the History of Science. Vol. I. From Homer to Omar Hayyam. Baltimore, 1927. (Reprint in 1946 ý.).

102.The Fixrist of al Nadim. New York and London, 1970. Vol. I–II.

103.*Tiwabi A. L.* Origin and Character of al Madrasah // BSOAS, 1962. Vol. XXV. Pt. 2.

104.*Yazberdiyev A.* Eski Merw we kütüphaneleri. Ýaýina hazirlayanlar Tulin Ege, Ahmet Karataş. Ankara, 1998.

105.*Yazberdiyev A.* The Ancient Merw and its Libraries // JAC. 2000. Vol. XXII. Pt. 2.

106.*West E. W.* Pahlavi literature // Grundris der Iranischen Philologie. Absch. II. Literatur Geschichte und Kultur. Nr. III. Strassburg, 1886–1904.

107.*Zafar Nadvi S. A.* Libraries during the Muslim rule in India // IC. 1945. Vol. XIX. No. 4. Vol. XX. No. I.

# Mazmuny

Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I bap. Merwiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary**

**I. Merwiň taryhy, ylmy we medeni durmuşy barada gysgaça maglumat** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
1.1. Merwiň yslamdan öňki döwürlerdäki medeni durmuşy . . . . 10
1.2. Merwiň yslam döwründäki medeni durmuşy . . . . . . . . . . . . 14

**II. Merwiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary** . . . . . . . . . 16
2.1. «Amidiýe» kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16
2.2. «Nyzamiýe» kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
2.3. Şerep al Mülküň kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
2.4. Täç al Mülküň kitaphanasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24
2.5. Mejd al Mülküň kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26
2.6. «Eziziýe» kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 28
2.7. Şihabeddin as Samanynyň kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . 28
2.8. Ymam Abu Bekr as Samanynyň kitaphanasy. . . . . . . . . . . 29
2.9. «Kemaliýe» kitaphanasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
2.10. Hatuniýe kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
2.11. Dumaýriýe kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
2.12. Zamiriýe kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33
2.13. Abu Aly Hasan ibn Aly Kattan al Merweziniň kitaphanasy 33
2.14. Mähdi Yrak hatynyň kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33

**III. Sarahsyň orta asyrlar döwründäki kitaphanalary** . . . . . 35
3.1. Sarahsyň kitaphanalary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
3.2. Muhammet ibn Mansur as Serahsynyň kitaphanasy . . . . . . 36
3.3. Abu Seýit Abul Hayr Mäneliniň kitaphanasy . . . . . . . . . . . 36

**II bap. Gürgenjiň orta asyrlar döwrüniň kitaphanalary**

**I. Gürgenjiň taryhy, ylmy we medeni durmuşy barada gysgaça maglumat** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
1.1. Gürgenjiň yslamdan öňki döwürdäki medeni durmuşy . . . . 66
1.2. Gürgenjiň yslam döwründäki medeni durmuşy . . . . . . . . . . 70
1.3. Gurgenjiň orta asyrlar döwründäki kitaphanalary . . . . . . . . 71
1.4. Horezmşa al Mamun II-niň akademiýasy. . . . . . . . . . . . . . . 80
1.5. Abu Reýhan Biruni we onuň kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . 85
1.6. Muhammet ibn Mansur al Horezminiň kitaphanasy . . . . . . 85
1.7. Serkerdebaşy Altyndaş we onuň ogullarynyň döwründe syýasy ýagdaý hem medeniýet . . . . . . . . . . . . . . 85

**III bap. Beýik Horezmşalar – Anuşteginler nesilşalygy eýýamynda ylym we medeniýet**

3.1. Nesilbaşçy Anuştegin Garça. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
3.2. Muhammet I ibn Anuşteginiň döwründe ylym we medeniýet. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
3.3. Horezmşa Atsyzyň kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
3.4. Il Arslanyň döwründe ylym we medeniýet. . . . . . . . . . . . . 102
3.5. Soltan Tekeşiň kitaphanasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 103
3.6. Muhammet II-niň kitaphanasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 105
3.7. Soltan Jelaleddin Meňburny we medeni durmuş . . . . . . . . 109
3.8. Reşideddin Watwatyň kitaphanasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111
3.9. Wezir Nyzamalmülk Mesgut ibn Alynyň kitaphanasy . . . . 112
3.10. Şeýh Nejmeddin al Kubranyň kitaphanasy. . . . . . . . . . . . 114
3.11. Ymam Şyhabeddin al Horezminiň kitaphanasy . . . . . . . . 115
3.12. Beýik soltan Togrul begiň Bagdatdaky şäherçesi we Anuşteginler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 120
XVI–XIX asyrlarda Türkmenistanda kitaphanacylyk işi . . . . . 125
Kabul edilen gysgaltmalaryň doly ýazylyşy . . . . . . . . . . . . . . . 131
Peýdalanylan edebiýatlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132

Almaz Ýazberdiyew

# TÜRKMENISTANYŇ KITAPHANAÇYLYK IŞINIŇ TARYHY

*(VII asyrdan 1917-nji ýyla çenli döwür)*

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Muhadow* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *I. Zasarinnaýa* |
| Neşir üçin jogapkär | *O. Ýazmyradowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 14.12.2018.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Şertli çap listi 9,0. Şertli-reňkli ottiski 26,25.
Hasap-neşir listi 8,25. Çap listi 9,0. Sargyt № 2413. Sany 300.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.